# TÜRKMENISTANYŇ MAÝA GOÝUM ÝOLGÖRKEZIJISI





# GIRIŞ

Türkmenistan Merkezi Aziýa sebitinde geografiýa taýdan amatly ýerleşýän, tebigy serişdelere baý, ösen önümçilik düzümine, köp ugurly ulag-kommunikasiýa ulgamyna hem-de örän uly adam mümkinçiliklerine eýe bolan döwletdir. Türkmenistan 1991-nji ýylda döwlet Garaşsyzlygyna hem-de 1995-nji we 2015-nji ýyllarda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamalary bilen ykrar edilen Bitaraplyk hukuk derejesine iki gezek eýe boldy.

Häzirki wagtda Türkmenistan häzirki zaman tehnikasynyň hem-de iň täze tehnologiýalaryň peýdalanylmagyna, innowasiýa häsiýetli önümçilik düzümleriniň kemala getirilmegine, ýurduň dünýä ykdysady ulgamyna çuňňur goşulyşmagyna, halkara hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegine we maýa goýum işiniň işjeňleşdirilmegine gönükdirilen ykdysady özgertmeleri durmuşa geçirýär. Öz nobatynda, munuň özi uzak möhleti nazarlaýan durnukly ösüşiň ygtybarly binýadyny döretmäge ýardam berer.

Ýurdumyzda ösen bazar düzümleri bolan, Türkmen döwletiniň ykdysady hem-de syýasy garaşsyzlygyny kepillendirýän ýokary netijeli, durmuş ugurly ykdysadyýetiň döredilmegine tarap alnan ugur dowam etdirilýär. Bu maksatlara ýetmek üçin Türkmenistan ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümlerini gaýtadan gurmaga we halkara söwdasyna işjeň gatnaşmaga gönükdirilen anyk çäreleri görýär.

Makroykdysady durnuklylygy üpjün etmek, senagat, maýa goýum, durmuş syýasatyny durmuşa geçirmek, ilatyň ýokary abadançylyk derejesini üpjün etmek, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmak häzirki wagtda amala aşyrylýan özgertmeleriň strategik maksatlarydyr. Makroykdysady kadalaşdyrylmagyna esaslanýan durnukly ösüş modeline geçmek, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak hem-de ony bazar özgertmeleri ýoluna geçirmek, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, häzirki we geljekki nesilleriň zerurlyklaryny kanagatlandyrmagyň hatyrasyna durmuş-ykdysady wezipeleriň deňagramly çözgüdini tapmak ykdysadyýetiň wezipelerini durmuşa geçirmegiň aýgytlaýjy şertidir.

Şol bir wagtda Türkmenistanda amala aşyrylýan özgertmeler ykdysadyýete dünýä bazarynyň standartlarynyň ornaşdyrylmagyna, daşary ýurt maýasyny işjeň çekmek üçin iň amatly maýa goýum ýagdaýyň döredilme-






gine gönükdirilendir. Şu maksatlar bilen ýurduň maýa goýum abraýynyň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Muňa syýasy we durmuş durnuklylygy, ykdysady ösüşiň ýokary depginleri, oýlanyşykly maliýe syýasatynyň geçirilmegi oňyn ýardam edýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýumlary goýmagyň özüne çekijiligini ýokarlandyrmak maksady bilen, maýadarlaryň hukuklaryny goramak babatynda halkara talaplary hasaba almak arkaly, maýa goýum işiniň kanunçylyk binýady yzygiderli kämilleşdirilýär, degişli düzümler ösdürilýär.

«Açyk gapylar» syýasaty ýurduň ýokary maýa goýum özüne çekijiligini











artdyrýar, Türkmenistany ygtybarly hyzmatdaşa öwürýär hem-de milli ykdysadyýetiň ösdürilmegi üçin daşary ýurt maýalarynyň çekilmegine ýardam berýär. Häzirki wagtda halkara ykdysady gatnaşyklary has işjeň ösdürmek üçin ýurdumyzda ähli mümkinçilikler bar. Türkmenistan bähbitleriň deň tutulmagy esasynda, has takygy, deňhukuklylyk we özara bähbitlilik, milli bähbitleriň üýtgewsiz berjaý edilmegi hem-de öz üstüne alnan borçnamalaryň ýerine ýetirilmegi şertlerinde işleşmäge taýýar hyzmatdaşlaryň hemmesini geljegi uly türkmen bazaryna işlemäge çagyrýar.







# 1. TÜRKMENISTAN – GARAŞSYZ, BITARAP DÖWLET

## 1. 1. Döwlet nyşanlary

Türkmenistanyň Döwlet tugrasy, Türkmenistanyň Döwlet baýdagy Türkmenistanyň döwlet nyşanlarydyr.





## 1. 2. Geografiýa taýdan ýerleşişi

Türkmenistan Merkezi Aziýada ýerleşýär. Demirgazykda we demirgazyk-gündogarda Gazagystan hem-de Özbegistan bilen, günortada we günorta-gündogarda Eýran we Owganystan bilen serhetleşýär, ýurduň günbatar tarapyny Hazar deňzi tutýar.

Türkmenistanyň tutýan meýdany 491,21 müň inedördül kilometre deňdir. Ýurduň çägi günbatardan gündogara tarap 1100 kilometre hem-de demirgazykdan günorta tarapa 650 kilometre uzaýar.

Türkmenistanyň çäginiň demirgazyk we merkezi böleklerini Turan düzlüginiň – Merkezi, Üňüzaňyrsy hem-de Günorta-Gündogar Garagum sährasy eýeleýär. Ýurduň günorta we günorta-gündogar tarapyny daglyklar eýeleýär. Iň beýik nokat Köýtendagda (3139 metr) ýerleşýär. Iň pes nokat (81 metr) –Akjagaýa çöketligi.

Türkmenistan Ýewraziýa ýollarynyň çatrygynda ýerleşýär, taryhda ýurduň çäklerinde iň gadymy söwda ýollary kesişipdir, Beýik Ýüpek ýoly olaryň biridir.

## 1. 3. Howasy

Türkmenistanyň howasy kenar-ýaka zolakdan başga ýerlerde kontinental häsiýete eýedir.

Tutuş ýurt boýunça howanyň ortaça ýylylyk temperaturasy ýokarydyr hem-de düzlük böleginde demirgazykda 11-16°C-dan günorta-gündogarynda 15-19°C-a çenli üýtgäp durýar. Ýanwar iň sowuk aýdyr. Mart aýynda howanyň temperaturasy gündiz ortaça +12°C-a, aprel aýynda +18°C-a ýetýär, maý aýynda bolsa howa +24°C-a çenli gyzmak bilen tomusdaky derejä ýetýär. Hatda



aprel aýynda hem howanyň temperaturasy has gyzyp, +40°C-a çenli ýetýän wagty bolýar.

Tomsuna ýurduň düzlük çäklerinde örän yssy we gurak bolýar (iýul aýynda ortaça temperatura +29°C-dan geçýär).

Ýagyş-ýagmyryň orta ýyllyk mukdary 106 mm-den (Garabogazköl aýlagy) daglyk ýerlerde we dag eteklerinde 440 mm-e çenli ýetýär.

Günorta-gündogar sebitlerde hem-de Garagum sährasynda iýun-oktýabr aýlarynda ýagyş-ýagmyr örän seýrek ýagdaýdyr.

## 1. 4. Ilaty

Türkmenistan köpmilletli döwletdir. Ýurtda 60-dan gowrak milletiň we halkyýetiň wekilleri ýaşaýar. Türkmenler ýurduň ilatynyň esasy bölegini (86,7%) tutýar. Türkmenistanda özbekleriň (9,1%) hem-de ruslaryň (1,6%) uly kowçumlary ýaşaýar, beýleki milletler ilatyň 2,6%-ne deňdir. Ýurtda beýleki milletlerden azerbaýjanlar, gazaklar, tatarlar, ermeniler, lezginler, uýgurlar, buluçlar, kürtler we beýlekiler ýaşaýar. Türkmenler antropologiýa keşbi boýunça günorta ýewropeidleriň zakaspiý jyns görnüşine degişlidir.

2022-nji ýylyň 17-nji dekabrynda geçirilen uçdantutma ilat we ýaşaýyş jaý gorunyň ýazgysynyň jemleri boýunça Türkmenistanyň ilatynyň sany



7 million 57 müň 841 adama deňdir. Ýazuw maglumatlaryna görä, ýurduň ilatynyň 22,9%-i Mary welaýatynyň paýyna düşýär, bu görkeziji Daşoguz welaýatynda 22%, Lebap welaýatynda 20,5%, Aşgabat şäherinde 14,6%, Ahal welaýatynda 12,5% we Balkan welaýatynda 7,5%-e deňdir. Ilatyň 50%-e golaýy erkek adamlar hemde 50%-e golaýy aýal-gyzlardyr. Şäher ilaty 47,1% we oba ilaty bolsa 52,9%-e deňdir.

## 1. 5. Döwlet dili

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda türkmen dili döwlet dilidir. Türkmenistanyň ähli raýatlaryna ene dilinden peýdalanmaga hukuk kepillendirilýär. Türkmen dili dünýäniň iň gadymy dilleriniň biri bolup, günorta-günbatar toparyň türki dillerine girýär. Bu topara şeýle hem türk, özbek, gazak, azerbaýjan, gökoguz dilleri degişlidir. Ýazuwda latyn elipbiýi peýdalanylýar.

## 1. 6. Dini

Esasy din yslam dinidir. Ähli welaýatlarda metjitler hereket edýär, olaryň iň irileri Aşgabatda, Gökdepede we Gypjakda ýerleşýär. Metjitler bilen bir hatarda ýurtda beýleki dinlere degişli buthanalar we ybadathanalar hem bar.

Konstitusiýa laýyklykda Türkmenistan dünýewi döwletdir. Döwlet dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanunyň öňünde deňligini kepillendirýär. Dini guramalar döwletden aýrydyr, olaryň döwletiň işine gatyşmagyna we döwletiň wezipelerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýär. Döwletiň bilim ulgamy dini guramalardan aýrydyr we ol dünýewi häsiýete eýedir.

## 1. 7. Milli pul birligi

Manat ýurduň pul birligidir, ol 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda dolanyşyga girizildi.







## 1. 8. Döwlet gurluşy

Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwlet bolup, onda döwlet dolandyryşy prezident respublikasy görnüşinde amala aşyrylýar.

2022-nji ýylyň 12-nji martynda Serdar Berdimuhamedow ählihalk saýlawlarynyň ses berilmegi netijesinde Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanyldy.









Döwlet Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny, çäk bitewüligini, konstitusion gurluşyny goraýar, kanunylygy we hukuk tertibini üpjün edýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy döwletiň Esasy kanunydyr. Türkmenistanda döwlet häkimiýeti kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýetlerine bölünýär, olar biri-birini deňagramlaşdyryp, özbaşdak hereket edýärler.

Türkmenistanyň özygtyýarlylygy halk tarapyndan amala aşyrylýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr.

Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik Bitaraplyk, güýç ulanmakdan hem-de harby bileleşiklere gatnaşmakdan ýüz döndermek, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ykrar etmek, sebitiň ýurtlary hem-de ähli döwletler bilen parahatçylykly, dostlukly hem-de özara bähbitli gatnaşyklaryň ösdürilmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär.

Türkmenistan dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilen we 1995-nji ýylyň 27-nji dekabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Konstitusion Kanunyň esasynda berkidilen hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýedir.





2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry Halkara bitaraplyk güni diýip yglan etmek hakynda Kararnama biragyzdan kabul edildi. Munuň özi biziň Watanymyzyň dünýä giňişligindäki belent abraýynyň hem-de ýurdumyzyň sebit we ählumumy parahatçylygyň, howpsuzlygyň hem-de durnukly ösüşiň üpjün edilmegine goşýan uly goşandyna ählumumy ykrarnamasynyň ýene bir aýdyň subutnamasydyr.

**Türkmenistanda ýokary döwlet häkimiýetini we döwlet dolandyryşyny** Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we Ýokary kazyýeti amala aşyrýarlar.

**Türkmenistanyň Prezidenti döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň** baştutanydyr, Türkmenistanyň iň ýokary wezipeli adamydyr, Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygynyň we hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň, çäk bitewüliginiň, Konstitusiýany, adamyň we raýatyň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny berjaý etmegiň we halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmegiň kepili hökmünde çykyş edýär. Prezident Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysydyr.

**Türkmenistanyň Ministrler Kabineti (Hökümeti)** ýerine ýetiriji we buýruk çykaryjy edaradyr. Türkmenistanyň Prezidenti Ministrler Kabinetiniň Başlygydyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy we kanunlary bilen bellenilen tertipde ýerli wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralar ýerlerde döwlet häkimiýetini amala aşyrýarlar.

Welaýatlarda, şäherlerde we etraplarda häkimlikler ýerine ýetiriji häkimiýeti amala aşyrýarlar.

**Halk Maslahaty** Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hem-de «Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Konstitusion kanuna laýyklykda hemişelik hereket edýän





ýokary wekilçilikli edaradyr. Döwlet ähmiýetli meseleleri çözmäge, ýurdumyzda durmuşa geçirilýän özgertmeleriň we durmuş-ykdysady maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine halk köpçüligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak, maslahatlary bermek, halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, jebisligini, asudalygyny, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň täze döwürde beýik özgerişler ýoly bilen depginli ösmegine, has-da kuwwatlanmagyna ýardam bermek, hyzmat etmek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipeleri bolup durýar.

Geňeşler şäherleriň, etraplaryň, şäherçeleriň we obalaryň çäklerinde ýerli öz-özüňi dolandyryş wezipelerini amala aşyrýan döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli edarasydyr.

Kazyýet häkimiýeti Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti we kanunda göz öňünde tutulan beýleki kazyýetler tarapyndan amala aşyrylýar.

## 1. 9. Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary

**Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi** Türkmenistanyň daşary syýasat işini amala aşyrýan hem-de ýurduň diplomatik gullugy ulgamy-







na ýolbaşçylyk edýän merkezi ýerine ýetiriji edaradyr.

**Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi** ýurduň esasy maliýe we ykdysady edarasydyr.

Ministrlik ykdysady syýasatyň hem-de bu ulgamda kadalaşdyryjy – hukuk düzgünleşdirmegiň esasy ugurlary boýunça teklipleri işläp taýýarlamagy hem-de ýurduň Hökümetiniň çözgütlerini durmuşa geçirmegi amala aşyrýar.

Ministrlik maliýe syýasatyny alyp barýar hem-de býujet, salgyt, ätiýaçlandyryş we auditor ulgamlarynda kadalaşdyryjy hukuk binýadyny emele getirýär, şeýle hem ýurduň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini üpjün edýän kadalaşdyrmagyň netijeli usullaryny işläp taýýarlaýar.

Türkmenistanyň **bank ulgamy** Merkezi banky hem-de Türkmenistanyň beýleki karz edaralaryny öz içine alýar.

Türkmenistanyň **Merkezi banky** bitewi döwlet pul – karz syýasatynyň geçirilmegini, nagt pul dolanyşygyny guramagy, hasaplaýyş – töleg ulgamynyň kadaly işlemegini üpjün edýär.

**Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy** ýurduň gümrük syýasatynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän edaradyr.

Gümrük gullugy Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygyny goramagy üpjün etmek, gümrük – nyrh guralyny işläp taýýarlamak we ulanmak, harytlaryň ýurduň çägine getirilmegine we çykarylmagyna rugsat berýän ulgamyň kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik boýunça wezipeleri ýerine ýetirýär.

**Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi** söwda, daşary ykdysady gatnaşyklar hem-de alyjylar kooperasiýasy ulgamynda döwlet dolandyryş edarasydyr.

Ministrlik Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda halkara şertnamalaryna hem-de ylalaşyklaryna laýyklykda daşary bazarda döwletiň bähbidiniň berjaý edilmegini üpjün edýär.

Bazarlarda harytlaryň, önümleriň bolçulygyny we hyzmatlaryň görnüşlerini giňeltmek hem-de ýokary hilini üpjün etmek, söwda hyzmatynyň we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalarynyň işleriniň guralyşyny kämilleşdirmek, lomaý-bölek we kooperatiw söwdany guramak hem-de ösdürmek, harytlary, önümleri we önümçilik-tehniki maksatly çig maly satyn almak, halkara şertnamalaryna laýyklykda daşary bazarda döwletiň bähbitlerini goramak ministrligiň esasy wezipesidir.

**Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy (TSSE)** milli ykdy-


AŞGABAT





sadyýetiň ösüşine, ýurduň dünýä hojalyk ulgamyna goşulyşmagyna, häzirki zaman senagat, maliýe hem-de söwda düzüminiň kemala gelmegine, telekeçilik işini alyp barmak üçin amatly şertleriň döredilmegine, şol sanda ýurduň önüm öndürijileriniň we harytlary hem-de hyzmatlary eksport edijilere daşary ykdysady işi amala aşyrmaga ýardam berýär.

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy ýurdumyzda we daşary ýurtlarda guralýan halkara maslahatlarynyň hem-de sergi çäreleriniň utgaşdyryjysydyr.

**Türkmenistanyň Döwlet harytçig mal biržasy** Türkmenistanyň lomaý bazarynyň esasy guramaçylyk düzümidir, ol öz ýöriteleşdiriliş derejesi boýunça köpugurly edaradyr hem-de birža söwdalaryny guraýar, şeýle hem şertnamalary bellige alýar.

Önümleri, çig mal serişdelerini hem-de ýurdumyzda öndürilýän harytlary daşary bazarlara ibermek bilen meşgullanýan Türkmenistanyň





ministrlikleri, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, kärhanalary we guramalary, şeýle hem raýatlary Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy tarapyndan guralýan söwdalara gatnaşýarlar.

## 1. 10. Dolandyryş-çäk bölünişi

Türkmenistanyň dolandyryş-çäk gurluşy bäş welaýatdan (Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary) hem-de Aşgabat we Arkadag şäherlerinden ybaratdyr. Olaryň her biri öz nobatynda etraplara bölünýär.

Türkmenistanda 37 etrap, paýtagty Aşgabat şäheri, 1 aýratyn hukukly – döwlet ähmiýetli şäher, 42 etraplardaky şäher, 6 etrap hukukly şäher, 7 şäherdäki etrap, 70 şäherçe, 461 geňeşlik (oba munisipial düzümleri) hem-de 1691 oba ilatly nokatlary bar. Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat hem-de döwlet ähmiýetli Arkadag şäherinden başga ähli şäherler öz ýerleşýän çäklerindäki welaýatlaryň garamagyna degişlidir.

**Aşgabat şäheri** ýurduň paýtagty hem-de iň iri işewürlik, dolandyryş-syýasy merkezidir, onda köpugurly önümçilik-söwda, ulag hem-de ylym-bilim edaralary ýerleşýär. Şäher 1881-nji ýylda esaslandyrylypdyr hem-de Köpetdagyň eteginde ýerleşýär. Häzirki wagtda paýtagt şäher ýokary depginler bilen durnukly ösýär, ilatyň girdejileriniň we durmuşynyň ýokary derejesini üpjün edýär.

Ýurduň paýtagty dolandyryş – hukuk derejesi boýunça welaýat bilen deňleşdirilendir hem-de dört – Köpetdag, Bagtyýarlyk, Berkararlyk, Büzmeýin etraplaryna bölünýär.

Paýtagtyň binagärlik keşbi, onuň köşk toplumlary, belent binalary öz içine alýan ýaşaýyş toplumlary, giň şaýollary hem-de meýdançalary türkmen halkynyň agzybirliginiň we jebisliginiň, ata-babalarymyzyň şöhratly ýörelgelerine wepalylygynyň hem-de röwşen geljege tarap okgunly hereketiniň nyşany bolup hyzmat edýär. Kemala gelýän iri şäheriň – megapolisiň keşbi tanalmaz derejede özgerýär hem-de onuň çäkleri giňelýär, ol dünýäniň iň gözel hem-de ýaşamak üçin amatly şäherleriniň hatarynda mynasyp orun eýeleýär.

Aşgabadyň keşbi ýyl-ýyldan özgerýär, täze ajaýyp binalary we desgalary bilen haýran galdyrýar, olaryň ençemesi Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi.

Aşgabadyň ykdysadyýeti elektroenergetika, dokma, azyk senagaty, gurluşyk materiallar senagaty, gurluşyk, ulag we aragatnaşyk ulgamlary, durmuş ulgamynyň düzümleri ýaly kärhanalardan we guramalardan ybaratdyr. Şäheriň okgunly önümçilik we durmuş



ösüşi maýa goýumlarynyň ýokary derejesine hem-de önümçiligiň ýokary depginleriniň saklanmagyna esaslanýar, munuň özi paýtagtyň önümçilik we durmuş düzümini döwrebaplaşdyrmaga, giň gerimli özgertmeleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýär.

**Arkadag şäheri**

2023-nji ýylyň 29-njy iýunynda döwlet ähmiýetli täze Arkadag şäheriniň açylmagy mynasybetli guralan giň gerimli dabaralar 2023-nji ýylyň esasy taryhy wakalarynyň biri boldy. Täze şäher – innowasiýa häsiýetli «smart – siti» görnüşli şäheriň ajaýyp nusgasydyr, onuň durmuş ulgamyna sanly, maglumat – kommunikasiýa hem-de «ýaşyl» tehnologiýalar ornaşdyrylandyr. Bu ýerde milli binagärligiň iň gowy ýörelgeleri hem-de binagärlik we dizaýn ulgamynyň häzirki zaman meýilleri sazlaşykly utgaşýar. Halkara standartlaryna, şol sanda tebigaty goraýyş ulgamynda bildirilýän talaplara laýyk gelýän toplumlaýyn düzümiň döredilmegi ýaşaýjylar üçin iň amatly şertleri üpjün edýär.

Bu şäheriň gurluşygynda ekologiýa ýaly möhüm ugra aýratyn üns berlen, hususan-da, binalaryň we desgalaryň gurluşygynda ekologiýa taýdan arassa serişdeler peýdalanyldy. Muňa Arkadag şäherine «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy sebitinde innowasiýa çözgütleri özünde





jemleýän durnukly, ýaşyl, amatly howa şertli şäherleriň ösüşi» taslamasyna goşulandygy baradaky sertifikatyň berilmegi hem şaýatlyk edýär.

Dünýä standartlaryna laýyk gelýän ýol-ulag düzümi dünýä bileleşiginiň wekillerinde uly gyzyklanma döretdi. Giň şaýollar, köçeler hem-de halkalaýyn aýrytlar yşyklandyryşyň, wideogözegçiligiň hem-de dolandyryşyň häzirki zaman ulgamlary, hususan-da, Intelligent Tansportation System (ITS) bilen enjamlaşdyrylandyr. Degişli ýol görkezijileriniň gurnalmagyna oýlanyşykly çemeleşilipdir. Bularyň ähli si ýol hereketiniň maglumatlylygyny, howpsuzlygyny hem-de netijeliligini ýokarlandyrmaga we, umuman, ýol hereketine gatnaşyjylaryň ählisiniň – sürüjileriň, ýolagçylaryň hem-de pyýadalaryň özara gatnaşygyny sazlaşdyrmaga ýardam berýär. Intellektual tehnologiýalar bilen üpjün edilen «akylly» ýollaryň ornaşdyrylmagy









ITS-iň esasy wezipesidir. Täze, döwrebap elektrobuslar we elektromobil taksiler Arkadag şäheriniň ýaşaýjylary we myhmanlary üçin ýokary hilli we medeniýetli hyzmaty üpjün edýär. «Akylly» awtomobil duralgalary hem-de elektroulag üçin zarýad beriji stansiýalar ýörite enjamlar we häzirki zaman maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary arkaly gözegçilik edilýär hem-de kadalaşdyrylýar. Arkadag şäheri dünýä we milli şähergurluşyk meýilleriniň iň täze we öňdebaryjy usullaryny özünde jemleýär, bu şäher dünýä şähergurluşyk hem-de inženerçilik-tehniki taglymatyň hem-de Türkmenistanda ýurduň innowasiýa häsiýetli hemmetaraplaýyn ösüşine, onuň ykdysady kuwwatynyň pugtalandyrylmagyna, halkyň durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini aýdyň subutnamasydyr.

**Ahal welaýaty** ýurduň merkezi böleginiň günortasynda, Eýran we Owganystan bilen serhetleşýän Köpetdagyň eteginde ýerleşýär. Onuň meýdany 96,16 müň inedördül kilometre (ýurduň umumy meýdanynyň 19,8 %-i) deňdir. Welaýatyň dolandyryş merkezi – Änew şäheri.

Welaýatyň ykdysadyýeti senagat-agrar häsiýetine eýedir. Senagat, şol sanda gaz, maşyngurluşyk, metally gaýtadan işlemek, ýeňil senagat, gurluşyk materiallary senagaty ýaly pudaklar ýokary depginlerde ösdürilýär. Ahal welaýaty tebigy gazyň gorlary hem-de onuň çykarylyşy boýunça ýurduň iri sebitleriniň biridir.

Şeýle hem bu welaýat ýurduň ösen oba hojalyk sebitleriniň hataryna girýär hem-de oba hojalyk pudagyny giňişleýin görnüşde ösdürmek üçin ähli şertlere eýedir. Welaýatyň ekerançylary özlerini hem-de Aşgabat şäherini azyk önümleri we gaýtadan işleýän kärhanalar üçin çig mal serişdeleri bilen üpjün edýär.

Öz tebigy-howa şertleri babatynda welaýat inçe süýümli pagtanyň iň gymmat görnüşlerini ösdürip ýetişdirmek üçin aýratyn amatly ekerançylyk zolagy bolup durýar. Mundan başga-da sebitde bugdaý, gök we bakja önümleri, üzüm we miweli agaçlar ösdürilip ýetişdirilýär. Däne öndürmek boýunça Ahal welaýaty ýurduň beýleki sebitleriniň arasynda öňdeligi eýeleýär. Bu ýerde ýer serişdeleriniň ýeterlik möçberiniň bolmagy hem-de Garagum derýasynyň suw mümkinçilikleriniň rejeli peýdalanylmagy oba hojalyk ekinleriniň dürli görnüşlerini ýetişdirmek üçin bölünip berilýän ekin meýdanlarynyň çäklerini has-da giňeltmäge mümkinçilik berýär. Maldarçylygy ösdürmek üçin hem uly mümkinçilikler bar.





Welaýatyň geografik taýdan amatly ýerleşmegi, ösen ulag we kommunikasiýa ulgamy, saglygy dikeldiş serişdeleriniň, täsin tebigy we taryhy ýadygärlikleriň bolmagy diňe bir önümçilik ulgamynda däl-de, hyzmatlar ulgamyny, şol sanda syýahatçylygy okgunly ösdürmäge ýardam berýär.

**Balkan welaýaty** ýurduň günbatarynda ýerleşýär. Welaýat iň giň meýdany eýeleýär (139,27 müň inedördül kilometr ýa-da Türkmenistanyň umumy meýdanynyň 28,4%-i). Welaýatyň dolandyryş merkezi – Balkanabat şäheri.

Balkan welaýaty senagat taýdan ýurduň has ösen welaýatydyr. Amatly tebigy-howa şertleri, geosyýasy taýdan amatly ýerleşmegi bilen bu sebit eksport ugurly önümleri öndürmekde hem-de hyzmatlar babatynda öňdäki orunlary eýeleýär. Örän baý mineral-çig mal serişdelerini gazyp almak hem-de gaýtadan işlemek boýunça bar bolan kuwwatlyklar welaýatyň ýurduň ykdysadyýetinde eýeleýän ornuny şertlendirýär, şol önümleriň aglaba bölegi eksport ugurlydyr, şeýle hem sebit netijeli ulag düzümine we syýahatçylyk mümkinçiliklerine eýedir.

Ýurduň günbatar welaýatynda ösen nebit we gazhimiýa, himiýa senagaty düzümleri kemala geldi, olar eýýäm häzirki wagtda işlenip taýýarlanylýan uglewodorod ýataklaryny, himiýa çig malynyň täze ýataklaryny senagat taýdan özleşdirmek bilen şertlendirilendir.

Balkan welaýaty ulag-geografiýa babatynda örän amatly ýerleşendir. Sebitde «Demirgazyk-Günorta» ulag geçelgesini döretmek üçin oňat şertler bar, bu geçelge Russiýa – Gazagystan – Türkmenistan – Eýran demir ýoluny Pars aýlagyna we Hindi um-





manyna çykmak bilen birleşdirýär.

Ýurduň deňiz derwezesi bolan Türkmenbaşy şäheri Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda iri üstaşyr geçelge nokady bolup durýar hem-de oňa Ýewropanyň we Aziýanyň köpsanly gyzyklanma bildirýän döwletleri bilen halkara ulag geçelgesini üstünlikli ösdürmek üçin örän möhüm üstaşyr geçelge hökmünde garalýar. Deňiz ýollary arkaly daşalýan ýükleriň möçberlerini artdyrmak üçin sebitde iri, gämi abatlaýyş kärhanasy logistika merkezi, parom terminaly bolan Türkmenbaşy şäheriniň Halkara deňiz porty hereket edýär. Portuň we gämi duralgalarynyň önümçilik düzümi halkara talaplaryna laýyklykda guruldy.

Saglygy dikeldiş serişdeleriniň bolmagy bu ýerde halkara syýahatçylygyny we onuň ugurdaş düzümini ösdürmäge mümkinçilik berýär. Türkmenbaşy şäherinde Hazar deňziniň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy ýerleşýär. Onuň çäklerinde köpsanly ak mermerli myhmanhana binalary, dynç alyş merkezleri, maşgala bolup dynç almak üçin kottejler toplumy, ulular we çagalar üçin dynç alyş öýleri, şypahanalar bar.

**Daşoguz welaýaty** Türkmenistanyň demirgazygynda Amyderýanyň çep kenarynda ýerleşýär. Welaýat demirgazyk-günbatarda, demirgazykda we demirgazyk-gündogarda Özbegistan Respublikasy bilen serhetleşýär. Ýurduň demirgazyk sebiti Türkmenistanyň çäginiň 15% ýa-da 73,43 müň inedördül kilometr meýdanyny eýeleýär. Welaýatyň dolandyryş merkezi – Daşoguz şäheri.

Daşoguz welaýaty ykdysady ösüş babatynda aýratynlyga, tebigy-howa şertlerine, ekerançylyk we öri meýdanlaryna eýedir, şeýle hem sebitde uly işgärler mümkinçiligi bar. Sebitiň ykdysadyýeti agrar-senagat häsiýetlidir.

Ýeňil senagaty azyk önümçiligine degişli bolmadyk oba hojalyk çig malynyň dürli görnüşli düzüminde welaýatyň senagat pudaklarynyň ulgam dörediş babatynda esasy orun eýeleýär. Bu ýerde azyk we azyk däl senagat önümleriniň ýüzlerçe görnüşi öndürilýär. Sebitde elektroenergetika we gurluşyk materiallar senagaty işjeň ösdürilýär.

Welaýatyň çäginden Türkmenistany daşary ýurtlar bilen baglanyşdyrýan demir ýol geçýär. Daşoguz welaýaty ösen içki awtomobil ýollar ulgamyna eýedir hem-de ýurduň beýleki sebitleri bilen ýakyn ykdysady gatnaşyklary saklaýar hem-de daşary bazar çykalgasy bardyr (Gazagystan, Özbegistan, Russiýa we Ýewropa ýurtlary).

Sebitde XIV-XVI asyrlaryň taryhy ýadygärlikleriniň hem-de tebigy-sag-





lygy dikeldiş zolaklarynyň bolmagy, syýahatçylygy ösdürmek üçin welaýatyň artykmaçlyklarynyň görkezijisidir.

**Lebap welaýaty** Türkmenistanyň gündogar böleginde ýerleşýär hem-de demirgazyk-gündogarda, gündogarda we günortada goňşy döwletler Özbegistan we Owganystan bilen serhetleşýär. Welaýat ýurduň umumy meýdanynyň 19%-ni ýa-da 93,73 müň inedördül kilometr meýdanyny eýeleýär. Welaýatyň dolandyryş merkezi – Türkmenabat şäheri.

Ýöriteleşdirilişi boýunça bu sebit agrar-senagat ugurlydyr, munuň özi ilatyň demografiýa ýagdaýy bilen şertlendirilendir. Lebap welaýaty örän uly ykdysady we tebigy mümkinçiliklere eýedir, geografiýa taýdan amatly ýerleşýär hem-de ösen ulag düzümi bilen tapawutlanýar.

Durmuş-ykdysady ösüşi çaltlandyrmakda senagat pudagy möhüm orun eýeleýär. Dürli görnüşli peýdaly gazylyp alynýan serişdeleriň iri gorlary sebitiň senagat taýdan ösüşiniň binýadyny emele getirýär. Senagat önümçiliginiň düzüminde ýangyç-energetika pudagy, esasan-da gaz, gaýtadan işlenilýän pudakda ýeňil we azyk senagaty ähmiýetli orun eýeleýär. Himiýa, dagmagdan senagaty we gurluşyk pudagy aýratyn ösüşe eýe boldy. Welaýatda elektrik energiýasy, suwuklandyrylan gaz, nah mata, trikotaž, süýt, çörek we konditer önümleri öndürilýär.

Sebitiň oba hojalyk pudagy ýokary ekerançylyk medeniýeti esasynda alnyp barylýar, şunda pagtaçylyk, gallaçylyk, gök-bakja önümleri, üzümdarçylyk, maldarçylyk, ýüpekçilik we beýlekiler esasy önümçilik pudaklarydyr.

Lebap welaýaty baglanyşdyryjy ulag çatrygy hökmünde wezipeleri ýerine ýetirýär, hususan-da, Türk-





menistany Merkezi Aziýa sebitiniň beýleki ýurtlary bilen birleşdirýär hem-de ösen demirýol we köp ugurly awtomobil ýollary ulgamyna eýedir. Welaýatda ulagyň ähli görnüşleri, şol sanda derýa ulaglary hereket edýär. Şeýle hem bu ýerde turbageçiriji ulgam ösendir, onuň üsti bilen «mawy ýangyjy» daşary ýurtlara ibermek amala aşyrylýar.

Sebitde häzirki zaman ýokary netijeli hem-de bäsdeşlige ukyply syýahatçylyk toplumyny ösdürmek üçin ähli şertler bar.

**Mary welaýaty** Türkmenistanyň günorta-gündogarynda ýerleşýär. Günortada we günorta-gündogarda Owganystan bilen serhetleşýär. Welaýat 87,15 müň inedördül kilometr meýdany (ýurduň umumy çäginiň 17,7%) eýeleýär. Welaýatyň dolandyryş merkezi – Mary şäheri.

Mary welaýatynyň ykdysadyýeti senagat-agrar ugurlydyr. Elektroenergetika, gaz, himiýa, ýeňil we azyk senagaty kärhanalary sebitiň ykdysadyýetiniň esasyny emele getirýär. Gazy gazyp almak hem-de gaýtadan işlemek, maşyngurluşyk we metaly gaýtadan işlemek, dokma we ýeňil senagaty sebitiň senagat önümçiliginiň möçberleriniň artmagyna ýardam berýär. Uglewodorod serişdeleri ägirt uly ähmiýete eýedir. Gaz senagaty ýokary depginlerde ösdürilýär.

Oba hojalyk önümleriniň jemi möçberi boýunça welaýat ýurtda öňdäki orny eýeleýär. Pagtaçylyk, däneçilik, maldarçylyk oba hojalyk pudagynyň esasyny düzýär. Mary welaýaty gymmat bahaly inçe süýümli pagtanyň ýokary sortlarynyň ösdürilip ýetişdirilýän mekanydyr.

Maldarçylyk hem sebitiň oba hojalygynda möhüm pudaklaryň biridir. Welaýatyň hojalyk düzümleri ýurtda esasy et, süýt, ary balyny, ýüň, ýumurtga öndürijilerdir.

Sebit ýeterlik derejede ösen ulag we kommunikasiýa düzümlerine eýedir hem-de bu ýerde häzirki zaman demirýol, awtomobil, howa ulaglary hereket edýär.

Mary welaýaty häzirki zaman syýahatçylyk ugurlaryny kemala getirmek üçin ägirt uly mümkinçiliklere eýedir. Sebitiň çäklerinde gadymy Merw siwilizasiýasynyň köpsanly taryhy ýadygärlikleri – Soltan Sanjaryň, Muhammed ibn-Zeýdiň kümmetleri, Ashablaryň aramgähi, Ýusup Hemedanynyň metjidi, böwrek kesellerini bejermäge niýetlenen dünýä belli «Baýramaly» bejeriş-sagaldyş şypahanasy, Tagtabazar şäheriniň golaýyndaky täsin gowaklar we beýlekiler bar.















## 1.11. Halkara hyzmatdaşlygy

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan ýurtda maýa goýum işjeňliginiň höweslendirilmegine, milli önümçiligiň giňeldilmegine, işewürlik gurşawynyň ösdürilmegine, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilen birnäçe başlangyçlar öňe sürüldi, olar halkara guramalarynyň giň goldawyna eýe boldy.

Türkmenistanda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeler ykdysadyýeti ösüşiň senagat-innowasiýa modeli hem-de sanly ykdysadyýeti ähli ulgamlara ornaşdyrmak esasynda ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna hem-de döwrebaplaşdyrylmagyna gönükdirilendir, munuň özi ýurduň geljekki okgunly ösüşi üçin ygtybarly binýady döretmäge mümkinçilik berýär. Bu özgertmeler özara bähbit esasynda daşary ýurtlar bilen netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin täze mümkinçilikleri açýar.

Türkmenistanda ykdysady özgertmeleri geçirmekde döwletiň daşary ykdysady syýasaty möhüm orun eýeleýär, ol milli ykdysadyýetiň dünýä hojalyk gatnaşyklar ulgamyna netijeli goşulyşmagyna gönükdirilendir. Häzirki wagtda dünýäniň ýüzden gowrak ýurdy, esasan-da, Aziýa we Ýewropa döwletleri Türkmenistanyň söwda hyzmatdaşlary bolup durýar. Eksportyň paýynyň artdyrylmagy deňagramly daşary söwdanyň emele gelmegine getirdi. Munuň özi, esasan, ýurduň içindäki önümçiligiň ýokarlanmagy bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistan «Açyk gapylar» syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek arkaly dünýäniň onlarça ýurtlary bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýdy, iri halkara maliýe edaralary hem-de dürli ulgamlarda baý tejribä we ýokary tehnologiýalara eýe bolan daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltdi. Netijede, olar bilen söwda-ykdysady gatnaşyklar ýola goýuldy, söwda hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmek hem-de ony diwersifikasiýalaşdyrmak üçin giň mümkinçilikler açyldy.

Häzirki zaman dünýäsinde, esasan-da, koronawirus pandemiýasy döwründen soňra, ykdysady globallaşmagyň barha artýan meýilleri, Türkmenistanyň öňünde dünýä ykdysadyýetine hem-de halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna işjeň goşulyşmak wezipesini goýdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan dünýä derejeli düzüm hökmünde Bütindünýä Söwda Guramasy bilen halkara söwdasyny liberallaşdyrmak hem-de ilerletmek boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmegi ýurduň daşary söwda ulgamynda ornunyň pugtalandyrylmagyna, şeýle hem ýurtda öndürilýän önümleriň daşa-



ry bazarlara iberilýän möçberlerini artdyrmaga hem-de ýurduň ykdysadyýetine göni maýa goýumlary çekmek üçin amatly şertleri döretmäge ýardam berýär.

Türkmenistanda ýörite Hökümet topary döredildi we hereket edýär, Türkmenistanyň BSG-ä girmegi bilen baglanyşykly meseleleri öwrenmek, şeýle hem degişli teklipleri taýýarlamak wezipeleri bu toparyň üstüne ýüklenildi. Geçirilen işleriň netijesinde 2020-nji ýylyň iýul aýynda Türkmenistan BSG-de synçy derejesine, 2022-nji ýylda bolsa, BSG-ä goşulan ýurt («işjeň synçy») derejesine eýe boldy.

Häzirki wagtda Türkmenistan geografiýa taýdan amatly – ulag ýollarynyň strategik çatrygynda ýerleşmek bilen, köpugurly halkara ulag-logistika düzümini döretmek boýunça giň gerimli, milli we sebit taslamalary babatynda başlangyçlary öňe sürýär. Bu taslamalar aralyklaryň ep-esli gysgaldylmagynyň we iri ýük akymlarynyň ýola, şol sanda üstaşyr ýola sarp edýän wagtyny azaltmagyň hasabyna Aziýa we Ýewropa ýurtlarynyň söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyny hil





taýdan täze derejä çykarmaga mümkinçilik berer.

Ýurduň daşary ykdysady syýasaty durnukly we ykdysady ösüş maksatlaryna ýetmäge hem-de öňde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmäge gönükdirilendir, şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan iri halkara guramalary we düzümleri, hususanda:

1) Birleşen Milletler Guramasy;

2) Bütindünýä Söwda Guramasy;

3) Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady komissiýasy;

4) Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş komissiýasy;

5) Birleşen Milletler Guramasynyň Aziýa we Ýuwaş ummany sebiti üçin ykdysady we durmuş meseleleri boýunça komissiýasy;

6) Halkara söwda merkezi;

7) Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasy;

8) Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasy;

9) Halkara pul gaznasy;

10) Bütindünýä banky;

11) Aziýa ösüş banky;

12) Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky;

13) Yslam ösüş banky we beýleki ösüş banklary;

14) Beýleki ýöriteleşdirilen halkara guramalary (MCAT, Energetika Hartiýasy, MEA we beýlekiler) bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär.

Daşary ykdysady işiň halkara kadalaryny we standartlaryny işläp taýýarlamak hem-de ornaşdyrmak, halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça işler Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr. Sebit derejesinde söwdany hemmetaraplaýyn ösdürmek hem Türkmenistanyň syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Sebit söwda hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de giňeltmek ýurdumyzyň ykdysady mümkinçiliklerini doly peýdalanmak üçin amatly şertleri döreder hem-de Türkmen döwletiniň köptaraplaýyn görnüşde hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmegiň ýolunda möhüm ädim bolar.

Şunuň bilen baglylykda, «Fitch Ratings» halkara reýting agentligi Türkmenistana: «B» derejesinde gysga möhletleýin reýting hem-de «B+ oňyn» derejesinde uzakmöhletleýin reýting berdi, munuň özi milli ykdysadyýetiniň durnukly ösýändiginiň subutnamasydyr. Şunuň bilen birlikde, bu ýagdaý ýurduň daşary ykdysady işiniň gerimini giňeltmäge hem-de beýleki döwletler bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmäge ýardam berer. Häzirki wagtda Türkmenistan Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Aziýa ösüş banky, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky, Yslam ösüş banky ýaly iri halkara maliýe guramalary we edaralary bilen işjeň gatnaşyklary saklaýar.



## 1.12. Ýurduň taryhy-medeni we häzirki zaman gymmatlyklary

Türkmenistanda milli mirasyň taryhy-medeni ýadygärliklerini gorap saklamak we gaýtadan dikeltmek, ýurduň çäklerinde bar bolan taryhy we medeni ýadygärlikleriň döwlet tarapyndan goraglylygyny üpjün etmek, olary öwrenmek hem-de rejeleýiş-konserwasiýa işlerini geçirmek meselelerine aýratyn üns berilýär.

### Taryhy miras

Arheologiýa gazuw-barlag işleriniň geçirilmegi netijesinde Türkmenistan baý taryhy-medeni mirasy bilen dünýäde meşhur boldy. Murgap derýasynyň gadymy akaba ugrunda häzire çenli mälim bolmadyk diňe başinji siwilizasiýanyň açylmagy dünýäniň gadymy taryhyna düýpli düzedişleri girizmäge mümkinçilik berdi.



Türkmenistanyň taryhy-medeni ýadygärlikleri dünýä siwilizasiýasynyň aýrylmaz bölegidir. Gadymy Merw, Köneürgenç hem-de Nusaýyň Parfiýa galalary ýaly taryhy-medeni ýadygärlikleriň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi muňa mysal bolup biler. Soňky ýyllarda Merwdäki Soltan Sanjaryň, Sarahsdaky Abul Fazlyň hem-de Kaka etrabyndaky Abu Seýidiň kümmetleri, Ýolöten etrabyndaky Talhatanbaba metjidi, Maşat ata ýadygärligi, Dehistanyň minaralary we orta asyr baş metjidiniň esasy girelgesi, Kerki etrabyndaky Alamberdaryň kümmeti we beýleki ýadygärlikler gaýtadan dikeldildi. Has meşhur gadymy şäherleriň galyndylarynyň çäkleri döwlet taryhy-medeni goraghanalar diýlip yglan edildi.









**Nusaý** (Ahal welaýaty)

Nusaý – Köpetdagyň eteklerinde (Ahal welaýaty) ýerleşýän gadymy gala-şäher. Ol gadymy dünýäniň örän iri döwletleriniň hataryna girýän Parfiýa imperiýasynyň (b.e.öňki III – b.e.III asyrlary) ilkinji paýtagtlarynyň biridir. Hakykatda, biri-birinden 2 kilometr aralykda ýerleşýän iki gadymy şäheriň galyndylary barada gürrüň gidýär. Olar Köne we Täze Nusaýdyr – Parfiýa



imperiýasynyň möhüm merkezi bolan, uly we ygtybarly berkidilen Mitridatakert şäheriniň galyndylary. Bu gadymy şäherler iki müň ýylyň dowamynda öz keşbiniň sudurlaryny saklap galypdyr hem-de olarda häzire çenli gadymy siwilizasiýanyň yzlarynyň üsti açylan däldir, ol siwilizasiýa ýerli medeni däp-dessurlaryň gadymy grek we rim sungatynyň ýörelgeleri bilen sazlaşykly utgaşygydyr.

Köne Nusaýda köşk-ybadathana binalary jemlenendir, hazyna, ägirt uly möçberli çakyr saklanýan ammarlar ýerleşipdir. Gala diwarlarynyň





binýadynyň galyňlygy 8-9 metre deň bolup, olar 43 sany gönüburçly diňler bilen berkidilipdir.

**Gadymy Merw** (Mary welaýaty)

Merw Merkezi Aziýanyň gadymy we orta asyr şäherleriniň biri bolup, häzirki Baýramaly şäheriniň golaýynda ýerleşendir. Ol çägi boýunça Merkezi Aziýanyň iň uly arheologiýa desgalarynyň biridir. Bu ýerde gadymy şäher galyndylarynyň tutuş toplumy (Erkgala, Gäwürgala, Soltangala, Abdyllahangala we Baýramaly gala) saklanypdyr. Olary öwrenip, gadymy döwürlerden giçki orta asyra çenli ady rowaýata öwrülen bu şäheriň taryhy topografiýasyna göz ýetirmek bolýar. Uly we Kiçi Gyzgalany,



**Merw. Uly Gyzgala.
Wirtual dikeltmesi.**





Muhammet ibn-Zeýd we Ashablaryň kümmetini, Hoja Ýusup Hemedanynyň metjidini hem-de taryhçy alymlaryň bir bitewi pikirine görä, Gündogaryň orta asyr binagärliginiň deňi-taýy bolmadyk naýbaşy ýadygärligi hasaplanýan Soltan Sanjaryň ägirt uly aramgähini has täsin binagärlik ýadygärlikleriniň hatarynda görkezmek bolar.

Merwde dürli döwürlerde Omar Haýýam, al-Merwezi, as-Samani, Enweri we orta asyryň beýleki beýik akyldarlary ýaşapdyrlar we döredipdirler. Arheologiýa gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde Merwiň biziň eýýamymyzdan ozal VII asyrda Erkgalanyň ýerinde gurlandygy anyklanyldy.



**Köneürgenç** (Daşoguz welaýaty) geçmişde Demirgazyk Horezmiň gadymy paýtagty biziň eýýamymyzyň I asyrynda döräpdir. Bu şäheri VIII asyryň ortasynda araplar basyp alypdyrlar hem-de 995-nji ýylda ady Gürgenç diýlip üýtgedilipdir. Horezm şalarynyň hökümdarlyk süren ýeri bolan bu şäher orta asyryň iri medeni we söwda merkezi hökmünde meşhur bolupdyr. Beýik ensiklopediýaçy alym Abu Reýhan Muhammet ibn-Ahmet al-Biruny (973-1050 ý.) hem-de meşhur alym, lukman we filosof, Günbatarda Awisenna ady bilen belli bolan Abu Ali ibn Sina (980-1037ý.) bu şäheriň buýsanjydyr. Taryhyň dowamynda bu şäher birnäçe pajygaly hadysalary hem-de weýrançylyklary başdan geçirdi. Şol sebäpli hem, Köneürgenjiň ýadygärlikleriniň köpüsi güýçli zeper ýetirilen ýagdaýda biziň günlerimize çenli ýetdi, emma Törebeg hanym (XIV a.), Soltan Tekeş (XII a.), Il-Arslan (XII a.) ýaly kümmetler, Gutlug-Timuryň (XI-XIVa.) minarasy we saklanyp galan beýleki ýadygärlikler binagärlik çözgütleri bilen haýran galdyrýar.

Häzirki wagtda Köneürgenç öz ajaýyplyklary bilen bütin dünýäden syýahatçylary özüne çekýän taryhy

ýadygärlikler toplumy bolmak bilen çäklenmän, musulmanlar üçin keramatly künjek hem hasaplanylýar. Şol ýadygärlikleriň hatarynda dünýäde iň belent desgalaryň biri, beýikligi 60 metre ýetýän gadymy minarany (XI a.) görkezmek bolar. Bu keramatly şäherde dürli döwürlerde bina edilen meşhur şahsyýetleriň aramgähleri olar baradaky halk hakydasynyň aýdyň beýanydyr. Olaryň biri Nejmeddin Kubranyň mukaddes ýadygärlikler toplumydyr, halk arasynda ol «Üç ýüz altmyş» («360») diýlip atlandyrylýar hem-de bütin dünýäden musulmanlaryň köpçülikleýin zyýarat edýän künjegi bolup durýar.

degişlidir. Şäherde iki sany arheologiýa ýadygärliginiň galyndylary saklanyp galypdyr, olaryň biri «Beg galasy» 1917-nji ýyla çenli kerki beginiň kabulhanasy bolupdyr, beýlekisi «Rus galasy» kuşan-sasanit döwründe ýaşalýan mekan bolupdyr. XIX asyryň ahyrynda bu ýerde altyn we kümüş şaýlarynyň hazynasy tapylypdyr. Olaryň arasynda sasanit patyşasy Warahran V (420-438 ý.) döwrüne degişli kümüş şaýlaryň bolmagy aýratyn täsindir. Astana-baba kümmeti (birnäçe asyrlaryň dowamynda durky täzelenen hem-de gaýtadan gurlan täsin ýadygärlikler toplumy) we Alamberdaryň kümmeti gadymy Zemmiň ajaýyplyklarydyr.



**Kerki** gadymy döwürde Zemm diýlip atlandyrylypdyr, ol Amyderýanyň kenarynda (Lebap welaýaty) ýerleşýär. Zemm şäheriniň has irki ýatlanylýan döwri VII asyryň başyna

**Gadymy Dehistan** (Balkan welaýaty) orta asyr Dehistanyň örän uly ýadygärligi Misserian Horezm şalarynyň hökümdarlyk eden döwürlerinde gülläp ösüpdir. Bu gadymy şäheriň abadan-



laşdyrylyşy, şol zamanada hem şäher medeniýetiniň ýokary ösen derejesine şaýatlyk edýär. Suw üpjünçilik, lagym ulgamlary, hammamlary, daş düşelen köçeleri we beýlekiler bolan ýaşaýyş jaýlarynyň gür ýerleşendiginiň alamatlary ýüze çykaryldy. Dehistanda, şeýle hem mongollaryň basyp alşyndan öňki döwre degişli medrese bolupdyr.

**Köne Sarahs** (Ahal welaýaty) – Tejen derýasynyň ýokary akymynda ýerleşýän gadymy we orta asyr şäheri Sarahs sebitinde oturymly ýaşaýyş eneolit eýýamynda (biziň eýýamymyzdan ozal VI asyr – b.e. XIX asyry) gülläp ösüşiň belent derejesini hem ösüşde pese gaçan döwürlerini-de başdan geçirdi.

Bir döwletiň ýykylyp, beýleki döwletleriň yzly-yzyna kemala gelýän döwürlerinde (Ahemenidler imperiýasy, Grek – baktriýa patyşalygy, Parfiýa imperiýasy, Sasanidler imperiýasy, Tahiridler döwleti, Gaznawylar we Seljuklar imperiýalary) Sarahs hemişe sebitde has ähmiýetli we möhüm şäherleriň biri bolupdyr. Bu ýerde XI-XII asyrlarda onlarça meşhur gurluşykçy – binagärleri terbiýeläp ýetişdiren, tutuş Orta Gündogarda eke-täk binagärlik mekdebiniň bolmagy Sarahsa şöhrat getiren esasy ýagdaýdyr. Sarahsly ussat gurluşykçylaryň Eýranyň we Merkezi Aziýanyň köp sanly şäherlerinde aýratyn möhüm ähmiýetli binalaryň gurluşygyna çagyrylandyklary, olaryň ýokary ussatlygynyň subutnamasydyr.

**Abiwerd** (Ahal welaýaty) – häzirki Kaka şäheriniň günbatarynda ýerleşen orta asyr şäheri, Demirgazyk Horasanyň has ähmiýetli şäherleriniň biri bolupdyr. Bu şäher barada arap basyp alşy döwürleriniň ýazuw çeşmelerinde (V-VII asyrlar) ýatlanylýar. Abiwerd sebitinde ululy-kiçili onlarça obalar, birnäçe şäherler bolupdyr. Or-



ta asyr Abiwerd şäheriniň çäkleri giçki döwrüň (VII-XVIII a.) medeni gatlagy bilen örtülendir, bu ýerde IX-XII asyrlaryň külalçylyk önümleri, ýerli zergärleriň ýasan has giçki döwre degişli şaýlary gabat gelýär.

**Gökdepe galasy** (Ahal welaýaty) – Aşgabadyň demirgazyk-günbatar tarapynda ýerleşýär. Gala 1879-njy ýylda bina edilipdir.

Türkmenistanyň taryhy-medeni mirasy dünýäniň köp ýurtlarynyň arheologlarynyň, binagärlik taryhçylarynyň hem-de gündogary öwrenijileriň aýratyn gyzyklanmasyna eýedir, olar heniz üsti açylmadyk taryhy syrlary özünde saklaýar.









**Ýurduň ajaýyp döwrebap binalary we desgalary**

**Türkmenbaşynyň Ruhy metjidi** – dünýäniň iň uly bir gümmezli metjidi, Türkmenistanyň baş metjidi Ahal welaýatynyň Gypjak obasynda ýerleşýär we 2004-nji ýylda açyldy. Metjidiň binasy ak mermerden gurlup, ol 18 müň inedördül meýdany eýeleýär. Binanyň göwrümi haýran galdyrýar we binagärlik keşbi özüne bendi edýär. Bu ýerde birbada ýedi müň erkek adamyň we üç müň aýal adamyň namaz okamaga mümkinçiligi bar. Metjidiň çäginde däp-dessurlary berjaý etmek üçin jaýlar ýerleşýär. Metjidiň diwarlary keramatly Gurhanyň aýatlaryndan we «Ruhnama» kitabyndan alnan ýazgylar bilen bezelendir.

**Garaşsyzlyk binasy** – Aşgabatdaky Türkmenistanyň Milli Garaşsyzlyk seýilgähinde ýerleşýär. Onuň beýikligi 118 metre deňdir. Binanyň sütünini altyn çaýylan ýarymaý şekil bezeýär. Bäş ýyldyz iň iri türkmen taýpalarynyň bäşisiniň jebisliginiň nyşanydyr. Ýarym sfera görnüşindäki binanyň aşaky bölegi türkmeniň ak öýüne çalym edýär. Ak öýüň ähli gümmezlerinden suw çüwdürimleri asmana göterilýär. Şeýle hem Garaşsyzlyk binasyny halk gahrymanlarynyň 27-siniň heýkelleri gurşap alýar.

**Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýi** – ýurduň iň iri muzeýi Aşgabatda ýerleşýär we ol 1998-nji ýylda açyldy. Muzeýiň meýdany 15 müň ine-





dördül metrdir. Muzeýde 145 müňden gowrak gadymy taryhy, senagat gymmatlyklary saklanylýar, olaryň aglabasy Köne Nusaýyň we Gadymy Merwiň çäklerinde ýüze çykarylan tapyndylardan ybaratdyr. Şeýle hem muzeý gaznalarynda gadymy halylaryň, milli lybaslaryň we matalaryň seýrek nusgalarynyň, durmuş esbaplarynyň, ýaraglaryň hem-de gymmat bahaly metallardan döredilen zergärçilik önümleriniň toplumlary saklanylýar. Bu ýerde Türkmenistanyň medeniýetine, etnografiýasyna we taryhyna bagyşlanan sergiler hemişelik esasda guralandyr.

**Täze Taryhy-ülkäni öwreniş muzeýi** Arkadag şäheriniň merkezinde ýerleşýär. Muzeý bäş – «Garaşsyzlyk», «Etnografiýa», «Sungat», «Arheologiýa», «Tebigat» bölümlerinden ybaratdyr. Muzeý gymmatlyklary toplumynda Ahal welaýatynyň ösüş taryhynyň ähli döwürleri öz beýanyny tapýar. Bu sebitiň çäklerinde gadymyýetiň, bürünç we demir asyrlarynyň, neolit, eneolit hem-de orta asyr eýýamynyň dünýä meşhur ýadygärlikleri ýerleşýär.



**Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilen Türkmenistanyň Baş baýdagy** Aşgabatda 2008-nji ýylda dikildi. Beýikligi 133 metr baýdak sütüniniň üstünde pasyrdaýan Döwlet baýdagynyň agramy 420 kilograma deňdir. Bu Baýdak tutuş halkyň garaşsyzlyk we erkinlik barada asyrlaryň dowamynda kalbynda beslän arzuwynyň hasyl bolandygyny alamatlandyrýar. Ol milletiň özygtyýarlylygynyň, däp-dessurlarynyň, belent ynsanperwerlik, hoşniýetli meýilleriniň mizemezliginiň nyşanydyr.







**Konstitusiýa binasy.** 2011-nji ýylda açylan bu bina Aşgabat şäherinde ýerleşýär. Onuň beýikligi 185 metr. Ol täsin we belent bina bolup, dört gyraňly sütün görnüşindedir. Olaryň her biri haly gölleri bilen bezelendir. Binanyň depesinde altyn çaýylan ýarymaýyň şekili hem-de bäş ýyldyz ýerleşdirilendir. Binanyň aşaky bölegi Oguz hanyň ýyldyzy görnüşindäki üç basgançakly 27 metrlik binýatdan hem-de 10 metrlik platformadan ybaratdyr. Ony çüwdürimler toplumy gurşap alýar. Ähli taraplarynda belent basgançaklar gurnalandyr. Binanyň içinde muzeý ýerleşýär.

**«Halk hakydasy»** Aşgabadyň günorta-günbatar böleginde ýerleşýän ýadygärlikler toplumy. Gökdepe urşunda (1881-nji ýyl), 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda wepat bolan gahryman watandaşlarymyza we 1948-nji ýylyň Aşgabat ýertitremesiniň pidalaryna bagyşlanan ýadygärlikleri öz içine alýar. Ýadygärlik toplumynyň çäginde muzeý ýerleşýär.

Bu toplum 2014-nji ýylyň 6-njy oktýabrynda açyldy. Toplumyň eýeleýän meýdany 650 müň inedördül metre, uzynlygy 916 metre, giňligi 626 metre deňdir.

**Asma ýoly** Aşgabatda Köpetdagyň eteginde ýerleşýär. Bu asma ýola birbada 300 adam çykyp biler, bir günüň dowamynda bolsa «ýolagçylaryň» sany 1700-e ýetip biler. Onuň uzynlygy 4 kilometre deňdir.

### Türkmen bedewleri

Ahalteke bedewi häzirki Türkmenistanyň çäklerinde 5 müň ýyla golaý mundan ozal kemala getirilen çapuw atlarynyň tohumyna degişlidir. Gadymy döwürlerden bäri ýelden ýüwrük ahalteke bedewleri baradaky maglu-





matlar Hytaýda, Gresiýada, Italiýada gabat gelýär. Olar gadymy şahyrlaryň, filosoflaryň we alymlaryň – Gomeriň, Ptolemeýiň, Strabonyň, Appianyň, Ksenofontyň, Gerodotyň eserlerinde ýatlanylýar. Biziň halkymyzyň tutuş taryhy ynsanyň wepaly dosty hem-de hemrasy ahalteke bedewine bolan çäksiz söýginiň subutnamalary hökmünde rowaýatlardan we hekaýatlardan doludyr. Köp asyrlaryň dowamynda çydamlylygyň hem-de ynsana wepalylygyň, gözelligiň, nepisligiň hem-de ýyndamlygyň täsin nusgasy hökmünde türkmen bedewleri umumadamzat siwilizasiýasynyň bahasyna ýetip bolmajak gymmatly mirasy bolup durýar.

Iň gadymy eldekileşdirilen tohumlaryň biri bolan bu bedewler bütin dünýäniň çapuw atçylygy ulgamyna ägirt uly täsirini ýetirendir. Arap (ýa-da iňlis çapuw aty), orýol çapuw aty, garabag, pers we atlaryň beýle-







ki görnüşlerini döretmekde ahalteke tohum atlary peýdalanylypdyr.

Ahalteke bedewleri gurak, yssy howa oňat uýgunlaşandyr hem-de beýleki şertlere hem uýgunlaşmaga ukyplydyr. Bu bedewiň ady Ahal sebitiniň hem-de teke türkmen taýpasynyň ady bilen baglanyşyklydyr. Bu ýerlerde gadymy döwürlerden bäri bedewiň bu tohumyny ösdürip ýetişdiripdirler. XX asyryň başyndan bäri bu atlary ahalteke bedewi diýip atlandyrypdyrlar.

Ahelteke bedewiniň beden gurluşy täsindir. Onuň daş keşbi atlaryň beýleki tohumlaryndan düýpli tapawutlanýar. Ahalteke bedewiniň boýy ýeterlik derejede beýikdir (gerşi bilen, ortaça, 160 santimetre golaý), owadan syratlydyr. Beden gurluşy ajaýyp sazlaşygy emele getirýär.

Ahalteke bedewleri örän çydamlydyr, ýyndamdyr. Olar dünýä atçylygynyň taryhynda uzak aralyklara ýörişleri bilen çydamlylygyň haýran galaýmaly nusgasyny görkezip, şöhrat gazanypdyrlar. Ahalteke bedewleriniň goýan rekordlarynyň köpüsini häzirki döwre çenli täzelemek başartmandyr. 1935-nji ýylda Aşgabat-Moskwa aralygyna guralan atly ýörişde türkmen çapyksuwarlarynyň bu aralygy 84 günde, suwsuz Garagum çöllügini bolsa üç gije-gündizde geçendiklerini aýdyň mysallaryň biri hökmünde bellemek bolar.

Ahalteke bedewleri diňe bir däp bolan at çapyşyklarynda däl-de, atçylyk sportunyň beýleki görnüşlerinde hem, şol sanda türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen Aşgabatda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizilen olimpiýa konkury boýunça ýokary netijeleri görkezýärler.

Ýene bir ajaýyp mysal, 2023-nji ýylda «Ahalteke atçylyk sungatyny we atlary bezemek däpleri» ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň sanawyna girizildi.

### Türkmen alabaýy

Türkmen alabaýy gadymy döwürlerden biziň günlerimize arassa ganlylygyny saklap, üýtgewsiz görnüşde ýetip gelen it tohumydyr. Türkmenistanyň çägindäki Altynde-







pede gazuw-agtaryş işleri geçirilende itiň heýkeljigi hem-de giň eňekli, gysga tumşukly, häzirki döwrüň alabaýlaryna meňzeş iri jandaryň ystyhany ýüze çykaryldy (biziň eýýamymyzdan ozal 2 müň ýyl).

Alabaý itleri Merkezi Aziýada we Kawkazda hem-de beýleki sebitlerde giňden ýaýrapdyr. Emma tejribeli itşynas bilermenleriň pikirine görä, olaryň tohumynyň iň gowy görnüşleri Türkmenistanda jemlenendir. Türkmen alabaýlary güýçli, çydamly itlerdir.

Wepadarlyk, gaýduwsyzlyk, ejize ganym bolmazlyk, mertlik alabaýyň häsiýetli aýratynlygydyr. Gadymy döwürlerden bäri bu tohuma degişli itler diňe çopan itleri hökmünde däl-de, sakçylyk hem-de dürli desgalary goramak wezipeleri ýerine ýetirmekde hem peýdalanylypdyr.

XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda türkmen alabaýy milli miras hökmünde kabul edildi. Häzirki wagtda «Türkmen alabaý itlerini ýetişdirmek sungatyny» ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň abraýly sanawyna girizmek boýunça işler alnyp barylýar.

Aşgabatda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň resmi nyşany hökmünde türkmen alabaýynyň şekiliniň saýlanyp alnandygyny bellemek gerek.

**Türkmen halylary**

Halyçylyk sungaty Türkmenistanyň halk döredijiliginiň iň gadymy görnüşleriniň biridir, bu sungatyň goralyp saklanylmagy milli medeniýetiň esasy ugurlarynyň biriniň nesilden-nesle geçirilmeginde ägirt uly ähmiýete eýedir.

Halylaryň arassa ýüňden dokalmagy milli el halyçylygynyň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Arassa ýüň ýüplükleri saryja tohumly goýunlaryň ýüňünden taýýarlanylýar. Halyçylyk sungaty köpýyllyk taryhynyň dowamynda ýokary kämillik we çeperçilik derejesine ýetirildi. Häzirki wagtda halyçylaryň giňden peýdalanýan nagyşlarynyň ýüze golaýy bardyr, olar ahalteke, teke, ýomut, daşoguz we lebap ýaly esasy bäş topara bölünýär.

Çeper elli türkmen halyçy zenanlarynyň dokaýan halylary ýurduň çäklerinden has alysda hem meşhurdyr, olary diňe bir dünýäniň dürli muzeýlerinde däl-de, hususy gymmatlyklar toplumlarynda hem görmek bolýar. Türkmen halylarynyň gadymy nusgalary häzirki wagtda hem ABŞ-nyň, Angliýanyň, Awstriýanyň, Germaniýanyň, Italiýanyň, Ispaniýanyň, Müsüriň, Türkiýäniň, Russiýanyň, Fransiýanyň, Şweýsariýanyň, Eýranyň muzeýlerinde, sergi zallarynda saklanylýar. Bular hem





ajaýyp türkmen halylarynyň gadymy nusgalarynyň saklanylýan muzeýleriniň hem-de ýurtlarynyň doly sanawy däldir. Aşgabatda dünýäde ýeketäk Türkmen halysynyň Milli muzeýi bar.

1941-1942-nji ýyllarda döredilen haly möçberi 193,5 inedördül metre deň bolan «Türkmen kalby» diýen ägirt uly haly muzeýiniň iň gymmatly halylarynyň biridir.

1996-njy ýylda çeper elli türkmen halyçylary meýdany 266 inedördül metre we agramy 550 kilograma deň bolan ikinji ägirt halyny dokadylar, ol Türkmenistanyň Döwlet muzeýinde saklanylýar. 1998-nji ýylda meýdany 294 inedördül metre, agramy 1106 kilograma deň bolan üçünji ägirt haly dokaldy. 2001-nji ýylda bolsa meýdany 301 inedördül metre hem-de agramy 1200 kilograma deň bolan dördünji ägirt haly döredildi. Bu haly dünýäde iň uly el halysy hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi.

Nepis türkmen halylary özüniň täsin gölleri we ýokary hil derejesi bilen dünýä bazarynda hem uly islege eýedir. Türkmen halyçy zenanlarynyň döredýän haly portretleri halyçylyk sungatynyň aýratyn görnüşidir.

Türkmen halylary Parižde we Monrealda, Leýpsigde we Brýusselde geçirilen halkara ýarmarkalarynda we sergilerinde birnäçe gezek ýokary sylaglara mynasyp boldy.



# 2. MAÝA GOÝUM ÝAGDAÝY

## 2.1. Tebigy serişde mümkinçilikleri

### Ýer serişdeleri

Türkmenistanyň ýer serişdeleri ýurduň esasy tebigy baýlyklarynyň biri hem-de ýurduň ykdysady ösüşiniň we ilatyň abadançylygyny ýokarlandyrmagyň esas goýujy çeşmesi bolup durýar. Ýurduň çákleriniň umumy meýdanynyň (49,1 mln ga) 81 göterimine golaýyny oba hojalyk meýdanlary tutýar. Olar medeni zolaklar – sürümli ýerler, bagçylyklar, üzüm meýdanlary, tokaý zolaklary, agaç nahallary meýdanlary, şeýle hem tebigy öri meýdanlary, tokaýlyklar we beýleki ýerlerdir. Şeýle hem ýer serişdeleriniň düzümine oba hojalyk meýdanlary, tebigaty goraýyş hem-de sagaldyş-dikeldiş zolaklary, taryhy-medeni maksatly ýerler, döwlet ätiýaçlyk ýerleri, tokaý we suw gaznalarynyň, ilatly ýerleriň, senagat, ulag-aragatnaşyk, energetika, goranyş we beýleki pudaklaryň eýeleýän meýdanlary girýär.

Türkmenistan oba hojalyk önümçiligi we ykdysadyýetiň beýleki pudaklary üçin peýdalanmaga ýaramly ýerleriň uly gorlaryna eýedir. Oba hojalyk meýdanlary, has ýokary gymmatlyga eýe bolan sürümli ýerler ýurduň altyn gaznasydyr. Häzirki wagtda 1,8 million gektar meýdan sürümli ýerler hasaplanylýar.

Türkmenistanyň çäginiň aglaba bölegi tebigy öri meýdanlaryndan ybaratdyr, olar 37,9 million gektar meýdany eýeleýär ýa-da ýurduň ýer gaznasynyň 77,2 göterimine deňdir. Bu meýdanlar ownuk şahly mallary we düýeleri tutuş ýylyň dowamynda bakmak üçin peýdalanylýar.









**Suw serişdeleri**

Türkmenistanyň suw serişdeleri iri derýalaryň (Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek) we kiçi derýalaryň, çeşmeleriň, kärizleriň akabalaryndan, şeýle hem ýerasty arassa suw gorlaryndan ybaratdyr.

Ýurduň suwa bolan isleglerini kanagatlandyrmakda dünýäde iň iri gidrotehniki desga (uzynlygy – 1100 kilometr) Garagum derýasy möhüm orun eýeleýär. Ekin we öri meýdanlaryny suwarmak üçin döredilen bu emeli derýa ýurduň iri senagat merkezleri – Aşgabat we Mary şäherlerini suw bilen üpjün edýär. Amyderýa, Murgap, Tejen derýalaryny bir bitewi suw hojalyk ulgamyna birleşdirýän bu emeli derýanyň özgerdiji kuwwaty Türkmenistanyň önümçilik düzümlerinde amala aşyrylan iň düýpli üýtgetmeler bilen baglanyşyklydyr.

Garagum derýasynyň suwunyň ekologiýa taýdan arassadygyny bellemek gerek. Ýurtda suw serişdelerini rejeli peýdalanmak üçin netijeli çäreler geçirilýär, täze suw tygşytlaýjy tehnologiýalar ornaşdyrylýar, şeýle hem ýurduň suw hojalygynyň maddy-enjamlaýyn binýady pugtalandyrylýar, şeýlelikde, ilatly ýerleriň arassa agyz suwy bilen, ekerançylyk ýerleriniň bolsa suwaryş suwy bilen üpjünçiligi gowulandyrylýar. Garagum sährasynyň merkezinde döredilen «Altyn asyr» Türkmen köli diňe bir sürümli ýerleriň meliorativ ýagdaýyny gowulandyrmak bilen çäklenmän, ozal peýdalanylan suw serişdelerini gaýtadan ulanmak üçin olary bu kölde toplamaga mümkinçilik berýär.

Türkmen kölüniň ähmiýeti köp ugurlydyr, hususan-da, bu taslamanyň doly durmuşa geçirilmegi diňe bir ýurdumyzyň däl-de, tutuş Merkezi Aziýa sebitiniň ekologiýa ýagdaýyna oňyn täsirini ýetirer. Bu köl lagym-drenaž ulgamynyň hapalanan suwlarynyň Amyderýa akdyrylmagynyň öňüni almaga mümkinçilik döredýär. Netijede, derýanyň aşaky akymynda ýaşaýan ilatyň peýdalanýan suwunyň hili ep-esli gowulandy. Türkmenistan sebitiň ýurtlarynyň hatarynda ilkinji bolup suwuň hilini ýokarlandyrmak ýaly möhüm meseläni çözmegi başardy.





### Mineral çig mal serişdeleri

Türkmenistan baý mineral çig mal serişdelerine eýedir. Gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň köp sanly görnüşleriniň gorlary diňe bir olary gazyp almagyň hem-de gaýtadan işlemegiň häzirki derejesini saklamaga däl-de, olaryň gazylyp alynýan möçberlerini artdyrmak arkaly mineral çig malynyň peýdalanylmagyna esaslanýan senagat pudaklaryny okgunly ösdürmäge hem mümkinçilik berýär.

Türkmenistan uglewodorod serişdeleriniň aýratyn baý gorlaryna eýe bolan ýurtdur. Ýurduň umumy geologiýa gorlaryna 71,2 milliard şertli ýangyç tonna möçberinde baha berilýär, olaryň 53 milliard tonnasy gury ýer ýataklaryna, 18,2 milliard tonnasy bolsa Hazar deňziniň türkmen bölegine degişlidir.

Türkmenistanyň kuwwatly energetika döwletleriň biri hökmündäki derejesi (tebigy gazyň subut edilen gorlary boýunça dünýäde 4-nji orun) geçirilen auditiň netijeleri boýunça «Gaffney, Cline & Associates» (Beýik Britaniýa) abraýly halkara kompaniýasy tarapyndan tassyklanyldy. Alnan maglumatlara laýyklykda, «Galkynyş» gaz käniniň gorlaryna «Ýaşlar» gaz ýatagynyň gorlary bilen bilelikde häzirki wagtda tebigy gazyň 26,2 trillion kub metr möçberinde baha berilýär. Bu topluma degişli täze açylan «Garaköl» ýatagynyň gorlaryny we serişdelerini hasaba almak bilen, bu känleriň tebigy gazynyň umumy möçberi 27,4 trillion kub metre çenli ýetýär.

Hazar deňziniň örän baý uglewodorod serişdeleri nebitiň we gazyň iň iri gorlarynyň dünýä sanawyna girizildi. Milli we daşary ýurt bilermenleriniň baha bermegine laýyklykda, Hazar deňziniň türkmen böleginiň uglewodorod serişdeleriniň möçberi, takmynan, 12,1 milliard tonna nebite hem-de 6,1 trillion kub metr gaza deňdir.

Türkmenistan dünýä ähmiýetli uglewodorod serişdelerinden baş-







ga-da, gaty gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň hem-de gidromineral çig malynyň dürli görnüşlerine baýdyr, olaryň hatarynda dürli görnüşli mineral duzlar, ýod–brom suwlary, stronsiý, selestin (stronsiý çig maly), tebigy kükürt, bentonit we kaolinit palçyklary, timarlaýyş daşlary, karbonat, sement we aýna çig maly, gips we beýleki çig mal serişdeleri bar.

Mineral duzlaryň ýataklary nahar, kaliý, sulfat we magniý duzlaryna baýdyr. Daş (Lebap welaýaty) we nahar (Balkan welaýaty) duzlarynyň uly möçberlerini özünde jemleýän känler nahar, iýmlik we tehniki duzlary almak üçin çig mal binýady hökmünde peýdalanylýar.

Günbatar Türkmenistanda bentonitleriň känleri özleşdirilýär, olar hili babatynda dünýädäki şuňa meňzeş elementleriň iň gowulary bilen bir hatardadyr hem-de farfor, faýans, elektrokeramika, buraw garyndylarynyň önümçiligi ýaly senagat taýdan peýdalanmagyň dürli görnüşleri bilen tapawutlanýar.

Türkmenistan ýod–brom senagat suwlary boýunça Merkezi Aziýada öňdäki orny eýeleýär.

Garabogazköl aýlagy örän gymmatly himiki çig malyň çäksiz çeşmesidir. Aýlagyň ýerastyndaky duz düzümleri, duz çökündileri natriý sulfatynyň, kaliniň, magniniň, litiniň, boruň, rubidiň we beýleki serişdeleriň ägirt uly gorlarydyr. Ýurt gurluşyk serişdeleriniň önümçiligi üçin ýeterlik mineral-çig mal binýadyna eýedir, bu ýerde sement we aýna öndürmek, bazalt süýümleriniň, hekiň, dolomitiň, gipsiň, angidritiň önümçiligi üçin çig mal, kerpiç önümçiligi üçin palçyk, çagyl, çäge-çagyl jisimler, gurluşyk çägesi we silikat, argillit, gurluşyk daşy we beýlekiler gazylyp alynýar.

Türkmenistanyň çäklerinde farfor we faýans önümçiligi üçin peýdalanylýan kaolinleriň ýataklary bar.

Timarlaýyş daşlarynyň känleri mermer oniks (aragonit) serişdelerini özünde jemleýär.

Türkmenistanyň çäklerinde dürli metallaryň (demir, titan, molibden, mis, allýuminiý, gurşun, sink, gymmat bahaly beýleki metallar) bolmagynyň mümkindigi baradaky köpsanly alamatlar ýüze çykaryldy hem-de olaryň senagat taýdan ähmiýetli ýataklaryny ýüze çykarmagyň belli bir mümkinçilikleri bar.

Häzirki wagtda Türkmen geologiýa-gözleg ekspedisiýasy üsti açylan mineral serişdeleriniň känlerini senagat taýdan özleşdirmek maksady bilen bazar şertlerinde olara geoykdysady taýdan baha bermek gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň känlerini gözlemek işlerini alyp barýar.



## 2.2. Zähmet serişdeleri

Türkmenistan ilatyň sanynyň tebigy taýdan ýokary depginler bilen ösýän ýurtlarynyň hataryna girýär. Muňa gadymdan gelýän milli ýörelgeler, syýasy durnuklylyk, ilatyň ýokary durmuş derejesi oňyn ýardam edýär. Ilatyň sanynyň durnukly depginde ösmegi zähmet serişdeleriniň hem artmagyny kepillendirýär. Türkmenistanda adam hakyndaky alada döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň derejesine çykaryldy hem-de durmuş goraglylygy, halkyň abadançylygyny has-da ýokarlandyrmak meselelerine ilkinji derejeli üns berilýär.

Ilaty iş orunlary bilen doly üpjün etmek, zähmet bazaryny dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek, işgäriň bilimlerini, ukyp-başarnyklaryny rejeli peýdalanmak, hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak mümkinçiligini üpjün etmek, howpsuz zähmet şertlerini ornaşdyrmak wezipeleri ileri tutulýan meseleleriň hatarynda kesgitlendi.

Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, aýratyn-da oba ýerlerinde, kiçi we orta ululykdaky şäherlerde täze iş orunlaryny döretmek ýurduň ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň biridir. Obalarda we kiçi şäherlerde önümçilik desgalary, senagat we obasenagat kärhanalary, durmuş hyzmaty edaralary yzygiderli ýagdaýda gurulýar, bu bolsa öz nobatynda, ykdysadyýetiň ähli ulgamlarynda Türkmenistanyň zähmete ukyply ilatynyň iş orunlary bilen üpjünçiligini düýpli gowulandyrmaga mümkinçilik berýär. 2023-nji ýylda iş bilen üpjün bolan ilatyň 23,9 göterimi döwlet edara-kärhanalarynda, 76,1 göterimi bolsa, döwlete dahylsyz ulgamlarda zähmet çekdiler. Ýurduň zähmet resurslarynyň düzüminde zähmete ukyply ýaşdaky ilat agdyklyk edýär, onuň paýy 2023-nji ýylda 98,5% boldy.Ýurtda her ýyl eýeçiligiň görnüşine garamazdan, ähli edaralaryň we kärhanalaryň işgärleriniň zähmet haklary, pensiýalary, döwlet kömek pullary, talyp we diňleýjileriň haklary 10 göterim ýokarlandyrylýar, munuň özi ilatyň girdejileriniň artmagyna ýardam berýär.

## 2.3. Ykdysady mümkinçilikler hem-de ony ösdürmegiň maksatlaýyn ugurlary

Türkmenistanda durmuş-ykdysady ösüşiň täze tapgyry başlandy, ol «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–





2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy» hem-de «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy» ýaly strategik ähmiýetli döwlet maksatnamalarynda kesgitlenilen maksatlara we wezipelere laýyklykda giň gerimli özgertmeleriň geçirilmegine hem-de ykdysady ösüşiň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna gönükdirilendir.

Iň täze tehnikany we ýokary tehnologiýalary peýdalanmak, innowasiýa häsiýetli önümçilik düzümlerini döretmek hem-de maýa goýum işini işjeňleşdirmek arkaly ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň çalt depginlerde ösdürilmegi orta we uzakmöhletli döwürler üçin möhüm wezipeleriň hatarynda kesgitlenildi.

Häzirki wagtda Türkmenistan maýa goýum-senagat babatynda işjeň ösýär we açyk ykdysadyýetli ýurtlaryň hataryna girýär. Daşarky ykdysady sarsgynlar hem-de dünýä bazarlaryndaky durnuksyzlyk ýagdaýlary ykdysady ulgamyň durnuklylygyny üpjün edýän ykdysadyýetiň esasy pudaklaryny ösdürmegi, dünýä bazarlarynyň üýtgemelerine uýgunlaşmak ukybyny ýokarlandyrmak boýunça anyk çäreleriň işlenip taýýarlanylmagyny talap edýär. Ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny diwersifikasiýalaşdyrmak, daşyndan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri döretmek boýunça syýasaty işjeňleşdirmek, senagat taýdan ösen ykdysadyýeti kemala getirmek, iň täze tehnologiýalary we innowasiýalary ornaşdyrmak, çeýe düzümleri döretmek, ykdysadyýetiň ähli ulgamlaryny sanlylaşdyrmak boýunça ýurtda amala aşyrylýan çäreler ösüşiň durnukly ýokary depginlerini saklamaga mümkinçilik berýär.

Ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, nebit-gaz, gurluşyk, obasenagat toplumy, medeni-durmuş ulgamlaryna uly möçberli maýa goýum serişdeleri gönükdirilýär, bu pudaklaryň ösdürilmegi ykdysadyýetiň garaşsyzlygyny hem-de maýa goýum serişdeleriniň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam berýär. Daşary ýurtly maýadarlar, şeýle hem ýerli maýadarlar üçin maýa goýum şertlerini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça degişli çäreler geçirilýär.

Muňa jemi içerki önümiň (JIÖ) ösüş depginleri hem şaýatlyk edýär, ol 2023-nji ýylda 106,3 göterime deň boldy. Munuň özi hem Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan durnukly ykdysady ulgamy ösdürmek boýunça çäreleriň netijeliliginiň hem-de öz wagtynda durmuşa geçirilýändigininiň subutnamasydyr, ol ählumumy ykdysadyýetde ýüze çykýan kynçylyklara garşy durmaga ukyplydyr. 2023-nji ýylda haryt öndüriji pudaklaryň ýurduň jemi içerki önüminiň umumy möçberindäki paýy 50,6 göterime deň boldy.

Jemi içerki önümiň ösüş depginleri boýunça Türkmenistan dünýäniň has okgunly ösýän ykdysadyýetli ýurtlarynyň hataryna girýär. Abraýly halkara edaralaryň baha bermegine görä, Türkmenistan eýýäm ilatyň girdejileriniň ortadan ýokary derejeli ýurtlarynyň hatarynda orun aldy.

Ýurtda durmuş-ykdysady ösüşi çaltlandyrmak üçin ähli şertler bar:

– uly möçberli maliýe serişdeleriniň ýeterligi;

– degişli kanunçylyk binýady;

**Jemi içerki önüm hereket edýän nyrhlarda, mln manat**



**Türkmenistanyň 2023-nji ýyldaky jemi içerki önüminiň düzümi, %**




– syýasy durnuklylyk hem-de halkara giňişlikdäki oňyn abraýy;

– ilatyň ykdysady işjeňliginiň, biliminiň ylmy we intellektual mümkinçilikleriniň ýokary derejesi;

– bazar düzümleriniň okgunly ösdürilmegi üçin şertler;

– çalt kemala gelýän ulag we kommunikasiýa ulgamy;

– tehnologiýa taýdan ösen önümçilik kuwwaty;

– durnukly we oýlanyşykly býujet syýasaty;

– hümmetsizlenmegiň pes derejesi;

– döwletiň açyk we uzak möhletleýin nyrh syýasaty;

– milli puluň durnukly hümmeti;

– ykdysadyýetiň tapgyrlaýyn hem-de hümmetsizlenmekden goragly monetizasiýa derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam berýän durnukly şertleriň döredilmegine gönükdirilen kesgitli pul-karz syýasaty.

Türkmenistanyň ykdysady syýasaty ýurduň innowasiýa ösüşine, kuwwatly senagat binýadynyň döredilmegine, onuň pudaklaýyn düzümleriniň pugtalandyrylmagyna we giňeldilmegine gönükdirilendir. Häzirki zaman bazar düzümleri bolan ýokary netijeli ykdysadyýetiň tapgyrlaýyn kemala getirilmegi Türk-

menistanyň ykdysady syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarydyr.

Ýurduň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy maksatlaýyn ugurlary şulardyr:

– ykdysady ösüşiň okgunly depginlerini üpjün etmek;

– halkara ulag kommunikasiýalaryny, erkin telekeçilik ykdysady zolaklary hem-de halkara syýahatçylyk zolaklary, degişli ykdysady we syýasy düzümleri döretmek arkaly ýurduň geosyýasy ýagdaýyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak;

– ykdysadyýeti düýpli diwersifikasiýalaşdyrmak, ýokary tehnologiýaly gaýtadan işleýän pudaklaryň, şeýle hem ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalaryň ykdysady ösüşe goşandyny artdyrmak;

– döwlet eýeçiligini dolandyrmagyň görnüşlerini we usullaryny kämilleşdirmek;

– milli innowasiýa ulgamyny kemala getirmek bilen ylmyň we bilimiň ösüşini ileri tutmagyň, ylym we bilim edaralarynyň eýeçilik görnüşlerini giňeltmek, intellektual zähmetiň abraýyny hem-de gyzyklanmasyny ýokarlandyrmagyň hasabyna tehnologiýa ösüşi amala aşyrmak;

– dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply önümleri öndürýän önümçilikleri döretmegi dowam etmek;

– ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölegini ösdürmek üçin zerur bolan ykdysady hem-de hukuk şertlerini döretmek;

– ýurduň eksport mümkinçiliklerini diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly döwletiň çäklerinden çykarylýan önümleriň möçberlerini artdyrmak;

– täze iş orunlaryny, şol sanda ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginde iş orunlaryny döretmegiň hasabyna ilatyň netijeli iş üpjünçiligini gazanmak, işgärleri taýýarlamagyň we gaýtadan taýýarlamagyň ulgamyny guramak;

– ilatyň pul girdejilerini ösdürmekde ýokary depgini, girdejileriň esasy çeşmesi hem-de hakyna tutulan işgärleriň zähmet işjeňligini höweslendirmegiň möhüm guraly hökmünde zähmete hak tölemegiň derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak;

– zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň esasy hökmünde saglygy goraýyş, bilim, ylym ulgamyny ilkinji nobatda ösdürmek;

– kömek bermegiň anyklygyny ýokarlandyrmak. Ýeňillikler ulgamyny netijeli guramak, durmuş hyzmatlaryny gowulandyrmak esasynda mätäçlik çekýänleriň durmuş goraglylyk derejesini ýokarlandyrmak;

– ekologiýa howpsuzlygyny üýtgewsiz üpjün etmek, ekologiýa taý-

















dan arassa önümleriň önümçiligini guramak üçin ykdysady şertleri we höweslendirmegiň gurallaryny işläp taýýarlamak.



## 2.4. Durmuş ulgamy

Türkmenistanyň durmuş syýasaty ilatyň ýokary abadançylyk derejesiniň, ýurduň durnukly ösüşini gazanmak üçin saglygy goraýyş, bilim, ylym, medeniýet, sport, syýahatçylyk we işiň beýleki görnüşleriniň netijeliliginiň üpjün edilmegine gönükdirilendir. Raýatlaryň durmuş abadançylygy, hukuklarynyň we bähbitleriniň goraglylygy döwlet strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar.

Raýatlaryň durmuş goraglylygy hem-de mümkinçiligi çäkli maýyp adamlaryň, durmuş derejesi gowşak beýleki gatlaklaryň ýagdaýyny mundan beýläk-de gowulandyrmak ileri tutulýan ugurlaryň biridir. Bu ulgamdaky ýurtda alnyp barylýan syýasat maddy üpjünçiligiň hem-de hyzmatlaryň zerur derejesini kepillendirýär, munuň özi bu gatlaga degişli adamlaryň jemgyýete goşulyşmagy üçin şertleriň döredilmegine ýardam berýär.



### Bilim

Türkmenistanda netijeli milli umumybilim ulgamy kemala geldi hem-de hereket edýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasy we «Bilim hakyn-





da» Türkmenistanyň Kanuny her bir raýatyň hökmany mugt, deňhukukly, ýokary hilli, başlangyç we orta bilim almaga hukugyny kepillendirýär.

Soňky ýyllaryň dowamynda bilim ulgamynda yzygiderli ýagdaýda özgertmeler geçirilýär. Bu özgertmeler bilim edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň hem-de okatmagyň usulyýetleriniň hil taýdan täzelenmegine, ýokary tehnologiýaly bilim gurşawynyň döredilmegine, maglumat-bilim tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagyna bilim edaralar toplumynyň kämilleşdirilmegine, bilim hyzmatlarynyň innowasiýa häsiýetli ösüşine we bilim bazarynyň giňeldilmegine gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Permanyna



laýyklykda, 2013–2014–nji okuw ýylyndan başlap, orta mekdepleriň 12 ýyllyk okuwa, ýokary okuw mekdepleriniň bolsa, 5 ýyllyk (lukmançylyk hünärmenleri hem-de sungatyň aýry-aýry görnüşleri boýunça 6 ýyl) okuw tertibine geçilmegi bu ulgamda esasy gazanylanlaryň biridir.

Bilim ulgamyndaky özgertmeler, şeýle hem okuw-bilim düzüminiň hem-de onuň maddy-enjamlaýyn binýadynyň doly döwrebaplaşdyrylmagyny öz içine alýar. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde, şol sanda iň alysdaky künjeklerinde hem orta mekdepleriň we çagalar baglarynyň öňdebaryjy okuw-enjam serişdeleri, interaktiw–multimedia tehnologiýalary, kompýuter torlary bilen enjamlaşdyrylan täze döwrebap binalary gurlup ulanylmaga berildi hem-de olaryň gurluşygy dowam edýär. Häzirki wagtda ýurtda 3200-den gowrak bilim edaralary hereket edýär.

Döwrüň talaplaryny hasaba almak bilen, orta we ýokary okuw mekdepleriniň okuw-amaly binýady döwrebaplaşdyrylýar, sanly serişdeleri (elektron kitaplar, seminarlar we beýleki maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary), şeýle hem degişli usullary (aralykdan okatmak we şuňa meňzeşler) ulanmak arkaly okatmagyň maksatnamasy kämilleşdirilýär.























2017-nji ýylda Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň konsepsiýasy kabul edildi. Onuň maksady sanly platformalaryň binýadynda bilim hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmakdan hem-de ilatyň ähli gatlaklary üçin üznüksiz bilim almaga şertleri döretmekden ybaratdyr.

Türkmenistanda amala aşyrylýan hünär bilimi bazar şertlerinde işlemäge taýýar hem-de ukyply zähmet serişdeleriniň ösdürilmegini üpjün edýär we şahsyýetiň bilime bolan talaplaryny kanagatlandyrýar. Ýokary okuw mekdepleriniň birnäçesinde talyplary okatmak býujet esasynda, şeýle hem töleg usulynda amala aşyrylýar.

Türkmenistanda orta hünär okuw mekdepleriniň 45-si hem-de ýokary hünär mekdepleriniň 26-sy hereket edýär, olarda mugallymçylyk, medeniýet, sungat, lukmançylyk, maliýe we ykdysadyýet, söwda, bank işi, ulag, oba hojalygy, syýahatçylyk, nebitgazhimiýa ugurlary boýunça orta we ýokary derejeli hünärmenler taýýarlanylýar. 2023-2024-nji okuw ýylynyň başyndaky maglumatlara görä, orta hünär okuw mekdeplerinde 26,7 müň okuwçy hem-de ýokary hünär bilim edaralarynda 75,5 müň talyp bilim alýar.

Ýurdumyzyň bilim ulgamynda alnyp barylýan halkara hyzmatdaşlygy netijesinde türkmen ýaşlarynyň bilim alýan daşary ýurt okuw merkezleriniň hem-de ýokary okuw mekdepleriniň gerimi ýyl-ýyldan giňelýär, olarda okamak gazanylan hökümetara ylalaşyklary esasynda amala aşyrylýar. Türkmen ýigitleriniň we gyzlarynyň Türkiýäniň, Malaýziýanyň, Rumyniýanyň, Hytaýyň, Belarusyň, Russiýanyň we beýleki döwletleriň iri ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaga mümkinçilikleri bar.

Halkara bilim maksatnamalarynyň çäklerinde Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň hem-de dünýäniň meşhur ylym-bilim merkezleriniň, şeýle hem ugurdaş halkara guramalaryň arasynda netijeli hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýuldy.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde magistratura, aspirantura, doktorantura we hünäri ýokarlandyrmak boýunça fakultetler hereket edýär.

Döwlet bilim maksatnamasynda ylmy–mugallymçylyk işgärleriniň taýýarlanylmagyna uly orun berilýär.

### Ylym

Türkmenistanyň ylmy-tehniki mümkinçiliklerine ýurdumyzyň ylmy edaralary, gözleg institutlary we

ýokary okuw mekdeplerindäki gözleg merkezleri wekilçilik edýärler.

Türkmenistanda abraýly ýöriteleşdirilen halkara guramalary, dürli ýurtlaryň esasy ylmy merkezleri bilen hymatdaşlygyň ösdürilmegine aýratyn üns berilýär.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy döwlet ylmy-tehniki syýasaty emele getirmek we ony durmuşa geçirmek ulgamynda ygtyýarly döwlet edarasy bolup durýar, onuň düzümine 5 ylmy-barlag edarasy girýär. Olaryň hatarynda Halkara ylmy-tehnologiýa parky, Taryh we arheologiýa instituty, Himiýa instituty, Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar instituty, Seýsmologiýa



we atmosferanyň fizikasy instituty bar. Ylymlar akademiýasynyň institutlary bilen bir hatarda, ýurdumyzda pudaklaýyn ylmy-barlag institutlary we edaralary hereket edýär.

Ylmy edaralaryň esasy iş ugurlary:

– mineral, gidromineral we uglewodorod çig mallaryny toplumlaýyn gaýtadan işlemek üçin fiziki-himiki esaslaryny işläp düzmek;

– pudaklaýyn ylmy-tehniki we innowasion işläp taýýarlamalar hem-de gözlegler, şol sanda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini ulanmak pudagynda ylmy barlaglar;

– Türkmenistanyň çäginiň seýsmikligini öwrenmek ugrundaky ylmy we amaly gözlegler;

– ýerli we daşary ýurt ösümliklerini öwrenmek, ösümlikleriň genetikasyny, fiziologiýasyny we biohimiýasyny öwrenmek, goramak hem-de olardan rejeli peýdalanmak babatynda düýpli we amaly gözlegleri geçirmek;

– iri we ownuk şahly mallaryň seçgiçilik we tohumçylyk işleri;

– tebigy ösümlik, mineral we beýleki serişdeleriň esasynda dermanlary döretmek hem-de ulanmak pudagynda gözlegler;

– türkmen diliniň we türkmen edebiýatynyň dil bilimini öwrenmek, köp ugurly sözlükleri düzmek;



– Türkmenistanyň taryhyny, medeniýetini we etnografiýasyny öwrenmek;

– türkmen taryhynyň, diliniň we halk döredijiliginiň golýazma çeşmelerini öwrenmek, Gündogar golýazmalarynyň tekstologik barlaglaryny geçirmek.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parky we beýleki edaralar dürli ugurlarda gözlegleriň üstünde netijeli işleýär. Ýangyç-energetika toplumyna innowasiýalary ornaşdyrmak, energiýa çeşmelerini tygşytlamak, alternatiw energiýa çeşmelerini işläp taýýarlamak we uglewodorod ýataklaryndan netijeli peýdalanmak ýaly meseleler üstünlikli çözülýär.

Akademiki we ýokary okuw mekdep ylymlarynyň özara täsirine, işgärleri taýýarlamak we önümçilik ulgamlaryna, ylmy edaralaryň bazar şertlerine uýgunlaşmagyna aýratyn üns berilýär.

Ýurdumyzda döwrebap ylym-bilim pudagy kemala getirildi, ylymda we tehnologiýada gazanylan üstünlikleri özleşdirmek üçin giň mümkinçilikler döredildi.

Türkmenistanda talyplary täzeçil pikirlenmäni, döredijilik başlangyçlaryny, ulgamlaýyn nazary bilimleri we amaly başarnyklary kemala getirýän ylmy-barlag işlerine çekmek üçin ylym we bilim ulgamynda özgertmeler geçirildi. Ylymlar akademiýasynyň institutlary ýokary okuw mekdepleriniň garamagyna berildi. Maldarçylyk we weterinariýa instituty – Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň, Ylymlar akademiýasynyň Gün energiýasy instituty – Döwlet energetika institutynyň, Umumy we amaly biologiýa instituty – Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň garamagyna berildi.

## Saglygy goraýyş

Saglygy goraýyş ulgamynyň hemmetaraplaýyn ösdürilmegi we raýatlaryň saglygyny berkitmek döwlet syýasatynyň strategiki maksatlarynyň biridir.

Türkmenistan keselleriň öňüni almak boýunça çäreleri amala aşyrýan döwletleriň hatarynda, hususanda, ilaty waksinalar we immunizasiýa bilen üpjün etmegiň derejesi boýunça öňdäki orunlaryň birini eýeleýär. Türkmenistanda waksina sanjymlary tölegsiz geçirilýär.

Ýurdumyzda «Saglyk» döwlet maksatnamasy üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ol ilatyň saglygyny goramagyň milli nusgasyny döretmek boýunça milli saglygy goraýyş ulgamynyň öňünde goýlan maksatlaryň we wezipeleriň durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir. Bu keselleriň öňüni almak we bejermek boýunça çäreleri, lukmançylyk hyzmatlarynyň hiliniň ýokarlandyrylmagyny,



sagdyn durmuş ýörelgeleriniň ornaşdyrylmagyny, beden terbiýesiniň ýokarlandyrylmagyny, ilaty bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaga giňden çekmegi we beýlekileri öz içine alýar.

Soňky ýyllarda ýurdumyzyň ähli sebitlerinde döwrebap klinikalar hem-de ylmy-kliniki merkezler guruldy we gurulmagy dowam edýär, enjamlaşdyrylyşy we hödürleýän hyzmatlarynyň görnüşleri boýunça daşary ýurtlardaky ugurdaş edaralardan yzda galmaýan dürli lukmançylyk we şypahana-dynç alyş maksatly merkezleriň durky täzelenýär, dünýäniň öňdebaryjy lukmançylyk we ylmy-barlag edaralary bilen işjeň hyzmatdaşlyk alnyp barylýar.

«Saglyk» döwlet maksatnamasynyň tapgyrlaýyn durmuşa geçirilmegi we ilatyň arasynda kesellemegiň derejesini peseltmek strategiýasynyň alnyp barylmagy esasynda Türkmenistanda keselleriň köp sanly görnüşi doly ýa-da bölekleýin ýok edildi.

Türkmenistan saglygy goraýyş ulgamynda halkara guramalaryň baýraklary we güwänamalary bilen sylaglandy. Olaryň hatarynda:













– Drakunkulýoz keselinden azat edilendigi baradaky Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň Halkara Güwänamasy;

– Poliomiýelitiň doly ýok edilendigini tassyklaýan ýiti poliwirusyň ýaýramagynyň bes edendigi barada Halkara Güwänama;

– ÝUNISEF, Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy we Ýod ýetmezçilik kesellerine gözegçilik etmek boýunça Halkara geňeşi tarapyndan gowşurylan Türkmenistanda ýod ýetmezçiligi bilen bagly keselleri durnukly ýok etmek üçin duzy ýodlaşdyrmaklygy gazanandygy hakynda Halkara Güwänama;

– Türkmenistanda gyzzyrma keseliniň ýok edilendigi hakynda Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň Halkara Güwänamasy;

– Unuň ýokumyny güýçlendirmek (fortifikasiýalaşdyrmak) işinde öňdebaryjylygy üçin sylag;

– Temmäkä garşy göreşmek ugrunda goşan uly goşandy üçin Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň Ýadygärlik medaly we Minnetdarlyk şahadatnamasy;

– Gyzamyk we gyzylja keselleriniň ýok edilendigi barada Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň Halkara Güwänamasy bar.

Enäni we çagany goramak boýunça maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi döwlet syýasatynyň derejesine çykarylan saglygy goraýyş ulgamynyň düzüm bölegidir. Ýurduň ähli künjeklerinde ýokary derejede enjamlaşdyrylan «Ene mähri» merkezleriniň döredilmegi, enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş ylmy-kliniki merkeziň açylmagy we işjeň işlemegi, çagany ene süýdi bilen iýmitlendirmek we ganazlyk bilen göreşmek boýunça milli maksatnamanyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi iri halkara guramalar tarapyndan ýokary baha mynasyp boldy.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy hem enäni we çagany goramak ulgamyna işjeň gatnaşýar. Bularyň hemmesi milli saglygy goraýyş ulgamyny döwrebaplaşdyrmakda, her bir adamyň ýaşaýyş derejesini we abadançylygyny ýokarlandyrmakda oňyn netijeleriň gazanylýandygynyň subutnamasydyr.

Saglygy goraýyş ulgamynda şypahana bejergisine uly üns berilýär. Ýurdumyzda «Bagabat», «Arçman», «Ýyly suw», «Mollagara», «Farap», «Daşoguz», «Berzeňňi» şypahanalary we sagaldyş merkezleri, ýürek-damar kesellerini we böwrek kesellerini bejermek boýunça Baýramaly şypahanasy hereket edýär. «Awaza»





milli syýahatçylyk zolagynda ilata dynç alyş we beýleki ýokary hilli bejeriş we dynç alyş-şypahana hyzmatlaryny bermek boýunça sagaldyş merkezleri guruldy. Ähli şypahanalar iň döwrebap lukmançylyk enjamlary bilen enjamlaşdyrylandyr, hassalaryň halkara ülňülere laýyklykda bejergi we dynç almaklary üçin ähli şertler döredilendir.

Türkmenistan saglygy goraýyş ulgamynda dünýäniň ýurtlary we öňdebaryjy halkara düzümler bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy yzygiderli pugtalandyrýar. Telelukmançylyk we telemaslahatlar arkaly tejribe alyşmak, şeýle hem lukmançylyk tejribesine öňdebaryjy usullary ornaşdyrmak boýunça gatnaşyklar işjeňleşdirilýär. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen düzümleri, şol sanda BSGG bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär, lukmançylyk we ylmy diplomatiýa pudagynda hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny öňe sürýär.

Ýokary hünär derejeli işgärleri taýýarlamak saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmegiň esasy wezipeleriniň biridir. Saglygy goraýyş işgärlerini taýýarlamak we olara bilim bermek, hünär derejesini ýokarlandyrmak ulgamy milli lukmançylyk ugurly bilim edaralarynyň esasynda hem-de talyplary daşary ýurtlarda okatmak arkaly kämilleşdirilýär. Soňky ýyllarda türkmen lukmanlary dürli ýurtlaryň iri lukmançylyk merkezlerinde okuwlary we hünär tejribeligini geçdiler.











**Medeniýet**

Häzirki wagtda ýurdumyzda 38 sany döwlet muzeýi hereket edip, olar paýtagtymyzda we ähli welaýatlarda ýerleşýärler. Olaryň hatarynda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýi we onuň binýadynda hereket edýän Türkmenistanyň Prezidentiniň muzeýi, Taryh we etnografiýa muzeýi, şeýle hem muzeýiň «Garaşsyzlyk», «Galkynyş» we «Bitaraplyk» şahamçalary bar. Paýtagtymyzda Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Şekillendiriş sungaty muzeýi, Türkmen halysynyň milli muzeýi, Janly tebigatyň milli muzeýi ýerleşýär. «Gökdepe» Milli muzeýini, Türkmenistanyň Milli «Ak Bugdaý» muzeýini hem iri muzeýleriň hatarynda görkezip bolar.

Türkmenistanyň muzeýleri sergileriniň özboluşlylygy bilen tapawutlanýar, olaryň döwrebap binalary şäherleriň binagärlik aýratynlyklary bilen ajaýyp sazlaşygy emele getirýär.

Welaýat merkezleriniň hemmesinde Taryhy we ýerli taryh muzeýleriniň ajaýyp döwrebap binalary guruldy. Her muzeýiň binasynyň taslamasy ol ýa-da beýleki welaýatyň

çäginde ýerleşýän özboluşly taryhy ýadygärlikleriň binagärlik çözgütlerine esaslanyp işlenip düzüldi.

Ýurdumyzda kitaphana işine hem uly üns berilýär. Etraplarda, şäherlerde we obalarda täze, köpçülige açyk jemgyýetçilik kitaphanalarynyň ulgamy döredilýär. Häzirki wagtda welaýat kitaphanalarynyň binalary ähli welaýat merkezlerinde guruldy, olar özboluşly binagärlik çözgütleri bilen tapawutlanýarlar we kitaphananyň hyzmatlary üçin innowasion tehniki serişdeler bilen üpjün edilendir, şeýle hem elektron kataloglar we elektron kitaplar bilen enjamlaşdyrylandyr.

Döwletiň goldawy bilen Türkmenistanda teatr sungaty mynasyp ösüş ýoluna düşdi. Häzirki wagtda türkmen halkynyň gahrymançylykly geçmişini we häzirki döwrüň ruhuny görkezýän täze dramaturgiýasy kemala gelýär. Täze gurlan teatr binalary paýtagtyň we welaýat merkezleriniň binagärlik keşbi bilen sazlaşýar.







## Sport

Ýurdumyzda bedenterbiýäni we sporty ösdürmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar hem-de halkyň saglygyny berkitmäge, beden taýdan güýçli we ruhy taýdan baý ýaş nesli terbiýeläp ýetişdirmäge ýardam berýän häzirki zaman infrastrukturasy döredildi. Soňky ýyllarda halkara ülňülere laýyk gelýän sport toplumlary guruldy we ulanmaga berildi: Buzly köşk, Sportuň suwdaky görnüşleriniň toplumy, Sportuň gyşky görnüşleri boýunça sport toplumy, ýaş olimpiýaçylary taýýarlaýan sport mekdep-internaty, «Aşgabat» köp ugurly stadiony. Ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda stadionlar, sport zallary, ýüzülýän howuzlar we köp sanly açyk sport meýdançalary hereket edýär, häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän sport mekdepleri we sport desgalary gurulýar.

Hazar deňziniň kenarynda ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda häzirki zaman sport meýdançalary guruldy we ulanmaga berildi.

Halkara ülňülere laýyk gelýän häzirki zaman sport toplumlaryna eýe bolmak bilen, Aşgabat sportuň dürli görnüşleri boýunça abraýly halkara we sebit ýaryşlarynyň geçirilýän merkezine öwrüldi. Türkmenistanyň paýtagtynda her ýyl futbol, hokkeý, sambo we beýleki sport görnüşleri boýunça halkara ýaryşlar geçirilýär. Aşgabatda Merkezi Aziýanyň iň iri sport desgalarynyň toplumy – Olimpiýa şäherçesi guruldy, bu ýerde 2017-nji ýylda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary, 2018-nji ýylda Agyr atletika boýunça dünýä çempionaty, 2023-nji ýylyň noýabrynda bolsa Kuraş boýunça 14-nji dünýä çempionaty geçirildi.













Adaty milli oýun görnüşlerini we ýaryşlaryny öwrenmeklige hem-de gaýtadan dikeltmäge, olara sport ýaryşlary derejesini bermeklige uly üns berilýär. Göreş, düzzüm, ýaglyga towusmak ýaly milli sport görnüşleri yzygiderli ösdürilýär we kämilleşdirilýär.

Şunuň bilen birlikde, Bütindünýä saglyk gününiň döwlet derejesinde bellenilýändigini bellemek gerek.

2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň çäklerinde Türkmenistanyň başlangyjy bilen 3-nji iýuny Bütindünýä welosiped güni diýip yglan etmek hakynda Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi ýurdumyzyň halkara sport hereketine we sagdyn durmuşyň ählumumy ýörelgelerine ygrarlydygynyň aýdyň subutnamasy boldy. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda köpçülikleýin welosiped ýörişiniň geçirilýändigini bellemek gerek.











## Syýahatçylyk we dynç alyş

Syýahatçylyk Türkmenistanda ykdysadyýetiň soňky ýyllarda batly depginler bilen ösýän pudaklarynyň biridir. Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi bolan Türkmenistanyň çäginden asyrlaryň dowamynda Gündogaryň we Günbataryň halklaryny baglanyşdyrýan söwda ýollary geçipdir. Bu gadymy söwda ýoly häzirki wagtda Merkezi Aziýanyň iň meşhur syýahatçylyk ugurlarynyň biridir. Müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan türkmen halkynyň özboluşly medeniýeti, dürli tebigy gözellikleri, taryhy-arheologik ýerleri bütin dünýäde uly gyzyklanma döredýär, şypahana-dynç alyş ulgamyny, ekologik, arheologik, etnografik we sport syýahatçylygyny ösdürmek üçin ajaýyp şertleri döredýär.

Syýahatçylygy guramak üçin amatly myhmanhanalardan, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryndan, hojalyk hyzmatlaryndan we halkara standartlarynyň talaplaryna laýyk gelýän beýleki desgalardan ybarat hyzmatlar ulgamy hereket edýär.

Häzirki wagtda Hazar deňziniň kenarynda ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda dynç almak we adamlaryň saglygyny gowulan-







dyrmak üçin ähli şertleri döredýän myhmanhanalar we ajaýyp saglyk şypahanalary bar. Seýilgäh we güýmenje toplumlary, saglyk merkezleri, çagalar sagaldyş merkezleri we uly sport desgalary açylan.

Syýahatçylaryň arasynda iň meşhur ugurlaryň biri hem täsin tebigy ýadygärlik – Bäherdende ýerleşýän Köwata gowagydyr. Ol millionlarça ýylyň dowamynda karbonat çökündileriniň netijesinde emele gelipdir. Ol Aşgabatdan 90 km günbatarda, Köpetdag daglarynda ýerleşýär. Gowagyň umumy uzynlygy 230 m, esasy girelgesinden çuňlugy 65 m-e barabar, ini – 50 m, beýikligi –15 metrden 26 metre çenli. Gowagyň çäginiň köp bölegini bejeriş aýratynlyklary bilen tanalýan köl eýeleýär. Onuň uzynlygy – 72 m, ini – 30 m, ortaça çuňlugy – 10 m. Kölüň suwunyň temperaturasy ýylyň dowamynda üýtgemeýär +33°C-den +37,5°C-ä çenli, kükürtli wodorod bilen doýgun suwuň düzüminde dürli himiki elementleriň köp mukdary saklanýar.

Türkmenistanyň günorta-gündogar böleginde, Amyderýanyň sag kenarynda, Pamir-Altaý dag ulgamyna girýän Gissar dag gerşiniň şahasy bolan Köýtendagda köp sanly täsin tebi-



gy ýadygärlikler bar. Köýtendag daglary iň gadymy diýlip kesgitlenýär we bu ýerde gumdaşdan we hek daşlaryndan başga-da, ýura döwrüniň dag jynslary duş gelýär. Köýtendag daglarynda birnäçe täsin tebigy gözellikler ýerleşýär. Olaryň hatarynda 28 m belentlikden akýan şaglawugy bolan ajaýyp, aýlawly Umbar dere kanýony, Gaýnar baba kükürt-wodorodly termal çeşmesi, Kyrk gyz deresi, Unaby jeňňeli we Köýten ýerasty süýji suw köli bar.

Hojapil ata obasynyň golaýyndaky Dinozawrlar platosy (uzynlygy 500 m, ini 200 m) aýratyn gyzyklanma döredýär. Onda gadymy dinozawrlaryň (ýokarky ýura döwri, takmynan, 150 million ýyl ozal), şol sanda ösümlikler bilen iýmitlenýän iguanodontlaryň we ýyrtyjylaryň 2500-den gowrak aýak yzlary saklanyp galypdyr. Uly dinozawrlaryň aýak yzlarynyň diametri 70-80 sm, ädiminiň arasynyň uzynlygy 1,5 m, şeýlelikde, dinozawrlaryň bedeniniň uzynlygy 8 – 12 m, boýy 5 metre çenli, agramy 5 – 10 tonna aralygynda bolupdyr.

Ýene Köýtendagyň iň üýtgeşik ýeri – meşhur Garlyk ýerasty gowaklarydyr. Rowaýata görä, bu ýerden Teýmirleňiň gubury üçin oniks alnypdyr. Gapgotan gowagy gipsden, kalsitden, oniksden we argonitlerden emele gelen stalaktitler we stalagmitler bilen bezelen zallaryň galereýasydyr. Dünýädäki iň owadan gowaklaryň biri hem







Gülşirin gowagy we onuň meşhur Erteki zalydyr. Garlyk gowaklary dürli görnüşdäki minerallaryň ajaýyp dürlüligini öz içine alýandygy üçin dünýäde özboluşly tebigy hadysa diýlip ykrar edildi.

Türkmenistanyň özboluşly tebigy künjekleriniň biri hem ýurduň demirgazyk-günbatarynda, Balkan welaýatynda, Türkmenbaşy şäheriniň 160 km gündogarynda ýerleşýän Ýangy gala kanýonlarydyr. Kanýonlaryň bu ady dag gerişlerini we uçut gaýalary emele getirýän dag jynslarynyň gyzyl reňki bilen baglanyşyklydyr. Şemal we ýagyşlar bilen nagyşlanan ak, sary, sarymtyl-gyzyl, goýy gyrmyzy we gyzyl reňkdäki gaýalar daş galalara örän meňzeşdir. Kanýonlar Gün ýaşanda, ýagny töwerekdäki zatlaryň hemmesi gyzyl reňke boýalanda aýratyn owadandyr.



## 2.5. Senagat pudagy

Senagat Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň möhüm pudagy bolup, ýurduň durnukly durmuş-ykdysady ösüşinde möhüm orny eýeleýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň senagaty dürli uglewodorod mineral baýlyklaryny çykarmak we gaýtadan işlemek, şeýle hem azyk we azyk däl oba hojalygy çig mallaryny gaýtadan işlemek esasynda emele gelen köp ugurly toplumdyr.

Häzirki wagtda senagat pudagynda onuň ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmaga we senagat önümleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, öňdebaryjy ýokary tehnologiýaly çözgütleri ornaşdyrmaga, täze kärhanalary gurmaga we bar bolanlary döwrebaplaşdyrmaga, maýa goýumlary we innowasion işjeňligi goldamaga gönükdirilen giň gerimli maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi dowam etdirilýär. Ýurdumyzda senagat pudaklarynyň mundan beýläk-de okgunly ösmegini üpjün etmek üçin berk binýat döredildi.

Senagat önümçiliginiň pudaklaýyn gurluşynda nebitgaz toplumy möhüm orny eýeleýär. Bu toplumyň düzümine gaz öndürýän we gazy gaýtadan işleýän, nebit öndürýän we nebiti gaýtadan işleýän pudaklar girýär. Nebitgaz toplumynyň pudaklary ýurdumyzyň eksport kuwwatyny we döwlet býujetini emele getirmek üçin möhüm ähmiýete eýedirler. Ýurdumyzyň eksport gir-

**Senagat önümi, mlrd manat**





dejisiniň esasy önümleri tebigy gaz, nebit, şeýle hem suwuklandyrylan gaz, polipropilen, awiasiýa ýangyjy, dürli kysymly benzinler, binýatlyk ýag ýaly nebitiň we gazyň gaýtadan işlenmegi esasynda alynýan önümlerdir.

Nebitgaz pudagynda möhüm önümçilik desgalaryny gurmak boýunça işler dowam etdirilýär, şunda esasy üns uglewodorod çig malyny senagat taýdan çuňňur gaýtadan işlemäge, täze innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmaga we dünýäniň energiýa serişdeleriniň bazarynda bäsdeşlige ukyply ýokary hilli önümleriň önümçiligini artdyrmaga gönükdirilendir.

**Gaz senagaty** – ykdysadyýetiň möhüm pudagy bolmak bilen, ýurdumyzyň nebitgaz toplumynyň ägirt uly mümkinçiliklerinden ýokary derejede peýdalanmakda aýratyn orny eýeleýär. Türkmenistan milli ýangyç-energetika toplumynyň giň gerimli ösdürilmegine hem-de gazyp almak işleriniň, önümçiligiň, gaýtadan işlemegiň we eksportyň möçberlerini hem-de ösüş depginlerini ýokarlandyrmak, şeýle hem tebigy gazyň iberilýän eksport ugurlaryny diwersifikasiýalaşdyrmak arkaly bu toplumyň



halkara energetika ulgamyna işjeň goşulyşmagyna gönükdirilen energetika strategiýasyny yzygiderli we ynamly durmuşa geçirmegi dowam etdirýär.

Türkmenistan dünýä bazarlaryna energiýa serişdeleriniň üpjünçiliginiň utgaşdyrylan we köp görnüşli ulgamynyň emele gelmegi ugrunda çykyş edýär. Amatly geosyýasy ýagdaýy, milli ykdysadyýetiň çalt depginler bilen ösmegi, baý uglewodorod gorlarynyň bolmagy netijesinde, şeýle hem dünýäniň energetika bazarynda öňdebaryjy ýurtlaryň biri bolmak bilen, ýurdumyz soňky ýyllarda ygtybarly we geljegi uly hyzmatdaş hökmünde halkara derejede uly abraý gazandy.

Taryh üçin gysga wagtyň içinde çekilen daşary ýurt maýa goýumlarynyň üsti bilen ençeme iri taslamalar öňe sürüldi we durmuşa geçirildi, olaryň köpüsi diňe bir döwletimiziň nebitgaz toplumynyň ykdysady kuwwatyny mundan beýläk-de artdyrmak üçin möhüm ähmiýete eýe bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ählumumy energetika howpsuzlygyny berkitmekde hem wajyp orny eýeleýärler.

Eksport infrastrukturasy ýurdumyzda öndürilýän gazyň ýarysyndan







gowragyny emele getirýän energiýa serişdeleriniň demirgazyk, gündogar we günorta ugurlary boýunça gazgeçirijiler arkaly iberilmegini üpjün etmäge mümkinçilik döredýär.

Gündogar Ýewropa bazarynyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin gerek bolan serişde binýadyna eýe bolmak bilen, türkmen tebigy gazynyň günbatara iberilmegi, köp görnüşli turbageçiriji infrastrukturasynyň döredilmegini üpjün etmek ileri tutulýan ugurlaryň biri hasaplanýar. Ýewropa ýurtlarynyň energetika howpsuzlygyna bahasyna ýetip bolmajak goşant goşup biljek bu möhüm infrastruktura taslamalarynyň biri Hazarüsti gazgeçirijisiniň taslamasydyr. Türkmenistan bu ugurda Ýewropa Bileleşigi we ähli gyzyklanma bildirýän kompaniýalar bilen uzak möhletleýin esasda özara bähbitli hyzmatdaşlyga taýýardyr.

Ýurdumyzyň gazgeçiriji ulgamyny ösdürmegiň we türkmen tebigy gazyny daşamak üçin täze eksport işläp düzmegiň hem-de ony ösdürmegiň çäklerinde 2015-nji ýylda uzynlygy 800 kilometre barabar bolan we taslama kuwwaty ýylda 30 milliard kubmetr gaza deň bolan «Gündogar – Günbatar» içerki gazgeçirijisiniň gurluşygy tamamlanyp, ulanmaga berildi. Bu taslama Türkmenistanyň gündogar sebitindäki iri ýataklardan alynýan gazy Hazar deňziniň kenaryna, şeýle hem Hazar deňziniň türkmen kenarýakasynda öndürilýän gazy ýurdumyzyň gündogar sebitine ibermäge mümkinçilik berýär.

Mundan başga-da, ileri tutulýan taslamalaryň birini – umumy uzynlygy 1800 km-den gowrak we taslama kuwwaty ýylda 33 milliard kubmetr gaza deň bolan «Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan» (TOPH) transmilli gazgeçirijisiniň gurluşygyny durmuşa geçirmek boýunça işler alnyp barylýar.








3L


MOTOR
YAGY










TRANSMISSIYA YAGY
HAS YOKARY HILLI
3L


TÜRKMEN YAG
HAS YOKARY
ÄHLI PASYL
10L



Energetika strategiýasy ýurdumyzy senagat taýdan ösdürmäge, ýokary tehnologiýaly we ekologiýa taýdan arassa önümçiligi bolan innowasion ykdysadyýeti kemala getirmäge gönükdirilendir.

Häzirki wagtda tebigy gazy gaýtadan işleýän täze önümçilikleri döretmek we bar bolanlarynyň mümkinçiliklerini giňeltmek, gazhimiýa önümçiligini kämilleşdirmek Türkmenistanyň senagat syýasatynyň ileri tutulýan wezipesi we ony ösdürmegiň ugurlarynyň biri bolup durýar.

Gazhimiýa pudagynda täze ugurlary ösdürmek we gözlemek boýunça işjeň işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan diňe bir tebigy gaz we nebit çig maly ýaly gaýtadan işlenmedik energiýa çeşmeleriniň bazaryndaky ornuny has-da giňeltmek bilen çäklenmän, eýsem, gymmatbahaly gazhimiýa önümleriniň has girdejili bazarynda-da mynasyp orun alar.

Gazy gaýtadan işleýän senagaty ösdürmek Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň mundan beýläk-de ösmeginiň, onuň tehnologik howpsuzlygynyň ýokarlandyrylmagynyň, önümleriň bazarlarynyň giňeldilmeginiň we diwersifikasiýalaşdyrylmagynyň, milli ykdysadyýetiň ähli pudaklaryny diýen ýaly höweslendirmegiň esasy şertleriniň biridir. Bu ýerde gürrüň uglewodorod gazlaryny toplumlaýyn gaýtadan işlemek barada barýar. Munuň özi



ýokary goşmaça gymmaty we ýokary eksport mümkinçiligi bolan dürli ösen himiki önümleriň – polimer materiallarynyň, sintetik süýümleriň, iri organiki önümleriň, sintetik ýuwujy serişdeleriň, üstki-işjeň serişdeleriň we beýleki möhüm himiki önümleriň öndürilmegini üpjün edýär.

Ýakyn geçmişde aşakdaky iri maýa goýum gazhimiýa taslamalarynyň işe girizilmegi bu ugurda möhüm waka boldy:

– Bahasy 3,4 milliard ABŞ dollaryndan gowrak bolan Gyýanlydaky polimer zawody «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan we «Hyundai Engineering Co.» hem-de «LG International» (Koreýa Respublikasy), şeýle-de «TOYO Engineering Corp.» (Ýaponiýa) kompaniýalary bilen bilelikde durmuşa geçirilip, 2018-nji ýylyň oktýabr aýynda işe girizildi. Gazhimiýa toplumy ýylda 386 müň tonna polietilen we 81 müň tonna polipropilen öndürmek üçin 5 milliard kubmetr tebigy gazy gaýtadan işlemäge niýetlenendir.

– Bahasy 1,7 milliard ABŞ dollary bolan Ahaldaky tebigy gazdan benzin öndürýän zawod «Türkmengaz» döwlet konserni tarapyndan hem-de «Kawasaki Heavy Industries Ltd.» (Ýaponiýa) we «Rönesans Endüstri Tesisleri Inşaat Sanayi we Ticaret A.Ş.» (Türkiýe) kompaniýalary bilen bilelikde durmuşa geçirilip, 2019-njy ýylyň iýun









aýynda ulanmaga berildi. Bu ýylda 1 milliard 785 million kubmetr tebigy gazy gaýtadan işlemek esasynda «EURO-5» standartyna laýyk gelýän «ECO-93» kysymly ekologiýa taýdan arassa benziniň 600 müň tonnasyny öndürmek kuwwaty bolan dünýädäki ilkinji iri senagat desgasydyr.

«Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, önümi paýlaşmak şerti bilen göni daşary ýurt maýa goýumlary esasynda amala aşyrylýan tebigy gazy çuňňur gaýtadan işlemek pudagynda täze iri senagat desgalarynyň işe girizilmegi diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, tutuş sebitiň ykdysady we durmuş ösüşine kuwwatly itergi berer. Täze önümçilik desgalary içerki sarp edişiň talaplaryny kanagatlandyrmaga mümkinçilik berer we eksport edilýän harytlaryň görnüşlerini artdyrar.

**Nebit çykaryjy** pudakda öňdebaryjy we innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak, nebit ýataklaryny özleşdirmek hem-de nebit ýataklarynyň önümçilik infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmak arkaly nebit önümçiliginiň möçberlerini ýokarlandyrmak boýunça taslamalaryň durmuşa geçirilmegi dowam etdirilýär. Burawlamak işleriniň artmagy bilen birlikde, barlag we önümçilik guýularynyň gurluşygynyň gerimi ep-esli ýokarlanýar.

**Nebiti gaýtadan işleýän senagatyň** binýadyny emele getirýän «Türkmennebit» döwlet konserniniň Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda (TNGIZT) we Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynda önümçiligiň möçberlerini artdyrmakda, önümleriň görnüşleriniň gerimini giňeltmekde we halkara ülňülerine laýyklykda öndürilýän önümleriň hilini ýokarlandyrmakda möhüm netijeler gazanyldy.

TNGIZT-de önümçilik maksatly innowasion taslamalaryň we ulag infrastruktura desgalarynyň durmuşa geçirilmegi dowam edýär. Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň we Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynyň kuwwatyny has-da ýokarlandyrmak boýunça çäreleriň toplumy işlenip düzüldi. Olaryň hatarynda dizel ýangyjyny gidro usulda arassalamak, katalitik izodeparfinizasiýa, mazutyň katalitik kreking işleri, gaýtadan işlenen benzini gidro usulda arassalamak, wodorod önümçiligi we beýleki amallar üçin niýetlenen desgalaryň gurluşygy bar.

TNGIZT-de mazuty wakuum usulynda gaýtadan işlemek, ýeňil olefin-



leri alkilirlemek we izomerizasiýa etmek, benzin bilen polipropileniň garylmagy üçin desgalaryň işe girizilmegi bäsdeşlige ukyply täze önümleri öndürmäge mümkinçilik berýär.

Bu pudagy ösdürmegiň geljegi uly ugurlarynyň biri hem senagat, gurluşyk, ulag, oba hojalygy pudaklarynda ulanylýan ýüzlerçe görnüşli önümi, şeýle hem hojalyk harytlarynyň giň



görnüşlerini öndürmekde esasy serişde bolan polimer öndürmek üçin iri önümçilik desgalaryny döretmekdir.

**Türkmenistanyň elektroenergetika toplumy** senagatyň binýatlyk pudagy bolup, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösmeginde möhüm ähmiýete eýedir. Bu pudakda bar bolan gazturbinaly elektrik stansiýalaryny mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmaga we täzelerini gurmaga gönükdirilen giň gerimli taslamalar durmuşa geçirilýär, täze elektrik geçirijileri çekilýär, onlarça paýlaýjy elektrik stansiýalary gurulýar, ýurdumyzyň şäherleriniň we ilatly nokatlarynyň energiýa üpjünçiligi we yşyklandyryş ulgamlary täzelenýär.

Häzirki zaman energiýa öndüriji desgalar Türkmenistanyň hakyky we jemgyýetçilik pudaklarynyň elektrik zerurlyklaryny doly kanagatlandyrýar, şunuň bilen baglylykda, olaryň işjeň giňeldilmegi diňe bir ýurdumyzyň öndürijilik güýçlerini uzak möhletleýin ösdürmek bilen çäklenmän, eýsem, täze daşary bazarlary özleşdirmek strategiýasy bilen hem baglanyşyklydyr.

Soňky ýyllarda pudagyň infrastrukturasynyň täze gazturbinaly elektrik stansiýalary bilen üsti ýetirildi. Lebap welaýatynyň Çärjew etrabynda kuwwatlylygy 149,2 mWt bolan Lebap döwlet elektrik stansiýasy işe girizildi. 2021-nji ýylda şol stansiýanyň çäginde umumy kuw-

**«Türkmenenergo» döwlet elektroenergetika korporasiýasynyň elektrik stansiýalary tarapyndan elektroenergetika önümçiligi, mln kWt/sag.**









waty 432 mWt bolan 3 sany goşmaça gazturbinaly desga ulanmaga berildi. Şeýle-de bu welaýatda kuwwatlylygy 254 mWt bolan «Watan» döwlet elektrik stansiýasy işe girizildi.

Hereket edýän Mary DES-i kuwwaty 146,7 mWt bolan täze desgalar bilen döwrebaplaşdyryldy, şeýle hem Mary DES-niň çäginde kuwwatlylygy 1574 mWt bolan ilkinji utgaşykly dolanyşykda işleýän bug-gaz elektrik stansiýasy bina edildi.

Paýtagtymyzda energiýa üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen, Ahal welaýatynda hereket edýän Ahal elektrik stansiýasynda umumy kuwwaty 393,9 mWt bolan 5 sany gazturbinaly enjam oturdyldy, bu bolsa elektrik stansiýasynyň umumy kuwwatyny 648,1 mWt ýokarlandyrdy. Şeýle-de bu welaýatda kuwwatlylygy 504,4 mWt bolan täze Derweze elektrik stansiýasy guruldy.

Içerki sarp edijileriň energiýa bilen üpjünçiliginiň üznüksizligini we ygtybarlylygyny, şeýle hem elektroenergiýanyň eksport edilýän ugurlarynda dowamlylygy üpjün etmek üçin ýurdumyzyň energiýa önümçiligi kuwwatyny emele getirýän ulanyşdaky gazturbinaly desgalara öz wagtynda tehniki hyzmatlary etmek



we çalt abatlamak zerurlygy ýüze çykýar. Şunuň bilen baglylykda, Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynda Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkezi guruldy, bu bolsa ýurdumyzyň ýokary hünär derejeli hünärmenleri tarapyndan enjamlaryň abatlaýyş we hyzmat ediş işlerini gysga möhletlerde amala aşyrmaga mümkinçilik berdi.

Tapgyrlaýyn amala aşyrylýan ýurdumyzyň bir bitewi energiýa ulgamyny döretmek boýunça hem-de «Ahal-Balkan», «Mary-Ahal» we «Balkan-Daşoguz» ugurlary boýunça elektrik liniýalaryny gurmagy öz içine alýan taslama içerki sarp edijileriň elektrik energiýasy bilen üpjünçiliginiň üznüksizligini ygtybarlylygyny üpjün eder hem-de elektrik energiýasynyň eksport edilýän möçberlerini artdyrar.

Şol bir wagtyň özünde, 2021-nji ýylyň ýanwar aýynda Kerki (Türkmenistan) – Şibirgan (Owganystan) ugry boýunça elektrik geçiriji ulgamy ulanmaga berildi, şol ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan elektrik geçiriji ulgamynyň birinji tapgyrynyň (Türkmenistan bilen Owganystanyň serhedine çenli) gurluşygy tamamlandy.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň **himiýa senagaty** ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň iň çalt ösýän pudaklarynyň biridir.

Ýurdumyzda himiýa pudagynyň ösdürilmegine aýratyn üns berilýär.

**Mineral dökünleriň önümçiligi, müň tonna**















Diňe soňky 5 ýylda «Garabogazkarbamid» zawody, Gyýanlydaky polimer zawody, Owadandepedäki tebigy gazdan benzin öndürýän zawod ýaly iri himiýa desgalary işe girizildi.

Himiýa pudagyny ösdürmek strategiýasynyň, ilkinji nobatda, milli çig malyň ýokary derejede ulanylmagyna gönükdirilendigini bellemek gerek.

Tebigy gazyň dünýäde ykrar edilen uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistan energetika pudagynda hyzmatdaşlaryň türkmen uglewodorodlarynyň çeşmelerine we olary daşamagyň serişdelerine deňhukukly ygtyýarlylygy esasynda halkara hyzmatdaşlygy diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatyny alyp barýar.

Şunuň bilen baglylykda, bu uglewodorod çig malyny halkyň bähbidine iň doly we täsirli görnüşde ulanmak himiýa pudagynyň işgärleriniň öňünde durýan ileri tutulýan wezipeleriň biridir.

Bu strategiki taýdan möhüm wezipäniň çözülmegi içerki we daşarky bazarlarda uly islegden peýdalanýan dürli ýokary hilli önümleri öndürmäge mümkinçilik berýän, iň döwrebap tehnologiýalara esaslanýan tebigy gazy çuňňur gaýtadan işlemek boýunça täze desgalaryň gurulmagyny göz öňünde tutýar.









Ýakyn geljekde «Türkmenhimiýa» döwlet konsernini ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda, tehniki ýod, brom we ondan alynýan önümleri, hlor we ondan alynýan önümleri, karbamid, kaustik soda, ammiak selitrasy, geksen, izobutan we beýleki önümleri öndürmek boýunça goşmaça önümhanalaryň hem-de täze himiýa kärhanalarynyň gurluşygy babatda birnäçe geljegi uly maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi göz öňünde tutulýar.

Bu kärhanalar gurlanda diňe bir häzirki pursatda däl, eýsem, geljekde hem dünýä bileleşiginiň talaplaryna laýyk geljek iň döwrebap tehnologiýalary ulanmak meýilleşdirilýär.

Şunuň bilen baglylykda, atmosfera kömürturşy gazynyň zyňyndylarynyň iň pes derejesini üpjün edýän pes uglerodly tehnologik amallara uly üns berilýär. Şeýle tehnologiýalaryň biri hem gök ammiak diýlip atlandyrylýan tehnologiýa bolup, önümçiligiň dowamynda goýberilýän kömürturşy gazynyň doly diýen ýaly tutulmagyny üpjün edýär.

Himiýa pudagyny ösdürmegiň geljegi uly ugry wodorod önümçiligidir. Häzirki wagtda ösen ýurtlar gazylyp alynýan ýangyçlardan kem-

-kemden ýüz öwürýärler. Olaryň ornuna ekologiýa taýdan arassa energiýa çeşmelerine çalyşýalar. Wodorod hem şeýle alternatiwa öwrülýär.

Şunuň bilen baglylykda, häzirki wagtda Türkmenistanda wodorod energiýasyny ösdürmek boýunça milli strategiýany işläp düzmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanan 2022–2023-nji ýyllar üçin wodorod energiýasy pudagynda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin Ýol kartasyny durmuşa geçirmek üçin amaly ädimler görülýär.

Tebigy gazyň uly gorlaryndan başga-da, Türkmenistanda kaliý magdany ýaly gaty minerallaryň uly ätiýaçlyklary hem bar. Türkmenistanyň çäginde kaliý duzlarynyň ýüze çykmagy bilen geljegi uly ýataklar ýerleşýär. Kaliý magdanynyň ätiýaçlyklarynyň bahalandyrmasy we olaryň öwreniliş derejesi göz öňünde tutulyp, üç ýatak: Garlyk, Garabil we Tübegatan özleşdirmek üçin uly gyzyklanma döredýär. Olaryň hemmesi Türkmenistanyň günorta-gündogarynda, Lebap welaýatynda ýerleşýär.

Türkmenistan gidromineral çig malyň ätiýaçlyklary boýunça dünýäde öňdebaryjy orunlaryň birini eýeleýär. Bu ätiýaçlyklar Garabogazköl aýlagynyň we ýerasty ýod-brom suwlarynyň kristal we ýerüsti duzlaryny hem öz içine alýar.

Derman serişdelerini, elektronikany we beýleki sarp ediş önümlerini öndürmekde ýoduň giňden ulanyl-












Bottero



magy himiýa önümleriniň bazaryny ösdürmäge goşant goşýar.

«Türkmenhimiýa» döwlet konsernini ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda, ýakyn geljekde umumy önümçilik kuwwaty aşakda görkezilen ýod, brom we olardan emele gelen 3 sany aýratyn ýerleşýän täze zawodyň gurulmagy meýilleşdirilýär: ýod önümçiligi – ýylda 750 tonna, brom önümçiligi – ýylda 9 850 tonna, ýod we bromdan alnan önümleriň önümçiligi – taslamalara gatnaşyjylar bilen bilelikde geçiriljek dünýä bazarlarynyň marketing gözleglerine laýyklykda, taslamalara görä kesgitlener.

Garabogazköl aýlagy natriý sulfatynyň we beýleki peýdaly minerallaryň dünýädäki iň uly ýatagydyr. Aýlagyň mineral baýlyklary magniý, natriý duzlaryny, brom, bor we litiý birleşmelerini öndürmek üçin çig malyň tükeniksiz çeşmesidir.

**Gurluşyk serişdeleri senagaty** hem uly ösüş mümkinçiliklerine eýedir. Senagat önümçiliginiň gurluşynda pudagyň paýy soňky ýyllarda ösýär we esasy gurluşyk serişdeleriniň önümçiligi ep-esli artýar. Önümçilikde birnäçe täze kärhanalar – Owadandepe şäherindäki metallurgiýa we gazbeton zawodlary, Ahal, Balkan we Lebap welaýatlaryndaky sement












zawodlary peýda boldy. Häzirki wagtda ýurdumyzyň gurluşyk pudagyny milli önümçilige degişli ýokary hilli sement bilen doly üpjün etmek üçin mümkinçilikler döredilýär, şeýle hem bu görnüşli gurluşyk serişdeleriniň eksport üpjünçiligi ýola goýulýar.

Sement, magdan däl serişdeler, keramzit, diwar gurmak üçin serişdeler, gazbeton ýaly gurluşyk serişdeleriniň adaty görnüşleri bilen bir hatarda, bu pudakda täze innowasion önümler hem peýda boldy. Aýna önümçiligi hem import edilýän harytlaryň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilen önümleri öndürmek syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir.

Bu ugurda 2018-nji ýylda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Owadandepe şäherinde «Türkmenaýnaönümleri» kärhanasynyň ulanmaga berilmegi möhüm waka boldy. Pudagyň täze kärhanasy aýna önümçiliginde ösen float tehnologiýasyny ulanýan Merkezi Aziýanyň iň iri kärhanalarynyň biridir. Kärhananyň ähli önümleri ýokary halkara hil standartlaryna laýyk gelýär.

Ykdysadyýetimiz üçin täze pudak – **elektronika senagaty we enjamlaryň gurluşygy** pudagy importyň ornuny tutýan önümleri öndürmekde ägirt uly täsire eýedir. Elektron we elektrotehniki önümleri öndürmekde ýurdumyzyň telekeçileri möhüm wezipäni ýerine ýetirýärler. Olar önümçilikde, esasan, ýerli çig mallary we ösen tehnologiýalary ulanmaga ähmiýet berýärler. Häzirki wagtda bu pudakda LED çyralaryň, mekdep okuwçylary üçin öwrediji kompýuterleriň we netbuklaryň, 32, 42 we 55 dýuým diagonally täze smart «Tolkun» we «Zemin» telewizorlarynyň, 65 dýuým diagonally telewizorlaryň we ilatyň hojalyk zerurlyklary üçin niýetlenen beýleki elektrotehniki enjamlaryň önümçiligi ýola goýuldy. Şeýle hem Türkmenistanda elektron enjamlar – iki SIM kartly öýjükli telefonlar, smartfonlar («akylly» telefonlar), dürli görnüşli monobloklar, split-kondisionerler, internet toruny paýlaýjylar – routerler, şeýle hem agyz suwuny sowatmak we gyzdyr-



mak üçin niýetlenen kulerler köpçülikleýin öndürilip başlady.

Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde ýerleşýän, ýokary tehnologik mümkinçiliklere we tükeniksiz çig mal serişdelerine eýe bolan dokma senagaty kärhanalarynyň toplumlaýyn ösdürilmegi hem importyň ornuny tutmak we eksport ugurly harytlary öndürmek strategiýasynyň meselelerini çözmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanyň dokma senagaty köp ugurly önümçilik toplumynyň uly mümkinçiliklerine we baý zähmet däplerine eýe bolan senagat önümçiliginiň iň möhüm pudagydyr.

Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde bu pudaga degişli ýokary tehnologiýaly iri kärhanalar – dokma toplumlary, pagta egriji, dokma, tikin fabrikleri we beýleki kärhanalar guruldy hemde işe girizildi. Munuň özi içerki bazary dokma önümleri bilen doly üpjün etmäge we kuwwatly eksport çeşmesini döretmäge mümkinçilik berdi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda **dokma senagaty pudagynda** 30-dan gowrak maýa goýum taslamasy durmuşa geçirildi.

Işe girizilen kärhanalarda Ýaponiýanyň we Ýewropa ýurtlarynyň meşhur kompaniýalary tarapyn-

**Nah ýüplüginiň we matalaryň önümçiligi**
















BEDEW






BEDEW








ADT

ADT



dan öndürilen tehnologik enjamlar oturdyldy. Olaryň hatarynda «Rieter», «Benninger» (Şweýsariýa), «Trützschler», «Schlafhorst», «Zinser», «Monforst», «Küsters» (Germaniýa), «Marzoli», «Mario Crosta», «Reggiani», «Arioli», «Savio» (Italiýa), «Tsudakoma», «Juki», «Muratek» (Ýaponiýa), «Pikanol» (Belgiýa) we beýleki kompaniýalar bar.

Häzirki wagtda bu pudakda nah ýüplügini, jinsi matasyny, ştapel, trikotaž we dokma önümlerini, jorap önümlerini we beýlekileri öndürýän 60-dan gowrak kärhana hereket edýär. Türkmen dokma önümleri dünýäniň köp ýurtlarynda sarp edijilere iberilýär. Pudagyň kärhanalarynyň söwda öýleriniň orny has-da ýokarlanýar, bu bolsa satuwy artdyrmaga we dünýäde dokma önümleriniň ýerlenilişini ösdürmäge ýardam berýär.

Daşaryýurtkompaniýalarynyňgatnaşmagynda 13 sany bilelikdäki kärhana ulanmaga berildi. Olarda halkara hil, dolandyryş we marketing standartlarynyň iň döwrebap talaplaryna laýyk gelýän önümleriň önümçiligi ýola goýuldy.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň çek, täze önümçilikleriň ýola goýulmagy we bar bolan desgalaryň mümkinçilikleriniň artdyrylmagy dokma pudagynyň mundan beýläk-de ösmegine mümkinçilik döreder. Häzirki wagtda taýýar önümleriň eksportyny giňeltmek boýunça işjeň işler alnyp barylýar. Bazardaky isleg göz öňünde tutulyp, tikin we trikotaž önümleriniň görnüşleri täzelenýär.

Türkmenistanyň dokma senagatynyň ösüşini üpjün etmek maksady bilen, daşary ýurt kompaniýalary hem-de halkara maliýe guramalary bilen giň gerimli hyzmatdaşlyk ýola goýuldy we dowam etdirilýär.

Iň täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bilen bir hatarda, pudakda önümleriň hilini ýokarlandyrmak we ekologiýa howpsuzlygynyň talaplaryna laýyk getirmek meselelerine uly üns berilýär. Bu pudakdaky öňdebaryjy kärhanalaryň önümleri halkara derejede ykrar edildi we ISO 9001, 9002 hem-de 14001 güwänamalaryna mynasyp boldy.

Ýurdumyzyň **azyk senagaty** hem batly depginlerde ösýär. Häzirki wagtda ilaty zerur azyk önümleri bilen üpjün etmek üçin ähli sebitlerde azyk senagatynyň dürli pudaklaryna degişli kärhanalar gurulýar. Azyklyk harytlaryň – unaş we konditer önümleriniň, ösümlik ýagynyň we konserwirlenen önümleriň eksporty ösýär. Soňky ýyllarda esasy azyk önümlerini öndürmekde öňdebaryjy orny eýeleýän hususy pudak uly işjeňlik görkezýär.












Yeserje
ÇAGA PIÝURESI





YUNUS
YUNUS
Baf
Baf
Wafers
BAGDAN
Toffee
Toffee
1kg
Jellyh
TÜKEL
CHIPS
esas
CHIPS
CORIANDER
GARPMEN


POEMA
SÜÝTLI ŞOKOLAD
SPRINGA
TOWER
ToWeR
BAGDAN
Mekgejöwen taýajyklary
Corn Sticks
Şekerli
Wafers
BAGDAN
esas
СУХАРИКИ
TUKEL
iLLi
iLLi



## 2.6. Oba hojalygy we obasenagat toplumy

Oba hojalygy Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň iň möhüm pudaklarynyň biridir. Oba hojalyk ekinleriniň esasy görnüşleri bugdaý, pagta, şaly, ot-iýmlik ekinler, gök-bakja ekinleri, miweler we ir-iýmişlerdir.

Ýurdumyzyň **obasenagat pudagynyň** esasy wezipeleri ilatyň azyk önümlerine bolan isleglerini iň ýokary derejede kanagatlandyrmakdan, gaýtadan işleýän pudagy çig mal bilen üpjün etmekden, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmakdan we täze ykdysady gatnaşyklary ýola goýmakdan, azyk howpsuzlygyny yzygiderli pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

Türkmenistanda oba senagat toplumyna döwlet goldawlarynyň bitewi ulgamy işlenip düzüldi we üstünlikli hereket edýär, her ýyl topluma köp mukdarda döwlet maýa goýumlary goýulýar. Oba senagat toplumynyň tehniki parkyny döwrebaplaşdyrmak üçin maliýe serişdeleri bölünip berilýär, döwrebap traktorlar, kombaýnlar, ekskawatorlar, buldozerler, dünýäniň öňdebaryjy oba hojalyk tehnikalaryny öndürijileriniň iň täze tehnologiýalar bilen üpjün edilen enjamlary satyn alynýar.

Oba hojalygyny we oba senagat toplumynyň pudaklaryny tehniki hem-de tehnologik taýdan täzeden enjamlaşdyrmaga, öndürilýän önüm-

**Oba hojalyk önümleri, million manat**









leriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen dowamly çäreler durmuşa geçirilýär. Häzirki zaman maldarçylyk toplumlarynyň, ýyladyşhanalaryň, un öndürýän önümçilikleriň, azyk senagatyna degişli önümleriň köp dürli görnüşlerini öndürýän kärhanalaryň gurluşygyna aýratyn üns berilýär. Häzirki wagtda Türkmenistan esasy azyk önümleri bilen özüni doly üpjün edýär.

2018-nji ýylda geçirilen Halk Maslahatynyň birinji mejlisi ýurdumyzyň oba hojalygyny ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe boldy. Mejlisiň dowamynda ýurdumyzyň oba senagat toplumyny hil taýdan täze ösüş derejesine çykarmaga gönükdirilen birnäçe möhüm wezipeler kesgitlendi. Şol wezipeler oba hojalygynyň düşewüntliligini ýokarlandyrmakdan, ýer we suw serişdelerinden rejeli peýdalanmakdan, ekerançylyk meýdanlarynyň ýagdaýyny gowulandyrmakdan, olary suwaryş suwy bilen üpjün etmekden, pudaga bazar usullaryny ornaşdyrmakdan hem-de hususy telekeçileri giňden çekmekden ybaratdyr.

Halk Maslahatynyň çözgütlerine we Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlaryna laýyklykda, welaýatlar-





daky daýhan birleşikleriniň ekerançylyk ýerlerinden oba hojalyk maksatly ýörite ýer gaznalary döredildi, şol ýer bölekleri paýdarlar jemgyýetlerine, daýhan hojalyklaryna we oba hojalyk önümlerini öndürijilere uzak möhletleýin esasda peýdalanmaga berilýär. Önümleriň döwlet tarapyndan satyn alynmagy, daýhanlaryň salgytlardan boşadylmagy, olara tehniki hyzmatlary, tohumlary, mineral dökünleri, ösümlikleriň gorag serişdelerini almak üçin ýeňillikli şertleriň döredilmegi, oba hojalyk önümlerini öndürijileriň maliýe-ykdysady taýdan höweslendirilmegi olaryň öz zähmetiniň netijelerine gyzyklanmalaryny has-da artdyrýar.

Pudagy durnukly ösdürmek ösüş babatda goşmaça şertleri we





durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmek üçin häzirki zaman usullary we dolandyryş gurallaryny gözlemegi talap edýär. Şunuň bilen baglylykda, oba hojalygyny özgertmek we ony girdejili pudaga öwürmek üçin Türkmenistanyň Suw kodeksi, «Pagtaçylyk hakynda», «Däneçilik hakynda», «Döwlet ýer kadastry hakynda», «Türkmenistanyň Ýer hakynda kodeksi, «Oba hojalygyny ösdürmegi döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi. Dolandyryşyň täze görnüşlerine geçmek we oba hojalygy ulgamynda bazar gatnaşyklaryny ýola goýmak önümçiligi has netijeli ösdürmäge, bazarlary ýurdumyzda öndürilen dürli önümler bilen üpjün etmäge we oba hojalygynyň eksport ugurlaryny pugtalandyrmaga mümkinçilik berer.

Häzirki wagtda oba senagat toplumynyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

– azyk önümçiligini artdyrmak we gerimini giňeltmek, içerki bazar üpjünçiligini kämilleşdirmegi, azyk bolçulygyny üpjün etmäge gönükdirilen çäreleri guramak;

– senagat maksatly azyk, et, süýt we maldarçylyk önümlerini öndürýän oba hojalyk kärhanalarynyň önümçilik kuwwatyny ýokarlandyrmak üçin amatly gurşaw döretmek;

– öri meýdanlary we ekin meýdanlaryny oba hojalyk maksatly we netijeli ulanmaga gönükdirilen çäreleri guramak. Oňyn ählumumy tejribä daýanyp, oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny ýokarlandyrmak, tohumçylyk pudagyny ösdürmek we ýer kadastrynyň emele gelmegini tamamlamak üçin zerur çäreleriň toplumyny durmuşa geçirmek;

– ösen ylmy tejribäni ornaşdyrmak;

– gök önümleri ösdürip ýetişdirmek maksady bilen, meýdanlary giňeltmek;

– maldarçylyk pudagyny ösdürmäge, iýmit ekinlerini ösdürip ýetişdirmek üçin bölünip berlen ýerleri giňeltmäge gönükdirilen çäreleri guramak;

– maldarçylyk pudagyny ösdürmäge, ot-iýmlik ekinleri ösdürip ýetişdirmek üçin bölünip berlen ýerleri giňeltmäge gönükdirilen çäreleri guramak;

– täze suw howdanlaryny gurmak, olaryň göwrümini artdyrmak, oba hojalyk ekinlerini suwarmakda ulanylýan döwrebap suw tygşytlaýyş tehnologiýalarynyň önümçilik tejribesini işjeň ornaşdyrmak we dünýäniň iň gowy usullaryndan peýdalanmak.



## 2. 7. Gurluşyk senagaty

Alnyp barylýan giň gerimli gurluşyk işleri – ilatyň hal-ýagdaýyny we ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny ýokarlandyrmaga gönükdirilen syýasatlary durmuşa geçirýän Türkmenistanyň okgunly ösüşiniň ajaýyp görkezijileriniň biridir. Ýurdumyzda bäsdeşlige ukyply milli gurluşyk toplumyny döretmek we onuň maddy-tehniki binýadyny berkitmek boýunça uly işler durmuşa geçirilýär. Bu pudaga goýberilýän ägirt uly maýa goýumlary, öňdebaryjy gurluşyk kompaniýalaryny, gurluşyk serişdelerini, ýörite tehnikalary we enjamlary öndürijileri çekmäge itergi berýän amatly maýa goýum ýagdaýy, döwlet tarapyndan milli işewürlige berilýän täsirli goldaw çäreleri ykdysadyýetiň çalt depginler bilen ösmegine, häzirki zaman durmuş we medeni maksatly desgalaryň, senagat we ulag infrastrukturasynyň binalarynyň yzygiderli gurulmagyna ýardam berýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň gurluşyk toplumyny senagatlaşdyrmak, häzirki zaman ulag infrastrukturasyny döretmek, importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek we eksport harytlarynyň möçberlerini artdyrmak boýunça giň gerimli döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilendir. Pudakda bar bolan desgalaryň durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak boýunça çä-







reler durmuşa geçirilýär, iň täze tehnikalar bilen enjamlaşdyrylan täze senagat desgalary gurulýar, halkara ähmiýetli awtomobil ýollary we polat ýollar çekilýär, işewürlik maksatly toplumlar bina edilýär. Giň gerimli durmuş maksatly taslamalaryň hatarynda paýtagtymyzda we ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda täze ýaşaýyş toplumlarynyň, obalaryň we şäherçeleriň, mekdepleriň, çagalar baglarynyň, saglygy goraýyş we derman senagaty pudagyna degişli edaralaryň dowam edýän gurluşyklary bar.

Gurluşyk pudagynyň esasy ugurlarynyň biri ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygydy. Onda ýaşaýjylar üçin iň amatly ýaşaýyş şertlerini döretmek babatda ähli zerur çäreler görülýär. Bar bolan ýaşaýyş jaý gorlaryny döwrebaplaşdyrmak we täze jaýlaryň gurulmagy bilen birlikde, diňe bir ýokary amatlykly we ähli şertler döredilen belent ýaşaýyş jaýlary däl, eýsem, kottej görnüşli jaýlar hem gurulýar. Bu ýaşaýyş jaýlarynyň ýanaşyk ýerlerinde zerur infrastruktura – hojalyk hyzmatlary gullugy, ýerasty awtoulag duralgalary, sport meýdançalary, çagalar üçin dynç alyş zolaklary we beýlekiler gurulýar. Aşgabat şäherindäki Köşi, Gurtly, Parahat we beýleki ýaşaýyş toplumlarynda gurulýan köp sanly täze binalar munuň aýdyň subutnamasydyr.

Ýaşaýyş jaý pudagyny tapgyrlaýyn esasda özgertmegiň esasy maksady amatly ýaşaýyş jaýlarynyň elýeterliligini üpjün etmek arkaly Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuş derejesini ýokarlandyrmakdan ybaratdyr. Ýaşaýyş üçin ähli şertler döredilen täze etrap merkezleri we şäher görnüşli şäherçeler açyldy. Döwrebap obalar kottej görnüşli ýaşaýyş jaýlaryndan, öňdebaryjy enjamlar bilen enjamlaşdyrylan medeni-durmuş maksatly desgalaryň toplumyndan (çagalar baglary, mekdepler, kitaphanalar, sport toplumlary we beýlekiler) ybarat ilatly nokatlaryň täze görnüşini emele getirýär.

Paýtagtymyzyň keşbi barha gözelleşýär, döwrebap beýik binalar we özboluşly binagärligi bolan desgalar gurulýar, ýaşyl zolakly seýilgähleriň we meýdançalaryň sany artýar, köp sanly suw çüwdürimleri gurulýar. Aşgabat dünýäde iň owadan we ýaşamak üçin amatly şäherleriň birine öwrüldi. Aziýanyň hakyky merjenine öwrülen paýtagtymyzyň ajaýyp desgalary Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi. Türkmenistanyň paýtagty Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna dünýäniň iň köp ak mermerli binalary bolan şäheri hökmünde girizildi.







## 2.8. Ulag we aragatnaşyk infrastrukturasy

Ulag-kommunikasiýalar pudagy milli ykdysadyýetimiziň batly depginler bilen ösýän we geljegi uly ugrudyr. Ýurdumyzda bu ulgamda alnyp barylýan döwlet syýasatynyň maksady ykdysadyýetiň we ilatyň ulag hyzmatlaryna bolan isleglerini doly kanagatlandyrmakdan we dünýä ykdysady gatnaşyklaryna goşulan köp şahaly, ýokary netijeli ulag ulgamyny döretmekden ybarat. Şunuň bilen baglylykda, ulag infrastrukturasyny ösdürmek ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet strategiýasynyň düzüm bölekleriniň biridir.

Halkara ulag geçelgeleriniň ulgamyny we degişli infrastrukturany ösdürmek, döwlet we ýerli ähmiýetli ýollary döwrebaplaşdyrmak Türkmenistany ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolmagynda galýar. Soňky ýyllarda ulag ulgamyny we onuň infrastrukturasyny ösdürmek bilen baglanyşykly iri taslamalaryň we maksatnamalaryň yzygiderli durmuşa geçirilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr. Ýurdumyzyň ulag geçelgelerini ösdürmek boýunça alyp barýan işjeň syýasaty harytlary eksport we import etmek üçin halkara ulag ýollarynyň ugurlaryny giňeltdi we diwersifikasiýalaşdyrdy.

**Ýolagçy we ýük dolanyşygy**

















Türkmenistan ulag pudagynda hyzmatdaşlygyň dünýä derejesinde ösmegine mynasyp goşant goşýar. Hususan-da, abraýly halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlygy amala aşyryp we halkara maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine gatnaşmak arkaly: Ýewropa Bileleşigi bilen «Ýewropa – Kawkaz – Aziýa» ulag geçelgesini (TRASEKA) gurmak boýunça hyzmatdaş ýurtlaryň arasynda Halkara hyzmatdaşlyk maksatnamasynyň, Merkezi Aziýada sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk maksatnamasynyň (CAREC), BMG-niň Merkezi Aziýa ykdysadyýetleri üçin Ýörite maksatnamasynyň (SPECA) we beýlekiler.

Beýik Ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşýän Türkmenistan halkara ulag ulgamyna işjeň goşulyşýar. Bar bolan awtoulag ýollaryny döwrebaplaşdyrmak, demir ýollary gurmak we ýurdumyzyň howa we deňiz flotunyň işini kämilleşdirmek boýunça iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Bu taslamalar



halkara söwdasynyň, şeýle hem sebit we sebitara ähmiýetli ulag ulgamynyň ösmegine goşant goşýar. Şolaryň hatarynda «Demirgazyk-Günorta» (Gazagystan – Türkmenistan – Eýran) we «Gündogar – Günbatar» (Türkmenistan – Azerbaýjan – Türkiýe) ugurlary boýunça awtomobil we demir ýollarynyň gurluşyklary bar. Munuň özi esasy ýollar, ugurlar we geçelgeler boýunça milli infrastrukturany giňeltmäge mümkinçilik berdi. Bu ugurlar Aziýa bilen Ýewropanyň arasyndaky sebit we halkara ulag infrastrukturasynyň möhüm bölegine öwrülerler.

2017-nji ýylda Lebap welaýatynda uly ykdysady ähmiýete eýe bolan Halaç – Hojambaz ugry boýunça Amyderýanyň üstünden geçýän täze ponton köprüsi açyldy. Onuň hereket etmegi logistika çykdajylaryny birnäçe esse azaltmaga, sebitiň geçirijilik ukybyny, üstaşyr geçiriş mümkinçiliklerini ýokarlandyrmaga we eksport akymlaryny artdyrmakdaky ornuny pugtalandyrmaga ýardam berdi.

Gurluşygy sebitdäki esasy ulag taslamalarynyň biri bolan Türkmenistan – Owganystan – Täjigistan demir ýoly Aziýa sebitiniň döwletleriniň arasynda halkara ulag gatnawlarynda möhüm wezipäni ýerine ýetirmäge gönükdirilendir. 2016-njy ýylda bu demir ýol geçelgesiniň Kerki – Ymamnazar (Türkmenistan) – Akina (Owganystan) ugry boýunça birinji tapgyry ulanylmaga berildi.

Demir ýol gatnawlarynyň täze ugurlarynyň döredilmegi bilen baglylykda, 2018-nji ýylyň fewral aýynda Serhetabat-Turgundy ugry boýunça Owganystana barýan demir ýol geçelgesiniň durky täzelendi we täzeden gurlup, işe girizildi.

2021-nji ýylyň ýanwar aýynda 30 kilometrlik «Akina – Andhoý» demir ýol şahasy we Ymamnazar (Türkmenistan) – Akina (Owganystan) hem-de Serhetabat (Türkmenistan) – Turgundy (Owganystan) ugurlary boýunça optiki-süýümli halkara aragatnaşyk ulgamy hem-de üstaşyr akym ulgamy işe girizildi.

Pudagyň maddy-tehniki binýadyny berkitmek maksady bilen ýolagçy hem-de dürli maksatly ýük wagonlary, magistral lokomotiwleri satyn alynýar.

Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Oman halkara ulag geçelgesiniň taslamasy, Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe ugry boýunça üstaşyr söwda maksatly ulag geçelgesini döretmek hakynda gol çekilen ylalaşygyň durmuşa geçirilmegi deňagramly ulag infrastrukturasyny emele getirmek üçin örän amatly mümkinçilikleri döredýär.











Häzirki wagtda uzynlygy 621 kilometre barabar bolan Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň gurluşygy dowam edýär.

2022-nji ýylda Balkanabat, Daşoguz, Türkmenabat we Mary şäherlerinde her biriniň kuwwatlylygy bir gije-gündizde 700 ýolagça hyzmat etmäge niýetlenen ýolagçy awtomenzilleri ulanmaga berildi.

Türkmenistanyň döwrebap ýol-ulag infrastrukturasynyň kemala getirilmegi daşalýan ýükleriň möçberleriniň we ýolagçylaryň sanynyň artmagyna goşant goşdy.

Raýat awiasiýasy ulag hyzmatlarynyň ösdürilmeginde esasy orny eýeleýär. Ýurdumyzyň milli awiakompaniýasynyň dolandyryş ulgamyny, nyrh syýasatyny, uçuş toparlarynyň işini kämilleşdirmek boýunça uly işler durmuşa geçirildi, uçuşlara taýýarlyk we olary amala aşyrmak işleri halkara standartlaryna laýyk getirildi.

Türkmenistanyň söwda-ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek we üstaşyr geçirijilik kuwwatyny artdyrmak üçin Aşgabat şäherinde sagatda 1600 ýolagça hyzmat etmek ukyby bolan Merkezi Aziýada iň iri Halkara howa menzili açyldy. Häzirki wagtda Türkmenistan-











da 6 sany halkara howa menzili hereket edýär we Balkan welaýatynda bir sany howa menziliniň gurluşygy alnyp barylýar.

Ýurdumyzyň deňiz ulaglary ulgamyny ösdürmek wezipesi hem strategiki ähmiýete eýe bolmak bilen, ýolagçy we ýük gatnawynyň ösüşi Merkezi Aziýa we Hazar basseýniniň ýurtlaryny halkara ykdysady gatnaşyklar ulgamyna doly derejede birleşdirmek üçin möhüm şert bolup durýar.

2018-nji ýylyň maý aýynda Türkmenbaşy şäherinde gurlan Halkara deňiz portunyň ulanmaga berilmegi ýurdumyzyň deňiz ulaglary ulgamynyň ösüşinde möhüm waka boldy.

Deňiz portunyň umumy meýdany 150 gektara, portuň kuwwaty dürli görnüşli ýükleriň ýylda 17 million tonnasyna deň bolup, şol bir wagtyň özünde, 17 gämini ýerleşdirmäge ukyplydyr. Deňiz porty bäş terminaldan ybarat:

– umumy ýükler terminaly;
– ürgün ýükler terminaly;
– konteýner terminaly;
– ýolagçy-parom terminaly;
– polipropilen terminaly.

Türkmen döwletiniň halkara hyzmatdaşlygynda aragatnaşyk pudagyna möhüm orun degişlidir. Aragatnaşyk pudagyny döwrebaplaşdyrmak esasynda onuň işini täze derejä çykarmaklyga möhüm ähmiýet berilýär. Hususan-da, magistral-optiki geçirijileri hemmetaraplaýyn döwrebaplaşdyrmak işleri dowam etdirilýär. Onda diňe dünýä ölçeglerine laýyk gelýän döwrebap sanly aragatnaşyk tehnikalary, ýokary tizlikli sanly we optiki-süýümli geçiriji ulgamlar, şeýle hem beýleki sanly ulgam enjamlary ulanylýar.

«TürkmenÄlem 52°E» ilkinji milli emeli aragatnaşyk hemrasynyň uçurylmagy ýurdumyzda telekommunikasiýa tehnologiýalarynyň ösmegine güýçli itergi berdi we teleradioýaýlymlar pudagynda, aragatnaşyk hemde Internet ulgamynda hödürlenýän döwrebap hyzmatlaryň geriminiň has-da giňeldilmegini şertlendirdi.

Ýurdumyzda sanly ulgamy ösdürmegiň maksatnamasynda göz öňünde tutlan wezipeleriň durmuşa geçirilmegi pudagyň mundan beýläk-de ösdürilmegine goşant goşar.

Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasynyň çäklerinde ulag-kommunikasiýalar ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmek, häzirki zaman logistika merkezlerini, şeýle hem ýurdumyzdaky hususy, bilelikdäki we daşary ýurt kärhanalarynyň ösmegi üçin zerur bolan maýa goýum gurşawyny döretmek boýunça çäreler durmuşa geçirilýär.





## 2. 9. Bank ulgamy

Bank ulgamy karz-maliýe edaralarynyň iki derejeli ulgamy bolup, Türkmenistanyň Merkezi bankyny (birinji derejeli) we bank amallaryny amala aşyrýan täjirçilik banklaryny (ikinji derejeli) öz içine alýar. Ýurdumyzda Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik banky, Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky, Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky, Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky, Türkmenistanyň Döwlet ösüş banky, Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky, Türkmen-Türk paýdarlar täjirçilik banky, «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky, şeýle hem Eýranyň «Saderat» bankynyň şahamçasy hereket edýär. Şunuň bilen birlikde, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda täjirçilik banklarynyň 150 şahamçasy işleýär.



Türkmenistanda bank işi işewürligiň ygtyýarlandyrmaly görnüşidir we aşakdaky Kanunlar bilen düzgünleşdirilýär: «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Mikromaliýe guramalary we mikromaliýeleşdirmek hakynda», «Karz birleşmeleri hakynda», «Fiziki şahslaryň goýumlarynyň hökmany kepilligi hakynda», «Paýdarlar jemgyýetleri hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary we beýlekiler.

Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanda hasaplaşyk gatnaşyklaryny utgaşdyrýar we düzgünleşdirýär, banklaryň arasyndaky töleg ulgamlarynyň işine gözegçilik edýär, olaryň işiniň esasy düzgünlerini kesgitleýär, nagt däl hasaplaşyklaryň düzgünlerini kesgitleýär, şeýle hem nagt pul dolanyşygyny guraýar.

Döwrebap öndürijilikli we serişde tygşytlaýan tehnologiýalary ornaşdyrmak pudagyna gönükdirilýän maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegini maliýeleşdirmek, täze ýokary tehnologiýa-





ly önümçilikleri döretmek, infrastrukturany ösdürmek, önümçilik pudagynda kiçi telekeçiligi we hususy eýeçiligi giňeltmek hem-de berkitmek bank karzlaşdyrmasy ulgamynyň ileri tutulýan ugurlarydyr. Ýurdumyzyň karz edaralary daýhan hojalyklaryny ösdürmek we oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek, şeýle hem senagaty we hyzmatlar pudagyny ösdürmek üçin karz serişdelerini berýärler.

Ýurdumyzyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak we abadançylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, raýatlara ýokary amatlykly we ähli zerur şertler döredilen ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri satyn almaklary üçin amatly şertlerde ýeňillikli ipoteka karzlary berilýär. Bu karzlar uzak möhletleýin esasda, ýagny 30 ýyla çenli möhlete, ýylda 1 göterim tölemek we esasy bergini bäş ýyldan soň üzüp başlamak şerti bilen berilýär.

Ýurdumyzyň banklarynyň işiniň netijeliligi we bäsdeşlige ukyply artykmaçlyklary bank ulgamyny yzygiderli sanlylaşdyrmak, ulgama innowasiýalary ornaşdyrmak, ylmyň, tehnikanyň we tehnologiýanyň täze gazananlaryny peýdalanmak arkaly gazanylýar.

Bank amallarynyň täze görnüşlerini girizmek, telekeçilik işleriniň dolandyrylyşyny kämilleşdirmek, milli banklaryň maýalaşmagyny artdyrmak, olary hususylaşdyrmak boýunça anyk ädimler ädilýär. Ýurdumyzyň banklary tarapyndan hödürlenýän hyzmatlaryň hilini has-da ýokarlandyrmak, şol sanda onlaýn-banking hyzmatyny ýola goýmak, geljegi uly maksatlary durmuşa geçirmek boýunça maksada gönükdirilen işler alnyp barylýar.

Nagt däl hasaplaşyklar ulgamyny kämilleşdirmek, hususan-da, ykdysadyýetiň dürli ulgamlarynda plastik kartlary giňden ulanmak, elektron resminamalar dolanyşygyny kämilleşdirmek bank ulgamynyň işiniň möhüm ugurlarydyr.

Ýurdumyzda «Visa card» we «Master card» halkara töleg ulgamlary hereket edýär. Internet-banking hyzmatlary ösdürilýär, munuň netijesinde «müşderi – bank» ulgamynyň üsti bilen hasaplaryň ýagdaýy we geçirilen bank amallary barada gyssagly maglumat almak üçin has uly mümkinçilikler döredilýär.

Täjirçilik banklarynyň işiniň netijeliliginiň mundan beýläk-de ýokarlandyrylmagy maliýe bazarynyň, ilkinji nobatda bolsa, maýa bazarynyň we uzak möhletli karzlar ulgamynyň ösmegine goşant goşar.



## 2. 10. Daşary ykdysady iş

Türkmenistan daşary ykdysady syýasatyny amala aşyranda halkara borçnamalaryny nazara almak bilen, içerki bazary we milli önüm öndürijileriň bähbitlerini goramak boýunça çäreleri durmuşa geçirýär, şeýle hem ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň daşarky bazarlara çykarylmagyna ýardam berýär.

Türkmenistan daşary ýurtly hyzmatdaşlar, ilkinji nobatda, baý tejribesi we ösen tehnologiýalary bolan dürli pudaklara wekilçilik edýän öňdebaryjy kompaniýalar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga açykdyr. Şeýle gyzyklanma deňhukukly hyzmatdaşlyk üçin zerur şertler, şol sanda amatly maýa goýum ýagdaýy döredilen ýurdumyzyň ykdysady ösüşiniň ýokary depginleri bilen baglanyşyklydyr.

Daşary ykdysady syýasatyň esasy maksatlary:

– Türkmenistanyň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek;

– ýurdumyzyň çig mal ugurly eksport ulgamyny senagatyň gaýtadan işleýän pudaklarynda öndürilýän taýýar önümleriň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmak;

– Türkmenistanyň çäginde öndürilip bilinjek çig malyň we taýýar önümleriň paýynyň import edilýän önümleriň hataryndan azaldylmagy;

– milli haryt öndürijileriniň bar bolan bazarlarda ornuny berkitmek üçin syýasy, ykdysady we hukuk şertleriniň mundan beýläk-de ösdürilmek.

Ýurdumyzda däp bolan eksport ugurlaryny işjeňleşdirmek bilen bir hatarda, häzirki wagtda köp ugurly täsiri üpjün edýän önümleri öndürmek boýunça importyň ornuny tutýan iri önümçilik kärhanalary döredilýär. Himiýa senagaty, gurluşyk serişdeleriniň önümçiligi, oba hojalygy we azyk senagaty esasy ileri tutulýan pudaklara öwrülýär.

Eksporta gönükdirilen we importyň ornuny tutýan täze senagat kärhanalary önümçilikde çig malyň ýerli çeşmelerine we ösen tehnologiýalara esaslanýarlar, bu bolsa Türkmenistanyň bäsdeşlige ukyply senagat pudagyny ösdürmäge mümkinçilik berýär. Şol bir wagtyň özünde, importyň ornuny tutýan ugurlaryň ösmegi bilen, olaryň binýadynda eýýäm eksport çeşmesi emele gelýär.

Eksport dolanyşygynyň ep-esli bölegini tebigy gaz, nebit we nebit önümleri tutýar. Soňky ýyllarda ýurdumyzda polipropilen we polietilen öndürmek boýunça gazhimiýa toplumy, nebithimiýa we nebiti gaýtadan işleýän toplum, mineral dökünleri öndürýän zawodlar, gazdan benzin öndürýän zawod we beýleki önümçilik



**Daşary söwda, million ABŞ dollary**




kärhanalary gurmak ýaly iri innowasion taslamalar durmuşa geçirildi. Şol bir wagtyň özünde, ýurdumyzda elektrotehnika, himiýa we gaýtadan işleýän senagatyň beýleki önümçilik pudaklarynyň önümçilik kuwwatlyklary döredildi. Munuň özi Türkmenistanyň himiýa, gaz we nebithimiýa önümlerini, ýody, obasenagat toplumynda öndürilýän önümleriň eksport edijisi bolmagyna mümkinçilik döredýär.

Ýurdumyzyň senagat pudagynyň önümçilik kuwwaty Türkmenistana pagta süýümini we pagtadan taýýarlanýan dokma önümlerini (ýüplük, matalar, zygyr matalar, taýýar önümler), çig ýüpek, ýuwlan ýüň, haly we haly önümlerini hem-de beýlekileri köp mukdarda eksport etmäge mümkinçilik berýär.

2023-nji ýylda ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygy 20,7 milliard ABŞ dollaryna ýetdi, şol sanda eksport 13,1 milliard ABŞ dollaryna deň boldy. Häzirki wagtda Türkmenistanyň söwda hyzmatdaşlary 100-den gowrak ýurt bolup, olaryň hatarynda Hytaý, Russiýa Federasiýasy, Türkiýe, Eýran, BAE, Gruziýa, Italiýa, Owganystan, Gazagystan, Özbegistan, Hindistan we beýlekiler bar.






TDS


КАРБАМИД
гранулированный
марка «Б» Высший сорт
ГОСТ 2081-2010





Türkmenistan bäsdeşlige ukyply bazar ykdysadyýetiniň ösmegini we ýurdumyzyň ykdysady syýasatynyň aç-açanlygyny üpjün etmek üçin şertleri döretmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleri başdan geçirýär. Maýa goýujylar üçin döredilen amatly gurşaw we durnuklylyk dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň ýurdumyz bilen hyzmatdaşlyga bolan gyzyklanmasynyň möhüm şerti bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary syýasy giňişlikde durmuşa geçirýän tagallalary, ýurdumyzda alnyp barylýan ähli özgertmeleri amala aşyrmak bilen baglanyşykly hyzmatdaşlyk mehanizmini döretmäge gönükdirilendir we dünýä bileleşiginiň döwletleri bilen gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyny üpjün eder.

Ýurdumyzda daşary ykdysady işjeňligi ösdürmek üçin hyzmatdaşlyk boýunça ýöriteleşdirilen hökümetara toparlary döredilýär, olaryň iş ugry ykdysadyýet, söwda, maýa goýum, ylym we tehnologiýa, bilim we medeniýet ulgamlaryny öz içine alýar.

## 2.11. Telekeçilik we hususy pudagyň ösüşi

Ykdysady diwersifikasiýalaşdyrmak işinde döwlete dahylly bolmadyk pudaga aýratyn orun berilýär. Soňky ýyllarda ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligiň ösüş depginini ýokarlandyrmak, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda işjeňligini giňeltmek boýunça uly işler durmuşa geçirildi. Häzirki wagtda türkmen hususyýetçileri importyň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilen önümleriň täze görnüşleriniň birnäçesini özleşdirdiler, olaryň önümçiliginiň möçberleri yzygiderli artýar, ýokary hili we bäsdeşlige ukyply harytlaryň görnüşleri köpelýär. Kiçi we orta telekeçilik hem işjeň ösýär. Jemi içerki önümiň düzüminde döwlete dahylly bolmadyk pudagyň paýy (ýangyç-energetika toplumyny hasaba almazdan) 2024-nji ýylda 71,4 %-e çenli ýetirmek meýilleşdirilýär.

Ýurdumyzyň ykdysady ösüş strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biri hem hususy telekeçileriň döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmegine giňden gatnaşmagydyr.

Ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligiň, hususy başlangyçlaryň okgunly we netijeli ösmegi üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe we hojalyk şertleri döredilýär. Milli ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda telekeçilik işjeňligini has-da ösdürmek üçin ýurtda «Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň 2018–2024-nji ýyllar üçin Döwlet mak-











satnamasy» hem-de şu döwür üçin degişli çäreleriň meýilnamasy durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda hususy telekeçilik çalt depginler bilen ösýär. Ykdysadyýetiň döwlete dahylly däl pudagynyň wekilleri gaýtadan işleýän senagatyň dürli pudaklarynda kärhanalary döretmekde, obasenagat toplumynda, gurluşyk senagatynda we gurluşyk serişdeleriniň önümçiliginde, ulag-logistika pudagynda, ýurdumyzyň tebigy baýlyklaryny özleşdirmekde, hyzmatlary hödürlemekde, içerki we daşarky söwda dolanyşygynyň has-da ýokarlanmagyny üpjün etmekde uly tejribä eýedirler.

Şol bir wagtyň özünde, kiçi we orta işewürligiň mümkinçilikleri ýurdumyzyň eksportyny ýokarlandyrmaga – ekologiýa taýdan arassa azyk önümlerini, ýerli çeşmeleriň esasynda köpçülikleýin sarp edilýän harytlary, ýeňil senagat önümleriniň we hyzmatlaryň dürli görnüşlerini öndürmäge gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi (TSTB) ýurdu-



myzda 15 ýyldan gowrak wagt bäri hereket edip gelýär. Ol ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda diýen ýaly iş alyp barýan 28 müňe golaý hususy telekeçini bir ýere jemleýär. Şol geçen döwürde Birleşmäniň agzalary tarapyndan öndürilen senagat önümleriniň möçberi 83 esse artdy. TSTB telekeçiligi ösdürmek, durmuş ulgamyny gowulandyrmak we ýurdumyzda täsirli institutlary ösdürmek boýunça maksatlaryň durmuşa geçirilmegine goldaw berýär.

Öndürijileriň gurluşyk serişdeleriniň önümçiligine goşandy gurluşyk serişdeleriniň bazarynda ýerli önümçilige degişli, import edilýän harytlaryň ornuny tutýan harytlaryň agdyklyk etmegi bilen aýdyň görünýär. Olaryň hatarynda turbalaryň ýüzlerçe görnüşleri, elektrik kabelleri, asma gurluşlar, penjireler we gapylar üçin profiller, jemgyýetçilik hyzmatlarynda we gurluşykda giňden ulanylýan polietilenden, polipropilenden we poliwinilhloridden taýýarlanan önümler, keramiki plitalar, santehnika plitalary, kerpiçler, demirbeton gurluşlar, gidroizolýatorlar, penopolistirol, keramzit, emulsiýa boýaglary, şlanglar, ýola düşemek üçin daşlar we plitkalar, gury gurluşyk garyndylary, howa süzgüçleri we beýleki önümler bar.



Şeýle hem polimerlerden öndürilen hojalyk önümleriniň önümçiligi artýar. Hususy telekeçiler çagalar oýnawaçlary, plastmassadan hojalyk harytlary, plastik mebeller, polietilen önümler ýaly harytlaryň dürli görnüşlerini öndürýärler.

Türkmen telekeçileri hojalyk himiýa serişdeleriniň bazaryny hem işjeň özleşdirýärler. Sintetiki ýuwujy we zyýansyzlandyryjy serişdeleriň, kosmetika we parfýumeriýa önümleriniň görnüşleri artýar.

Soňky ýyllarda hususy telekeçiler mebel pudagynda uly üstünlikleri gazandylar. Şeýlelikde, Änew şäherindäki senagat zolagynda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň mebel toplumy hereket edýär, bu ýerde degişli ugur boýunça dürli önümleri öndürýän hususy kärhanalar ýerleşýär. Şeýle hem Aşgabadyň golaýynda iri senagat zolagy bar, bu ýerde dürli önümçilik ugurlary boýunça ýüzlerçe hususy kärhana işleýär.

Türkmen hususyýetçileri tarapyndan öndürilýän döwrebap egin-eşikler, aýakgaplar we dokma önümleri diňe bir içerki däl, eýsem, daşarky bazarlarda-da uly islegden peýdalanýarlar.

Hususy önüm öndürijiler oba hojalygy pudagynda durmuşa geçirilýän özgertmelere öz goşantlaryny goşup, innowasion dolandyryş usullaryny çekýärler, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, täze suwarymly ýerleri özleşdirmek, bu ýerlerde goşmaça oba hojalyk ekinlerini ekmek, ýapyk ýerde ýylboýy gök önümleri ösdürip ýetişdirmäge, içerki bazary doldurmaga we eksport üpjünçiligini artdyrmaga mümkinçilik berýän ýyladyşhana hojalyklaryny gurmak arkaly hasyllylygyň ýokar-

























lanmagyny üpjün edýärler. Oba hojalyk harytlaryny öndürijiler gök-bakja ekinleriniň we miweleriň, şol sanda ýurdumyz üçin ekzotik önümleriň önümçiligini artdyrýarlar.

Döredilen guş we maldarçylyk toplumlary et we süýt önümleriniň köp görnüşini öndürmäge mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, türkmen telekeçileri ösümlik ýaglarynyň, çaga iýmitleriniň, miwe we ösümlik konsentratlarynyň, miwe şireleriniň, çörek önümleriniň, konserwirlenen gök önümleriň we miweleriň, balyk önümleriniň köpdürli görnüşlerini, daşary ýurtda uly islegden peýdalanýan dürli konditer önümlerini öndürýärler. Balyklary emeli usulda köpeltmek we gaýtadan işlemek üçin zawodlar döredilýär, balyklaryň täze tohumlaryny köpeltmek we uýgunlaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar.

Hususy gurluşyk kompaniýalary hem pudagyň ösmegine uly goşant goşýarlar. Olar dürli desgalaryň, şol sanda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda kaşaň myhmanhanalaryň we şypahanalaryň gurluşygyna gatnaşýarlar. Türkmen hususy kompaniýalary tarapyndan döredilen «Berkarar», «Aşgabat» söwda-dynç alyş merkezleri, «Gül zemin» söwda merkezi we beýleki desgalar ýurdumyzyň raýatlary we daşary ýurtly




PANAHAT
Süýtli
Dere
2,7%
INER
ГАТЫК
СМЕТАНА
БИОКЕФИР
INER DORAG
Däp
GATYK
ÝEŇILJEK
0.5%
2.0%
1L




GATYK
DAYAN
ADALAT


TUWI
UN
UN
TUWI









myhmanlar üçin meşhur dynç alyş hem-de güýmenje ýerlerine öwrüldi.

Döwletiň we hususy pudagyň arasyndaky özara gatnaşyklaryň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, 2021-nji ýylda ýurdumyzda döwlet-hususy hyzmatdaşlygynyň giňelmegine hukuk goldawyny bermek we işewürligi dürli taslamalara gatnaşmaga höweslendirmek maksady bilen, «Döwlet-hususy hyzmatdaşlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Bu kanun daşary ýurt kärhanalary bilen hyzmatdaşlyga hem degişlidir.

2021-nji ýylyň noýabrynda «Döwlet emlägini ynançly dolandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi, bu döwlet emlägini ynançly dolandyryşa geçirmegiň maksatlaryny, usullaryny we tertibini kesgitleýär, emläk eýesi bilen ynanylan dolandyryjynyň arasynda ýüze çykýan hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

Ýurdumyzyň ösüşinde hususy pudagyň paýyny artdyrmak, bazar gatnaşyklarynyň gerimini giňeltmek, döwletiň we hususy pudagyň hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek arkaly döwletiň ykdysady kuwwatyny has-da berkitmek hem-de ykdysadyýetiň durnukly ösmegini üpjün etmek maksady bilen, 2021-nji ýylyň fewralynda «Türkmenistanda 2021–2025-nji ýyllarda döwletiň gatnaşmagyndaky kärhanalary dolandyrmak we özgertmek boýunça Strategiýa» kabul edildi.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň ykdysady mümkinçilikleriniň dünýä ykdysadyýetiniň ählumumy ulgamyna işjeň goşulyşýan döwründe döwlet bilen türkmen we daşary ýurt hususy işewürliginiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň orny diňe ýokarlanar.

## 2. 12. Intellektual eýeçiligi goramak ulgamy

Türkmenistanyň milli intellektual eýeçilik ulgamy 1993-nji ýylda herekete girdi. Häzirki wagtda intellektual eýeçiligi goramak babatynda döwlet düzgünleşdirmesi, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 1-nji martyndaky karary bilen döredilen Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Intellektual eýeçiligi boýunça döwlet gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

Bu ugurda esasy kanunçylyk binýady Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň Raýat kodeksi, «Oýlap tapyşlaryň hukuk goragy hakynda», «Senagat nusgalarynyň hukuk goragy hakynda», «Haryt nyşanlary hakynda», «Harytlaryň gelip çykan ýerleriniň atlary hakynda», «Algo-





ritmleri, elektron hasaplaýjy maşynlary üçin programmalary, maglumat binýadyny we integral shemalaryň topologiýasyny hukuk taýdan goramak hakynda», «Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak hakynda», «Awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy namalar bolup durýar.

Şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Jenaýat kodeksinde, Türkmenistanyň Administratiw hukuk bozulmalary baradaky kodeksinde, Türkmenistanyň Gümrük kodeksinde we beýlekilerde göz öňünde tutulan intellektual eýeçiligiň obýektleriniň eýeleriniň hukuklarynyň bozulmagy üçin jeza kadalaryny öz içine alýar.

Türkmenpatentiň ýanynda adamlaryň bozulan ýa-da jedelli hukuklar baradaky arzalaryna we garşylyklaryna, şol sanda awtorlaryň, dalaşgärleriň we awtorlyk hukugynyň eýeleriniň hukuklaryny goramak bilen baglanyşykly jedellere kazyýete çenli garamak we bu düzümiň ygtyýarlyklaryna girýän beýleki meseleler boýunça Apellýasiýa topary döredildi.

Türkmenistanda intellektual eýeçiligiň goralmagyny üpjün etmek maksady bilen, 2021-nji ýylda Pudagara topary döredildi.

Milli intellektual eýeçilik ulgamynyň döredilen gününden bäri geçen döwürde Türkmenistana senagat eýeçiligi babatda halkara patent ulgamyna goşulmaga mümkinçilik berýän halkara hyzmatdaşlygy ulgamynda möhüm ädim ädildi. Türkmenistan intellektual eýeçilik ulgamyndaky 15 halkara konwensiýanyň we şertnamanyň agzasy bolup durýar:









1. Intellektual eýeçiligiň Bütindünýä guramasyny esaslandyrýan konwensiýasy (1991-nji ýylyň 25-nji dekabry);

2. Senagat eýeçiligini goramak boýunça Pariž konwensiýasy (1991-nji ýylyň 25-nji dekabry);

3. Patent kooperasiýasy baradaky şertnama (1991-nji ýylyň 25-nji dekabry);

4. Ýewraziýa patent konwensiýasy (1995-nji ýylyň 12-nji awgusty);

5. Haryt nyşanlarynyň halkara bellige alynmagy baradaky Madrid ylalaşygyna teswirnama;

6. Halkara patent klassifikasiýasy barada Strasburg ylalaşygy (2007-nji ýylyň 7-nji marty);

7. Senagat nusgalarynyň halkara klassifikasiýasyny döretmek baradaky Lokarno ylalaşygy (2006-njy ýylyň 7-nji iýuny);

8. Haryt nyşanlaryny bellige almak üçin harytlaryň we hyzmatlaryň halkara klassifikasiýasy hakynda Nissa ylalaşygy (2006-njy ýylyň 7-nji iýuny);

9. Haryt nyşanlarynyň şekil elementleriniň halkara klassifikasiýasyny döretmek hakynda Wena ylalaşygy (2006-njy ýylyň 7-nji iýuny);

10. Olimpiýa nyşanyny goramak hakynda Naýrobi şertnamasy (2016-njy ýylyň 16-njy ýanwary);

11. Senagat nusgalarynyň halkara bellige alynmagy hakyndaky Gaaga ylalaşygy (2016-njy ýylyň 16-njy marty);

12. Edebi we çeper eserleri goramak boýunça Bern konwensiýasy (2016-njy ýylyň 29-njy maýy);

13. Kör, görüş ukyby bozulan ýa-da beýleki mümkinçilikleri çäkli adamlaryň çap edilen eserlere elýeterliligini ýeňilleşdirmek üçin Marakeş şertnamasy (2021-nji ýylyň 15-nji ýanwary);

14. Ýerine ýetirijileriň, fonogrammalary öndürijileriň we ýaýlyma beriş guramalaryň hukuklaryny goramak hakynda Rim konwensiýasy (2020-nji ýylyň 30-njy noýabry);

15. Patent hukugy hakynda şertnama (2021-nji ýylyň 19-njy apreli).

2020-nji ýylyň dekabrynda 2021–2025-nji ýyllar üçin intellektual eýeçilik ulgamyny ösdürmegiň maksatnamasy kabul edildi.

Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi intellektual eýeçiliginiň obýektlerini goramak boýunça kanunçylyk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmäge we ony halkara kanunçylygy bilen sazlaşdyrmaga, Türkmenistanyň täzelikçilerini ylmy we tehniki üstünlikleriniň täjirleşdirilmegi üçin şertleri döretmäge, intellektual ulgamynyň ylmy-tehniki işgärleriniň zähmetiniň abraýyny, olaryň hünär ukyplaryny ýokarlandyrmaga we in-

tellektual eýeçilik eýeleriniň hukuklaryny goramaga ýardam berer.

Mundan başga-da, Maksatnama döredijilik pikirlenmäge ukyby bolan ýaşlary, şeýle hem nazaryýet we amaly ylmynyň guramaçylyk ukyby bolan wekillerini döredijilik işine çekmäge, şol sanda geljegi uly täzelikleriniň durmuşa geçirilmegini guramaga mümkinçilik berer. Intellektual işgärleriiň ylmy, oýlap tapyjy we rasionalizator jemgyýetçiliginiň wekilleri hem-de zehinli ýolbaşçylary bilen ýakyndan hyzmatdaşlygy bu maksatnamanyň durmuşa geçirilmeginiň netijesi bolar.

Maksatnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde Türkmenistanyň BSG-ä girmegi üçin guramaçylyk, kanunçylyk we ylmy-tehniki şertleri döretmek boýunça çäreler amala aşyrylýar, bu dürli ylmy we önümçilik ugurly kärhanalaryň arasynda hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň esasynda ýurduň innowasion ösüş ýoly bilen öňe gitmegini çaltlandyrmaga mümkinçilik berer. Şeýle hyzmatdaşlyk kärhanalaryň işgärler kuwwatyny zehinli hünärmenler we ýokary hünär derejeli işçi güýji bilen pugtalandyrmaga, munuň özi bolsa ylmy-tehniki gazanylanlary innowa-





siýalara öwürmek we soňra täjirçilik maksady bilen ulanmak boýunça tehnologik prosesi gysgaltmaga mümkinçilik berer.

Şeýle hem Maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi gümrük edaralary we hukuk goraýjy edaralar bilen hyzmatdaşlykda galp harytlaryň Türkmenistanyň gümrük serhedinden geçmegine ygtybarly päsgelçilik döretmäge, garakçylygyň gerimini azaltmaga we şeýlelik bilen, Türkmenistanda hasaba alnan haryt nyşany bilen bellenen özboluşly önümleri öndürijileriň hukuklaryny netijeli goramaga gönükdirilendir.

Maksatnamanyň energiýa we çig mal serişdelerini gaýtadan işlemek pudagynda ösen ýurtlaryň geljegi uly tehnologiýalarynyň ygtyýarnama esasynda alynmagy babatdaky böleginiň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň innowasion ösüşi üçin aýratyn ähmiýetli bolar.



## 2. 13. Ekologiýa syýasaty

Önümçilik işi bilen daşky gurşawy goramagyň, ekologiýa howpsuzlygynyň üpjün edilmeginiň arasynda deňagramlylygyň gazanylmagy Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan wezipeleriniň biridir.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ileri tutulýan pudaklaryny howanyň üýtgemegine uýgunlaşdyrmak boýunça çäreleriň işlenip düzülmegi, daşky gurşawy dolandyrmak işini kämilleşdirmek, tebigy baýlyklardan tygşytly peýdalanmak we ykdysadyýeti ösüşiň «arassa» mehanizmlerini göz öňünde tutup ösdürmek ýaly meseleler berkidilen ýurdy ösdürmek boýunça esasy milli maksatnamalaryna ornaşdyrylýar.

Suw, ýer we biologik serişdelerden tygşytly peýdalanmak, biodürlüligi we tebigy landşaftlary gorap saklamak, çölleşmä garşy göreşmek, şeýle hem ilatyň ekologiýa bilimini ýokarlandyrmak ugrunda işler alnyp barylýar.

Ýurdumyzda daşky gurşawy goramak ulgamynda hukuk binýadyny kämilleşdirmek we kanunlaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek boýunça toplumlaýyn çäreler durmuşa geçiril-





ýär. Soňky ýyllarda «Tebigaty goramak hakynda», «Ekologiýa seljermesi hakynda», «Ekologiýa howpsuzlygy hakynda», «Ekologiýa auditi hakynda», «Ekologiýa maglumaty hakynda» Türkmenistanyň kanunlary we beýleki kadalaşdyryjy-hukuk namalar kabul edildi.

Suw hojalygy we ekologiýa ulgamlarynda köp işler alnyp barylýar. «Altyn asyr» Türkmen kölüniň gurulmagy ýurdumyzyň suw serişdelerini gorap saklamak bilen baglanyşykly global meseleleri çözmäge goşýan goşandydyr. Garagumuň merkezinde täze kölüň döredilmegi daşky gurşawy goramak, suw serişdelerini gorap saklamak meseleleri bilen baglylykda, oňyn şert bolup çykyş edýär we diňe bir biziň ýurdumyzda däl, eýsem, Merkezi Aziýa sebitinde hem ekologiýa ýagdaýynyň gowulanmagyna ýardam edýär.

Türkmenistanyň Araly halas etmegiň halkara gaznasynda başlyklyk etmeginiň çäklerinde (2017–2019) Aral deňziniň basseýniniň ýurtlaryna kömek bermek boýunça hereketleriň 4-nji maksatnamasy we Merkezi Aziýada durnukly ösüş üçin daşky gurşawy goramak boýunça sebit maksatnamasy işlenip taýýarlanyldy.

Mundan başga-da 2018-nji ýylyň aprelinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 82-nji mejlisinde «BMG bilen Aral deňzini halas etmegiň halkara gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk» atly Kararnama kabul edildi, onuň taslamasy Türkmenistanyň başlangyjy boýunça işlenip taýýarlanyldy. Bu resminama, ekologiýa ulgamynda hyzmatdaşlygyň doly derejeli halkara mehanizminiň döredilmegi we husušan-da, Aral meselesiniň netijeleriniň öňüni



almak boýunça bilelikdäki iş bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr.

Türkmenistan uglewodorod we çig mal serişdeleriniň özleşdirilmeginde, önümçilik kuwwatlyklarynyň we insfrastrukturanyň gurluşygynda, önümçilige öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynda, elektroenergetika desgalarynyň gurluşygynda, turba geçirijiler ulanylanda, uglewodorodyň daşky gurşawa zyňyndylarynyň öňüni almakda, nebit çykarylanda ugurdaş gazlary aradan aýyrmakda ekologiýa ugruna aýratyn üns berýär we tapgyrlaýyn esasda «ýaşyl ykdysadyýete» geçýär.

Milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda innowasiýa, serişde tygşytlaýjy we ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalar ornaşdyrylýar, şeýle hem daşky gurşawyň ekologiýa standartlaryna laýyklykda atmosferanyň arassalygyna gözegçilik etmegiň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin çäreler görülýär.

Howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak meseleleri 2019-njy ýylda täze neşirde kabul edilen «Howanyň üýtgemegi boýunça milli strategiýanyň» esasyny düzýär. Bu resminama BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň we Pariž ylalaşygynyň çäklerinde Türkmenistanyň borçnamalaryny göz öňünde tutýan esasy resminamadyr. Ýangyç we energetika toplumynda parnik gazlarynyň zyňyndylaryny azaltmak boýunça meýilnamalara, şeýle hem ulag infrastrukturasy, oba hojalygy we senagat ýaly pudaklara aýratyn üns berilýär.

Şeýle hem bu strategiýada tebigy baýlyklardan tygşytly peýdalanmak, ýerleriň zaýalanmagyna garşy göreşmek, tokaý hojalygyny ösdürmek, tokaý meýdanlaryny giňeltmek, suwarymly ýerleriň ýagdaýyny gowulandyrmak we topragyň şorlaşmagyna garşy göreşmek boýunça çäreler toplumy göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň Howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýasynyň çäklerinde 2021–2025-nji ýyllar üçin Milli tokaý maksatnamasynyň täzelenen görnüşi 2021-nji ýylda kabul edildi. Oňa laýyklykda saýaly, pürli, miweli agaçlaryň, üzüm nahallarynyň, şeýle hem çöl ösümlikleriniň azyndan 3 million düýbi ekilýär. Tokaý hojalygynda halkara hyzmatdaşlygy giňeltmegiň we bu ulgama öňdebaryjy halkara tejribesini ornaşdyrmagyň esasy ugurlary hem kesgitlenildi. Häzirki wagta çenli, esasan, pürli we saýaly agaçlaryň 158 milliondan gowragy ekildi.

Türkmenistan BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly





konwensiýasyna, Kioto teswirnamasyna we howa boýunça Pariž ylalaşygyna gatnaşyjy bolup durýar. Bu resminamalar halkara ylalaşyklary arkaly adam işjeňliginiň daşky gurşawa täsirini kadalaşdyrmak üçin mümkinçilik döredýär. 2017-nji ýylda Pariž ylalaşygyna goşulmak bilen, ýurdumyzda birnäçe degişli milli maksatnamalar kabul edildi. Atmosfera metanyň zyňyndylarynyň ýaramaz netijelerini azaltmak we aradan aýyrmak maksady bilen, milli çäreler durmuşa geçirilýär. Gürrüň, ilki bilen, energiýa, senagat we ulag pudaklarynda ekologiýa taýdan arassa hem-de serişde tygşytlaýjy häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga we ulanmaga tapgyrlaýyn geçiş barada barýar.

2023-nji ýylyň iýun aýynda metanyň zyňyndylaryny azaltmak boýunça pudagara topar döredildi we Türkmenistanyň ähumumy metan borçnamasyna goşulmagy babatda meseleleri öwrenmek üçin halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň Ýol kartasy tassyklanyldy. 2023-nji ýylyň dekabr aýynda BMG-niň howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatna-









şyjy taraplaryň 28-nji maslahatynda Türkmenistan Ählumumy metan borçnamasyna goşuldy.

BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasynyň borçnamalaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistan tarapyndan howanyň üýtgemegi boýunça üç sany Milli Habarnama taýýarlanyldy. Häzirki wagtda howanyň üýtgemegi boýunça dördünji Habarnamany taýýarlamak işi tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýar. Bu Habarnamalary taýýarlamagyň dowamynda ýurdumyzda parnik gazlarynyň zyňyndylarynyň we akymlarynyň sanawy geçirildi, ilatyň we Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynyň howanyň üýtgemegi şertlerine uýgunlaşmagy seljerildi hem-de baha berildi.





Ýurdumyz sebitleýin hyzmatdaşlygyň çäginde daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemegi meselelerini işjeň ilerledýär. Uýgunlaşdyryş çäreleri 2015–2030-njy ýyllarda Tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak boýunça Sendai çarçuwaly maksatnamasynyň çäklerinde amala aşyrylýar we suw joşmalary, siller, gurakçylyk ýaly tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmaga gönükdirilendir.

Merkezi Aziýanyň durnukly ösüşi üçin daşky gurşawy goramak boýunça sebit maksatnamasyny işläp taýýarlamak başlangyjy öňe sürüldi. Bu maksatnama sebitiň ýurtlaryna BMG-niň daşky gurşawy goramak konwensiýalary boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirmäge, howa boýunça Pariž ylalaşygyny durmuşa geçirmäge we «ýaşyl» ýörelgelerini ornaşdyrmaga ýardam berer.

2023-nji ýylyň dekabrynda Dubaýda geçirilen BMG-niň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna (COP-28) gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahatynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Merkezi Aziýada Howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça Sebit Merkezini döretmek başlangyjyny tassyklady. Şeýle merkeziň döredilmegi sebitde öňdebaryjy «ýaşyl» tejribäni alyşmak, gaýtadan dikeldilýän energiýa, ulag, senagat we oba hojalygy pudaklarynda ekologiýa taýdan arassa çözgütleri ornaşdyrmak boýunça yzygiderli iş alyp barmaga mümkinçilik berer. Munuň özi Merkezi Aziýa ýurtlary tarapyndan howanyň üýtgemegi bilen bagly öz üstüne alan borçnamalarynyň tiz ýerine ýetirilmegine ýardam berer.

Şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň milli bähbitlerini göz öňünde tutup, Emirlik Jarnamasynyň maksatlaryna ýetmek üçin ähli gyzyklanma bildirýän taraplar bilen oba hojalygy, ekologiýa, energetika, maliýe we saglygy goraýyş ulgamlarynda sebit we dünýä derejelerinde hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga taýýarlygy beýan etdi.

Şeýlelikde, Türkmenistan ykdysadyýetiň esasy pudaklaryny we infrastrukturany özgertmek arkaly howanyň üýtgemeginiň ählumumy meselelerini çözmek boýunça halkara tagallalaryna milli goşandyny goşmagy maksat edinýär.


United Nations
Climate Change
COP28UAE
DUBAI 2023





# 3. TÜRKMENISTANYŇ MAÝA GOÝUM SYÝASATY

## 3. 1. Maýa goýum syýasatynyň esasy ýörelgeleri

Milli ykdysadyýete maýa goýumlarynyň çekilmegi ýokary tehnologiýaly pudaklary döretmekde, içerki bazary ýokary hilli, isleg bildirilýän önümler bilen doldurmakda we milli eksportyň gerimini giňeltmekde möhüm orun eýeleýär. Soňky ýyllarda Türkmenistanda ykdysadyýete iň ösen tehnologiýalary we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek boýunça uly işler ýerine ýetirildi.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny Türkmenistanyň ykdysadyýetine çekmek döwletiň maýa goýum syýasatynyň strategiki ugrudyr. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda maýa goýum ýagdaýyny gowulandyrmak üçin ähli amatly şertler döredilýär. Ýurdumyzda işewürlik gurşawyny gowulandyrmak boýunça üstünlikli işler yzygiderli amala aşyrylýar. Şeýle hem statistika we salgyt hasabaty üçin zerur resminamalaryň mukdary azalýar we kanunçylyk binýady döwrebaplaşdyrylýar.

Ýurdumyzda «Gymmatly kagyzlar we Türkmenistanyň gazna biržalary hakynda», «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» Türkmenistanyň kanunlary, birnäçe beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalar kabul edildi. Şeýle hem Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin döwlet maksatnamasy durmuşa geçirilýär.

2019-njy ýylda Ahal welaýatynda tebigy gazdan benzin öndürýän dünýäde ilkinji zawodyň ulanylmaga berilmegi, Maryda gazhimiýa toplumynyň, Merkezi Aziýa sebitinde iň iri «Garabogazkarbamid» zawodynyň, metallurgiýa, sement we gazbeton zawodlarynyň, «Türkmenaýnaönümleri» zawodynyň gurulmagy daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen amala aşyrylan üstünlikli işleriň aýdyň mysallarynyň hataryndadyr.

Makroykdysady durnuklylyk, energiýa garaşsyzlygy, tebigy baýlyklaryň uly gorlary, ösen ulag we logistika infrastrukturasy netijesinde häzirki wagtda Türkmenistandaky kärhanalar GDA ýurtlarynyň, Aziýanyň we Ýewropa döwletleriniň iri bazarlaryna girmek mümkinçiligine eýe boldular.

Maýa goýum syýasaty, ykdysady özgertmeler strategiýasynyň möhüm

bölegi bolmak bilen, milli bähbitleri hem-de ýurdumyzy ykdysady taýdan ösen döwletleriň hataryna girizmek boýunça wezipeleri nazara almak bilen amala aşyrylýar.

Bu syýasat özgertmeleri dolandyrmaga, diwersifikasiýalaşdyrylan, durnukly ösýän ykdysadyýeti döretmäge gönükdirilendir. Şoňa laýyklykda transmilli ulag kommunikasiýalaryny döretmek arkaly ýurduň geosyýasy ýagdaýyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga, ykdysadyýeti düýpli diwersifikasiýalaşdyrmaga we ýokary tehnologiýaly gaýtadan işleýän pudaklaryň, şeýle hem ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalaryň durnukly ykdysady ösüşe goşýan goşandyny artdyrmaga, dünýä bazarynda bäsdeşlige ukyply önümleriň önümçiligini ýola goýmaga aýratyn üns berilýär.

Türkmenistanyň maýa goýum syýasatynyň esasy ugurlary:

**nebitgaz pudagynda** – köpşahaly turba geçirijileri gurmak arkaly türkmen energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna çykarylýan ugurlaryny köpeltmek hem-de uglewodorod serişdelerini netijeli özleşdirmek, çuňňur gözleg işlerini geçirmek we bu serişdeleriň gazylyp alynýan, gaýtadan işlenilýän, eksport edilýän möçberlerini artdyrmak maksady bi-

**Esasy serişdelere düýpli maýa goýumlary, million manat**



len, gury ýerde, şeýle hem Hazar deňzinde ýataklary özleşdirmek;

**himiýa senagatynda** – himiýa önümleriniň önümçiligini artdyrmak, şol sanda azot we fosfor dökünlerini, kaustik sodany, ýody, hlory, bromy we olardan önümleri öndürmek boýunça täze toplumlary gurmak, şeýle hem Garabogaz gol aýlagynyň mineral-çig mal gorlaryny toplumlaýyn özleşdirmek boýunça döwrebap himiýa kärhanasyny gurmak;

**dokma senagatynda** – daşary ýurt maýa goýumlaryny mundan beýläk-de çekmegi dowam etmek, pagta süýüminiň gaýtadan işlenilýän möçberlerini artdyrmak, pudakda täze iş orunlaryny döretmek, önümçilige öňdebaryjy tehnologiýalary we innowasiýalary ornaşdyrmak, maýadarlar we hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmek, içerki we daşarky bazarlary üpjün etmek üçin bäsdeşlige ukyply, şeýle hem importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek;

**senagatyň beýleki pudaklarynda** – diwersifikasiýalaşdyrmak, ýerli çig mal esasynda importyň ornuny tutýan we eksport ugurly önümleriň önümçiliginiň ösdürmek;

**obasenagat toplumynda** – maýa goýum syýasaty dänäniň, pagtanyň, ýüňüň, gönüň öndürilmegini we gaýtadan işlenilmegini, ýurdumyzda et we süýt, gök-bakja önümleriniň, miweleriň öndürilýän möçberleriniň, gara mallaryň we guşlaryň baş sanynyň artdyrylmagyny, maldarçylyk pudagynyň iým binýadyny pugtalandyrmak;

**ulag we aragatnaşyk ulgamynda** – maýa goýumlarynyň esasy bölegi awtomobil, howa, demir ýol, deňiz-derýa ulaglarynyň, turba geçirijileriň ösdürilmegini, logistika merkezleriniň döredilmegi, aragatnaşyk, sanly tele we radioýaýlym ulgamlaryny giňeltmek maksady bilen, öňdebaryjy tehnologiýalary ulanmak arkaly pudak infrastrukturasynyň toplumlaýyn döwrebaplaşdyrylmagy hem-de diwersifikasiýalaşdyrylmagy, elektron resminama dolanyşygy ulgamyny yzygiderli ornaşdyrmak;

**durmuş ulgamynda** – maýa goýum syýasaty ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesini we hilini ýokarlandyrmaga, iş orunlarynyň sanynyň artmagyna ýardam berýän şertleri döretmek arkaly zähmete ukyply ilaty iş bilen doly üpjün etmek, şeýle hem hassahanalary, saglyk merkezlerini, mekdebe çenli çagalar edaralaryny, orta mekdepleri, medeniýet öýlerini, sport merkezlerini we desgalaryny, suw geçirijileri, guýulary, lagym ulgamlaryny, aragatnaşyk ulgamlaryny, ýaşaýyş jaýlaryny, myhmanhana-

lary, dynç alyş öýlerini we beýlekileri gurmak we bar bolanlarynyň durkuny täzelemek;

**ykdysadyýetiň döwlete dahylly däl böleginde** – maýa goýum syýasaty kiçi we orta kärhanalary hem-de importyň ornuny tutýan we eksport ugurly önümleriň önümçiligini döretmek hem-de ösdürmek, daýhan birleşiklerini guramak we goldamak.

## 3.2. Daşary ýurt maýadarlarynyň we daşary ýurt maýaly kärhanalaryň işiniň hukuk taýdan üpjün edilmegi

Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt maýadarlarynyň we daşary ýurt maýaly kärhanalaryň işiniň hukuk ugurlary «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda», «Uglewodorod serişdeleri hakynda», «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakynda», «Walýuta kadalaşdyrylyşy hakynda» Türkmenistanyň kanunlary hem-de Türkmenistanyň çäginde hereket edýän beýleki kanunçylyk namalary we halkara şertnamalary bilen kadalaşdyrylýar.

**Hereket edýän kanunçylyga laýyklykda daşary ýurt maýa goýumlary şu görnüşlerde amala aşyrylyp bilinýär:**

1) Türkmenistanyň edara görnüşli taraplary we fiziki şahslary bilen bilelikde kärhanalara paýly görnüşinde gatnaşmak;

2) dolulygyna daşary ýurt maýadarlaryna degişli bolan kärhanalary, daşary ýurtly edara görnüşli taraplaryň şahamçalaryny döretmek ýa-da hereket edýän kärhanalary hususy eýeçiligine satyn almak;

3) Türkmenistanyň kanunçylygy bilen raýat dolanyşygynda çäklendirilen emläklerden başga gozgalýan we gozgalmaýan emlägi satyn almak;

4) daşary ýurt karzlaryny bermek;

5) Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen emläk we emläk däl hukuklary satyn almak.

**Türkmenistanda daşary ýurt maýadarlary şular bolup bilýär:**

– daşary ýurtly edara görnüşli tarap, şol sanda onuň Türkmenistandaky şahamçasy hem-de wekilhanasy;

– halkara guramasy;

– daşary ýurtly fiziki şahs, şeýle hem maýa goýumyň amala aşyrylan pursadynda daşary ýurduň çäginde hemişelik ýaşaýan raýatlygy bolmadyk şahsyýet;

– Türkmenistanyň çäginden daşarda hemişelik ýaşaýan ýeri bolan Türkmenistanyň raýaty.

Türkmenistan daşary ýurt maýaly kärhanalaryň maýa goýum taslamasy bellige alnan gününden başlap,

olary hukuk goraglylygy, kepillikler we ýeňillikler bilen üpjün edýär.

Türkmenistanyň kanunçylygynda **daşary ýurt maýa goýumlarynyň goraglylygynyň şu aşakdaky döwlet kepillikleri** göz öňünde tutulýar:

– hukuk goraglylygynyň;

– wiza tertibiniň we Türkmenistanyň çäginde bolmagynyň üpjün edilmegi;

– daşary ýurt maýadarynyň emlägi mejbury ýagdaýda alnanda öwezini dolmak;

– emlägi we maglumatlary resminama görnüşinde ýa-da elektron ýazgy görnüşinde çykarmak;

– girdejisini we peýdasyny Türkmenistanyň çäginde ulanmak we Türkmenistanyň çäginden daşary çykarmak;

– intellektual eýeçilige hukuklaryň goraglylygy;

– daşary ýurt maýadarynyň we daşary ýurt maýaly kärhananyň hukuklaryny we borçlaryny başga tarapa geçirmek;

– maýa goýum işiniň togtadylmagy bilen baglylykda daşary ýurt maýa goýumlarynyň gaýtarylmagy;

– daşary ýurt maýadarlarynyň, daşary ýurt maýaly kärhanalaryň maglumata elýeterliligini üpjün etmek.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň, şeýle hem daşary ýurt maýadarlarynyň işiniň hukuk taýdan üpjünçiligi Türkmenistanyň edara görnüşli taraplarynyň we raýatlarynyň emläkleri, emläk hukuklary we maýa goýum işi üçin hukuk tertibinden pes derejede amatly bolup bilmez.

Daşary ýurt maýadarlaryna döredýän kärhanasynyň esasy maýasynyň ölçegini, düzümini we gurluşyny saýlamak erkinligi berilýär.

Eger-de Türkmenistanyň kanunçylygyndaky üýtgetmeler daşary ýurt maýadarlarynyň, daşary ýurt maýaly kärhanalaryň işiniň hukuk tertibini ýaramazlaşdyrýan çäklendirmelere we gadagan etmelere getirýän bolsa, onda daşary ýurt maýa goýumlarynyň bellige alnan pursadynda hereket eden Türkmenistanyň kanunçylygy bular babatda on ýylyň dowamynda ulanylýar.

Daşary ýurt maýadarlaryna we daşary ýurtly işgärlere emlägini daşary ýurda erkin geçirmek hukugy kepillendirilýär. Daşary ýurt puluny, töleg resminamalaryny, gymmat bahaly kagyzlary serhetden geçirmegiň tertibi Türkmenistanyň walýuta kadalaşdyrylyşy hakyndaky kanunçylygy bilen kesgitlenilýär.

Daşary ýurt maýadarynyň peýdasy salgytlar tölenenden soňra onuň



garamagynda galýar we Türkmenistanyň çäginde maýa goýum hökmünde ulanylyp bilner.

Daşary ýurt maýadarlary Türkmenistanyň banklarynda Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň pul birliklerinde hasaplary açyk bilmek hukugyna eýedirler.

Daşary ýurt maýadary Türkmenistanyň pul birligini içerki walýuta bazarynda daşary ýurt walýutasyny satyn almak üçin ulanyp biler.

Döwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýetiniň we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň daşary ýurt maýadarlarynyň, daşary ýurt maýaly kärhanalarynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýan hojalyk işine gatyşmaga hukugy ýokdur.

Daşary ýurt maýaly kärhanalarda, daşary ýurtlaryň edara görnüşli taraplarynyň şahamçalarynda hem-de wekilhanalarynda işleýän we maýa goýum işini amala aşyrmak bilen baglanyşykly Türkmenistanda bolýan daşary ýurt döwletleriniň raýatlary hem-de olaryň maşgala agzalarynyň şu aşakdakylara hukuklary bar :

– bir ýyldan az bolmadyk möhlet bilen köp gezeklik wizalary almaga;

– Türkmenistanyň çäginde erkin hereket etmäge.

Maýadar Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenen ýagdaýlarda we tertipde şu aşakdakylara borçludyr:

– maliýe edaralaryna amala aşyrýan maýa goýumlarynyň möçberleri hem-de çeşmeleri baradaky hasabaty (deklarasiýa) bermäge, düýpli gurluşyk üçin degişli häkimiýet edaralarynyň we ýörite gulluklaryň zerur rugsatlaryny we ylalaşyklaryny almaga;

– maýa goýum taslamalarynyň Döwlet barlagynyň (ekspertizasynyň) seýsmiki durnuklylyk, ýangyn we partlaýyş, howpsuzlyk kadalarynyň hem-de düzgünleriniň, arassaçylyk, ekologiýa we şähergurluşyk talaplarynyň berjaý edilendigi baradaky netijenamasyny almaga.

Maýa goýum işiniň subýektleri şu aşakdakylara borçludyr:

– Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan tertibi kesgitlenen kadalary we standartlary berjaý etmäge;

– bidüzgün bäsdeşlige ýol bermezlige we antimonopol kadalaşdyrylyşynyň talaplaryny berjaý etmäge;

– döwlet edaralarynyň hem-de wezipeli adamlaryň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde bildirýän talaplaryny berjaý etmäge;

– bellenen tertipde buhgalterçilik we statistika hasabatyny bermäge.

Daşary ýurt maýaly kärhananyň, daşary ýurt edara görnüşli tarapyň





şahamçasynyň we olaryň işgärleriniň, şol sanda Türkmenistanyň raýaty bolmaýan işgärleriniň arasyndaky zähmet-hukuk gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy tarapyndan kadalaşdyrylýar.

Daşary ýurt maýaly kärhananyň, daşary ýurt edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň Türkmenistanyň raýaty bolmaýan işgärleriniň aýlyk zähmet haky, pul baýragy we beýleki pullary Türkmenistanyň çäginden daşary Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen tertipde geçirilip bilner.

Türkmenistanyň çägindäki daşary ýurt maýaly kärhananyň, daşary ýurt edara görnüşli tarapyň şahamçalarynyň hem-de wekilhanalarynyň buhgalterçilik we statistika hasaby hem-de hasabaty Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen tertipde alnyp barylýar.

Daşary ýurt maýaly kärhananyň esaslyk maýasyna we daşary ýurt edara görnüşli tarapyň şahamçasynyň esasy maýasyna baha bermek Türkmenistanyň milli pul birliginde, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen tertipde amala aşyrylýar.

Daşary ýurt maýadarlary bidüzgün bäsdeşlige, şol sanda ýokary isleg bildirilýän haýsydyr bir harydyň önümçiligi üçin Türkmenistanyň çäginde kärhanany döredip, soňra bolsa, bazarda daşary ýurtda öndürilen şeýle harydy ýerlemek maksady bilen, bu kärhananyň işini bes etmek, şeýle hem bahalar ýa-da harydy ýerlemegiň bazarlaryny kesgitlemek barada Türkmenistanyň beýleki hojalyk subýektleriniň hukuklaryny çäklendirýän ylalaşyklary baglaşmak arkaly bidüzgün bäsdeşlige ýol bermezlige borçludyrlar.

**Daşary ýurt maýadarlary üçin ýeňillikler we artykmaçlyklar**

Türkmenistanda maýa goýum işjeňligini höweslendirmek maksady bilen, daşary ýurt maýadarlaryna şu ýeňillikler berilýär:

– salgyt ýeňillikleri;
– gümrük ýeňillikleri;
– wiza ýeňillikleri;
– sertifikatlaşdyrmak boýunça ýeňillikler.

«Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny boýunça halkara hukugynyň ýörelgelerine, Türkmenistanyň kanunçylygyna, ygtyýarnama we şertnama laýyklykda potratçynyň hukuklarynyň goraglylygy kepillendirilýär. Nebit işlerini alyp barmakda ulanylýan ähli materiallar we enjamlar gümrük paçlaryndan we Türkmenistanyň Döw-

let haryt-çig mal biržasynda bellige alynmakdan boşadylýar.

Nebit işlerini alyp baranda potratçy diňe şu salgytlary we tölegleri töleýär:

– edara görnüşli taraplaryň girdeji salgydyny, onuň möçberi Türkmenistanyň Salgytlar baradaky bitewi kanuny tarapyndan bellenilýär we Şertnamada berkidilýär. Şunda bu möçber Türkmenistanyň Salgytlar baradaky bitewi kanuny üýtgän halatynda hem Şertnamanyň hereket edýän döwründe üýtgewsiz galýar;

– tebigy baýlyklardan peýdalanmak üçin tölegler.

Potratçynyň tebigy baýlyklardan peýdalanýandygy üçin tölegler şu aşakdakylary özünde jemläp biler:

– uglewodorod serişdelerini gazyp almaga roýalti, bu töleg uglewodorod serişdelerini gazyp almagyň möçberinden göterim gatnaşygynda ýa-da öndürilen önümiň bahasyndan bellenilýär we potratçy tarapyndan pul görnüşinde ýa-da gazyp alnan uglewodorod serişdeleriniň bir bölegi hökmünde tölenilýär;

– şertnama gol çekilende, senagat ähmiýetli Ýatak täjirçilik taýdan açylanda uglewodorod serişdelerini gazyp almagyň şertnamada kesgitlenen derejesine geçilende we Şertnamada göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda bir gezeklik töleg görnüşinde tölenýän bonuslar;

– borçnamalaryň ýerine ýetirilmändigi üçin tölegler, kepillik we beýleki tölegler.

Şu tölegleri hasaplamak we tölemek tertibi we olaryň möçberleri taraplaryň arasyndaky Şertnamada ýa-da ylalaşyklarda kesgitlenilýär.

«Ýer hakynda» Türkmenistanyň kodeksine laýyklykda gurluşyk we beýleki oba hojalygyna degişli bolmadyk zerurlyklar üçin kärendesine ýer bölekleri 40 ýyla çenli möhlet bilen berilýär.

Türkmenistanyň çägine getirilýän şu emläkler gümrük pajyndan boşadylýar:

– daşary ýurt maýadarynyň daşary ýurt maýaly kärhananyň esaslyk maýasyna goşant hökmünde getirýän emlägi;

– Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerine laýyklykda baglaşylan halkara şertnamalaryň we kontraktlaryň esasynda maýa goýum hökmünde getirilýän emläkler. Şunda emläk maýa goýum taslamasynyň özüni ödeýän möhletine çenli gümrük pajyny tölemekden boşadylýar.

Daşary ýurt maýadarlary, daşary ýurt maýaly kärhanalar, şeýle hem erkin ykdysady zolagyň çäginde desgalary gurmak we işletmek boýunça iş alyp barýan olaryň potratçylary ta-

rapyndan Türkmenistana getirilýän enjamlary we materiallaryň sertifikatlaşdyrylmagy tölegsiz amala aşyrylýar.

Daşary ýurt maýaly kärhanalar öz öndürýän önümlerini (döwlet tarapyndan bahalary düzgünleşdirilýän önümlerden (işler, hyzmatlar) başga) ýerlemegiň şertlerini özbaşdak kesgitleýärler.

Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, eksport kuwwatyny pugtalandyrmak, şeýle hem ilatyň iş bilen üpjünçilik derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, maýa goýum taslamalary we beýleki şertnamalar boýunça Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan daşary ýurt maýadarlary we daşary ýurt maýaly kärhanalar üçin beýleki ýeňillikler bellenilip bilner.

**Daşary ýurt maýaly kärhanalary döwlet hasaba alyş tertibi**

Hasaba durmak üçin resminamalaryň sanawy:

– hasaba durmak üçin arza;

– Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi (esaslyk maýasynda döwletiň gatnaşmagynda kärhana döredilende);

– esaslandyryjylaryň kärhanany döretmek, oňa ýolbaşçy bellemek, şeýle hem onuň Tertipnamasyny (düzgünnama) tassyklamak hakyndaky çözgüdi;

– Tertipnama (düzgünnama) iki nusgada;

– esaslandyryjylaryň şertnamasy iki nusgada (eger-de esaslandyryjylar hususy şahslar bolsa notarial edarasy tarapyndan tassyklanylýar, eger-de esaslandyryjylar edara görnüşli taraplar bolsa, onda Hasaba alyş bölümi tarapyndan tassyklanylýar);

– Türkmenistanyň gatnaşýan halkara ylalaşyklarynda başga hili göz öňünde tutulmaýan bolsa, daşary ýurtly esaslandyryjynyň Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edarasynda ýa-da Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde bellenen tertipde resmileşdirilen Tertipnamasynyň nusgasy;

– Türkmenistanyň gatnaşýan halkara ylalaşyklarynda başga hili göz öňünde tutulmaýan bolsa, daşary ýurtly esaslandyryjy barada edara görnüşli tarapyň hasaba alnan ýerindäki söwda sanawyndan göçürmesi hem-de bankyň ynamdarlyk haty, (Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsullyk edarasynda ýa-da Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde bellenen tertipde resmileşdirilen bolmaly). Esaslandyryjylar daşary ýurtly raýatlar–fiziki şahslar bankyň ynamdarlyk hatyny we pasportunyň nusgasyny görkezýärler;

– goýuma baha bermek baradaky resminama (goýum pul görnüşinde bolmadyk halatynda);

– esaslyk maýanyň böleginiň tölenendigini tassyklaýan resminama;

– hukuk salgysyny tassyklaýan resminama (şäheriň ýa-da etrabyň häkimligi tarapyndan berilýär); esaslandyryjylaryň we kärhananyň ýolbaşçysynyň şahsy maglumaty we pasportlarynyň nusgasy, şahamçanyň, wekilhananyň ýolbaşçysynyň bellenen tertipde resmileşdirilen ynamdarlyk haty;

– hasaba alyş bölümi tarapyndan kärhananyň ady barada berlen kepilnama;

– daşary ýurtly edara görnüşli taraplaryň Türkmenistanyň çäginden daşarda alyp barýan işi baradaky maglumat;

– hasaba alyş ýygymynyň tölenendigi baradaky resminama.

## 3. 3. Wiza tertibi

Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk şahslar, şeýle hem olary Türkmenistana girmek üçin ýa-da Türkmenistandan çykmak üçin çagyran fiziki şahslar we edara görnüşli taraplar wiza resmileşdirmek üçin Döwlet migrasiýa gullugyna ýüz tutýarlar:

**Türkmenistanyň çäginde** – Döwlet migrasiýa gullugynyň bölümlerine;

**Türkmenistanyň çäginden daşarda** – Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky konsulluk we diplomatik wekilhanalaryna ýüz tutýarlar.

Wizalar bir gezeklik, iki gezeklik we köp gezeklik bolýar.

Wizalaryň şeýle görnüşleri bellenildi:

1. Diplomatik wiza (DP);
2. Gulluk wizasy (OF);
3. Işewürlik wizasy (BS0, BS2);
4. Maýa goýum wizasy (Inwestisiýa wizasy) (IN);
5. Işçi wizasy (WP);
6. Maşgala wizasy (FM);
7. Sport wizasy (SP1, SP2);
8. Ynsanperwerlik wizasy (HM);
9. Hususy wiza (PR1, PR2);
10. Talyp wizasy (ST);
11. Syýahatçylyk wizasy (TU);
12. Üstaşyr wizasy (TR1, TR2);
13. Saglygy bejeriş wizasy (HL);
14. Sürüjilik wizasy (DR);
15. Çykyş wizasy (EX).

## 3. 4. Türkmenistanda salgytlar

Daşary ýurt maýadarlaryna, daşary ýurt maýaly kärhanalara salgyt salmak, şol sanda olara salgyt ýeňilliklerini bermek «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanuny tarapyndan bellenilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt salmagyň ählumumylygynyň we deňliginiň ykrar edilmegine esaslanýar.

Bitewi Kanun tarapyndan bellenen salgytlar Türkmenistanyň tutuş çäginde hereket edýär.

Salgytlar eger-de Türkmenistanyň kanunçylygy bilen başga hili bellenilmedik ýagdaýynda Türkmenistanyň milli pul birliginde hasaplanylýar we tölenilýär.

Türkmenistana dahylly bolmadyk edara görnüşli taraplar, şol sanda salgyt wekilleriniň üsti bilen, salgytlary erkin ýagdaýda ýörgünli daşary ýurt pulunda töläp bilýärler.

Daşary ýurt pulundaky islendik amal salgyt salynmak üçin Türkmenistanyň Merkezi bankynyň şol amal geçirilen günündäki resmi hümmeti boýunça, resmi hümmeti bolmadyk pullar boýunça bolsa ABŞ-nyň dollarynyň hümmetine gatnaşykda Türkmenistanyň milli pul birliginde hasaplanylýar.

Şu aşakdaky ýagdaýlarda edara görnüşli tarap salgyt salynmak üçin Türkmenistana dahylly diýlip ykrar edilýär:

– eger-de ol Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilen bolsa;

– eger-de onuň esasy dolandyryjy edarasy Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän bolsa.

**Salgytlaryň görnüşi we möçberi.**

**Goşmaça baha salynýan salgyt:**

– goşmaça baha salynýan salgyt – 15%;

– käbir bir salgyt salynýan amallar boýunça – 0%.

Döwlet tarapyndan kesgitlenen bahalar boýunça harytlar ýerlenilende, işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar amala aşyrylanda degişli möçberiň bu salgyt möçberine göterim gatnaşygynyň 100-e köpeldilen hasaplama usuly arkaly kesgitlenen möçber ulanylýar.

**Peýda salynýan salgyt:**

– Türkmenistana dahylly edara görnüşli taraplar üçin 8% (esaslyk maýasynda döwletiň paýy 50%-den köp bolan edara görnüşli taraplardan, karz edaralaryndan we döwlet ätiýaçlandyryş guramalaryndan, şeýle hem aragatnaşyk hyzmatlaryny amala aşyrýan taraplardan (hemra aragatnaşygynyň üsti bilen ýerine ýetirilýän hyzmatlardan başga), standartlaşdyrmak, metrologiýa, sertifikatlaşdyrmak ulgamlarynda hyzmatlary ýerine ýetirýänlerden hem-de işini «Uglewodorod serişdeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda alyp barýan taraplardan başga – bu işden alynýan peýda we oňa degişli ýerlemekden daşarky amallar böleginde;

– karz edaralary (döwlete degişli bolmadyk karz edaralaryndan başga) we döwlet ätiýaçlandyryş guramalary, şeýle hem aragatnaşyk ul-

gamynda (hemra aragatnaşygynyň üsti bilen ýerine ýetirilýän hyzmatlardan başga), standartlaşdyrmak, metrologiýa, sertifikatlaşdyrmak ulgamlarynda hyzmatlary ýerine ýetirýänler üçin–bu işden alynýan peýda we oňa degişli ýerlemekden daşarky amallar böleginde – 50%;

Beýleki edara görnüşli taraplar üçin – 20%;

– Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kiçi we orta telekeçilige degişli hususy eýeçilik görnüşindäki edara görnüşli taraplaryň jemi girdejisinden – 2%;



– beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan düşewünt we beýleki serişdeler görnüşinde alynýan girdeji üçin – 15%;

– Türkmenistanyň çäginde hemişelik wekilhanany döretmäge getirmeýän, peýda (girdeji) salynýan salgyda degişli bolan işlerden alynýan girdejä salgyt (deňiz we howa gämilerini kärendä bermekden alynýan girdejilerden başga) – 15%;

Deňiz we howa gämilerini işgärsiz kärendesine bermekden alynýan girdejä salgyt – 6%.

Humarly oýunlardan alynýan girdejä şu salgyt möçberleri bellenilýär:

– her bir oýun awtomaty üçin günde 30 manat;

– her bir oýun stoly üçin günde 370 manat;

– her bir oturylýan ýer üçin günde 7 manat ýa-da bu iş üçin ulanylýan jaýyň her bir inedördül metri üçin günde 3 manat ýa-da tölegleri kabul edýän pulhana üçin günde 38 manat.

Eger-de oýun işiniň aýry bir görnüşi amala aşyrylanda dürli salgyt möçberleri ulanylyp bilinýän bolsa, onda salgydyň has ýokary pul möçberine getirýän salgyt möçberi ulanylýar.





**Goşmaça tölegler:**

| Goşmaça tölege degişli harytlar | Goşmaça tölegiň möçberi |
|---|---|
| **Öndürilýän önümler boýunça** | |
| Piwo | Bahasynyň 34,5%-i |
| Tebigy üzüm çakyrlary, güýçli spirtli içgiler, likýorlar we beýleki alkogolly içgiler (üzüm başga), şeýle hem düzüminde spirtiň möçberi<br>20 göterime çenli<br>20-30 göterimden gowrak<br>30 göterimden gowrak bolan çakyr materiallary: | <br>Bahasynyň 44,85%-i<br>Bahasynyň 70,15%-i<br>Bahasynyň 88,55%-i |
| Benzin | Bahasynyň 40%-i |
| Dizel ýangyjy | Bahasynyň 40%-i |
| **Türkmenistanyň gümrük çägine getirilýän harytlar üçin** | |
| Piwo | Gümrük bahasynyň 105,8%-i, ýöne 1 litr üçin 10,35 manatdan az bolmaly däl |
| Üzüm çakyrlary we düzüminde spirtiň möçberi 20 göterime çenli beýleki içgiler<br><br>20 göterimden gowrak | Gümrük bahasynyň 193,2%-i, ýöne 1 litr üçin 44,85 manatdan az bolmaly däl<br><br>Gümrük bahasynyň 193,2%-i, ýöne 1 litr üçin 70,15 manatdan az bolmaly däl |
| Alkogolly içgiler taýýarlanylanda ulanylýan spirt (lukmançylyk maksatly, şeýle hem döwlet kärhanalary we sarp ediş kooperatiw kärhanalary tarapyndan getirilýänlerden başga) | 1 litr üçin 9,2 ABŞ dollary |
| Temmäki önümleri | Gümrük bahasynyň 145%-i, ýöne 1 gap üçin 6,25 ABŞ dollaryndan az bolmaly däl |
| Beýleki senagat taýdan öndürilen temmäki we temmäkiniň ýerini tutýan önümler | 1 kg üçin 30,5 ABŞ dollary |
| Ýeňil awtoulaglary (ýörite tiz kömek lukmançylyk ulaglaryndan we maýyplar üçin ýörite enjamlaşdyrylan awtoulaglardan başga) | Hereketlendirijisiniň iş göwrüminiň 1 kub santimetri üçin 0,3 ABŞ dollary |

**Ýerasty baýlyklardan peýdalanylýandygy üçin salgydyň möçberleri:**

Uglewodorod serişdeleri bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça:

– tebigy we ugurdaş gaz üçin – 22%;

– çig nebit üçin – 10%.

**Düşewüntliligiň derejesine baglylykda beýleki gazylyp alynýan peýdaly baýlyklar bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça:**

| Düşewüntlilik | Salgydyň möçberleri |
|---|---|
| 15% we şoňa çenli | 0% |
| 15% -den 17% -e çenli we 17 % | 30% |
| 17% -den 19% -e çenli we 19% | 32% |
| 19% -den 21% -e çenli we 21% | 35% |
| 21% -den 23% -e çenli we 23% | 40% |
| 23% -den 25% -e çenli we 25% | 45% |
| 25% -den ýokary | 50% |

**Emläge salynýan salgyt:**

Emläge salgyt döwrüniň salgyt binýadynyň 1 göterimi möçberinde bellenilýär.

Degişli salgyt döwri üçin emläge salgyt möçberi şeýle hasaplanylýar:

– birinji çärýek üçin – salgyt binýadynyň 0,25%-i;

– birinji ýarym ýyllyk üçin – salgyt binýadynyň 0,5%-i;

– dokuz aý üçin – salgyt binýadynyň 0,75%-i;

– bir ýyl üçin – salgyt binýadynyň 1%-i.

**Edara görnüşli taraplaryň girdejilerine salynýan salgyt – 10%;**

Sanawy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen telekeçilik işiniň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmakdan girdeji alýan fiziki şahslar – hususy telekeçiler üçin girdeji salgydyň möçberi umumy girdejiniň 2 göterimi möçberinde bellenilýär.

**Ýerli ýygymlar**

**Mahabatlandyryş üçin ýygym**

Ýygym möçberleri şu görnüşde bellenilýär:

– Aşgabat we Arkadag şäherleri üçin – mahabat üçin çykdajynyň bahasynyň 5 göterimi;

– welaýat merkezleri bolan şäherler üçin – mahabat üçin çykdajynyň bahasynyň 4 göterimi;

– beýleki ilatly nokatlar üçin – mahabat üçin çykdajynyň bahasynyň 3 göterimi;

**Şäherleriň, şäherçeleriň we ilatly oba ýerleriniň abadanlaşdyrylmagy üçin maksatlaýyn ýygymlar.**

Maksatlaýyn ýygymlar şu möçberde bellenilýär:

– hususy telekeçiler bolan fiziki şahslar üçin harytlary ýerlemekden, işleri we hyzmatlary amala aşyrmakdan alynýan jemi girdejiniň 0,3 göterimi möçberindäki mukdaryndan goşmaça baha salynýan salgydyň mukdarynyň kemeldilen möçberi, ýöne aýda 5 manatdan az bolmaly däl;

– beýleki fiziki şahlar üçin aýda 5 manat;

– oba hojalyk kärhanalary üçin salgyt salynmaga degişli girdejiniň 0,5 göterimi;

– beýleki edara görnüşli taraplar üçin salgyt salynmaga degişli girdejiniň 1,5 göterimi.

**Awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym**

– Awtoduralganyň meýdanynyň bir inedördül metri üçin ýygymyň möçberi:

– Aşgabat we Arkadag şäherleri üçin – 1,5 manat;

– welaýat merkezleri hem-de Türkmenbaşy şäheri üçin – 1,2 manat görnüşinde bellenilýär;

– beýleki ilatly ýerler üçin 0,9 manat görnüşinde bellenilýär.

**Awtoulaglaryň ýerlenilmegi üçin ýygymlar**

Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygymyň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygynda salgytlary we ýygymlary hasaplamak üçin bellenilen binýatlyk mukdaryň ululygynyň aşakdaky möçberlerinde bellenilýär:

**Ýeňil awtoulaglar üçin:**

– hereketlendirijisiniň iş göwrümi 2000 kub santimetre çenli – 10 essesi;

– hereketlendirijisiniň iş göwrümi 2000 kub santimetrden ýokary we 3500 kub santimetre çenli – 20 essesi;

– hereketlendirijisiniň iş göwrümi 3500 kub santimetrden ýokary – 40 essesi;

– öndürilen ýyly we hereketlendirijisiniň iş göwrümi hasaba alynmanynda 10 ýyl dolanlar – 10 essesi.

**Awtobuslar üçin:**

– 10-15 orunlyk – 10 essesi;

– 16-25 orunlyk – 20 essesi;

– 25 orunlykdan ýokary – 30 essesi.

**Ýük awtoulaglary üçin:**

– ýük göterijiligi 5 tonna çenli – 10 essesi;

– ýük göterijiligi 5 tonnadan ýokary we 10 tonna çenli – 20 essesi;

– ýük göterijiligi 10 tonnadan ýokary – 40 essesi.

**Awtoulag serişdeleriniň eýelerinden alynýan ýygymlar**

Awtoulag serişdeleriniň eýelerinden alynýan ýygymyň möçberi Türkmenistanyň Kanunçylygynda salgytlary we ýygymlary hasaplamak üçin bellenilen binýatlyk mukdaryň ululygynyň aşakdaky möçberlerinde bellenilýär:

**motoulaglar üçin – 2 essesi;**

**ýeňil awtoulaglar üçin:**

– hereketlendirijisiniň iş göwrümi 2000 kub santimetre çenli – 4 essesi;

– hereketlendirijisiniň iş göwrümi 2000 kub santimetrden ýokary we 3500 kub santimetre çenli – 6 essesi;

– hereketlendirijisiniň iş göwrümi 3500 kub santimetrden ýokary – 10 essesi;

– öndürilen ýyly we hereketlendirijisiniň iş göwrümi hasaba alynmanynda 10 ýyl dolanlar – 4 essesi;

**Awtobuslar üçin:**

10-15 orunlyk – 4 essesi;

16-25 orunlyk – 6 essesi;

25 orunlykdan ýokary – 10 essesi;

**Ýük awtoulaglary üçin:**

ýük göterijiligi 5 tonna çenli – 10 essesi;

ýük göterijiligi 5 tonnadan ýokary we 10 tonna çenli – 20 essesi;

ýük göterijiligi 10 tonnadan ýokary – 30 essesi.

Iki gezek salgyt salynmagyna ýol bermezlik maksady bilen, Türkmenistan şu aşakdaky ýurtlar bilen halkara ylalaşyklary baglaşdy:

1. Pakistan Yslam Respublikasy
2. Türkiýe Respublikasy
3. Eýran Yslam Respublikasy
4. Özbegistan Respublikasy
5. Slowakiýa Respublikasy
6. Hindistan Respublikasy
7. Gazagystan Respublikasy
8. Ermenistan Respublikasy
9. Gruziýa
10. Russiýa Federasiýasy
11. Ukraina
12. Birleşen Arap Emirlikleri
13. Belarus Respublikasy
14. Täjigistan Respublikasy
15. Rumyniýa
16. Malaýziýa
17. Hytaý Halk Respublikasy
18. Bahreýn Patyşalygy
19. Estoniýa Respublikasy
20. Latwiýa Respublikasy





21. Şweýsariýa Konfederasiýasy
22. Moldowa Respublikasy
23. Litwa Respublikasy
24. Horwatiýa Respublikasy
25. Koreýa Respublikasy
26. Awstriýa Respublikasy
27. Finlýandiýa Respublikasy
28. Çehiýa Respublikasy
29. Saud Arabystany Patyşalygy
30. Wengriýa
31. Beýik Britaniýanyň we Demirgazyk Irlandiýanyň Birleşen Patyşalygy
32. Germaniýa Federatiw Respublikasy
33. Gyrgyz Respublikasy
34. Azerbaýjan Respublikasy
35. Singapur Respublikasy

Şeýle hem Türkmenistan öňki SSSR-iň daşary ýurtlar bilen baglaşan ylalaşyklaryny ykrar edýär:

1. ABŞ
2. Fransiýa Respublikasy
3. Ýaponiýa
4. Belgiýa Patyşalygy

Türkmenistan halkara şertnamalarynyň kadalarynyň içerki kanunçylykdan ileri tutulýandygyny ykrar edýär.

Zerur halatynda salgyt gullugy Türkmenistana dahylly bolmadyk edara görnüşli tarapyň ýüz tutmasy boýunça onuň Türkmenistanda peýda (girdejä) salynýan salgydyň tölenendigini tassyklaýan resminamany berýär.

Peýda (girdejä) salynýan salgydy tölemekden boşadylmak ýa-da beýleki salgyt ýeňilliklerini almak üçin, salgyt töleýji Türkmenistanyň salgyt gullugyna arza, şeýle hem degişli salgyt döwrüniň dowamynda hereket edýän, iki gezek salgyt salynmagyna ýol bermezlik baradaky ylalaşyga Türkmenistan bilen gol çeken döwlete dahyllydygyny tassyklaýan resminamany bermeli.

Tassyknama we arza salgydyň ýa-da salgyt boýunça deslapky tölegleriň tölenmegine çenli, şeýle hem salgyt töleýjiniň netijeleri boýunça salgydy tölemekden boşadylmagy ýa-da ýeňillikleri almaly salgyt döwrüniň tamamlanan gününden 3 ýylyň dowamynda salgyt gullugyna berlip biler.

Türkmenistanyň Salgytlar baradaky bitewi Kanunynda:

– oba hojalyk kärhanalary hem-de oba hojalyk önümleriniň önümçiligi bilen meşgullanýanlar;

– bilim edaralary we bilim ulgamynda iş alyp barýanlar;



– milli syýahatçylyk zolaklarynyň subýektleri;

– saglygy goraýyş edaralary we kärhanalary hem-de saglygy goraýyş hyzmatlaryny ýerine ýetirýänler;

– maýa goýum pensiýa gaznalary;

– jemgyýetçilik birleşikleri;

– dini guramalar;

– kinoteatrlar we kinokonsert merkezleri;

– erkin ykdysady zolaklaryna gatnaşýan taraplar üçin goşmaça baha salynýan salgydy, peýda salynýan salgydy we emläge salynýan salgydy tölemek boýunça aýratyn ýeňillikler göz öňünde tutulandyr.

Şeýle hem işleriň käbir görnüşleri ýerine ýetirilende goşmaça baha salynýan salgydyň tölenilmeýändigini bellemek gerek.

Mundan başga-da, goşmaça tölege degişli, Türkmenistanyň gümrük çägine şu görnüşde getirilýän harytlara goşmaça töleg tölenilmeýär:

a) Türkmenistana ynsanperwer kömegi hökmünde, şeýle hem hökümetara ylalaşyklaryna laýyklykda daşary ýurt döwletleri tarapyndan muzdsuz tehniki kömegiň çäklerinde getirilýän harytlar;

b) daşary ýurtlaryň diplomatiki wekilhanalary, halkara guramalary tarapyndan resmi taýdan ulanmaga ýa-da bu wekilhanalaryň, halkara guramalaryň diplomatik we administratiw-tehniki işgärleriniň, şol sanda olar bilen ýaşaýan maşgala agzalarynyň şahsy ulanmagy üçin niýetlenen harytlar;

ç) fiziki şahslara 1 litr alkogolly içgiler we iki gap çilim;

d) diňe daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryna we konsulluk edaralaryna wiza almak üçin ýüztutmalary kabul etmek boýunça araçylyk hyzmatlaryny we olaryň çäklerinde goşmaça hyzmatlary amala aşyranda ulanmak üçin niýetlenen ýeňil awtoulaglar.

Eýeçilik hukugy daşary ýurtly edara görnüşli taraplara degişli bolan nebit çig malyndan benzin we dizel ýangyjyny öndürmek boýunça hyzmatlar, bu önümleri taýýarlanandan soňra Türkmenistanyň çäginden daşary çykarmak şerti bilen goşmaça tölegden boşadylýar.

Türkmenistana dahylly bolmadyk taraplardan satyn alnan nebitiň we gazyň gaýtadan işlenmeginden alnan önümleriň eksporty goşmaça tölegden boşadylýar. Şunda eksport edýän we gaýta-





dan işlemegi amala aşyrýan edara görnüşli taraplaryň Türkmenistana dahylly bolmagy hökmany şertdir.

Mundan başga-da, hökümetara ylalaşyklara laýyklykda, şeýle hem döwlet häkimiýet edaralarynyň çözgütleri esasynda ynsanperwer hem-de haýyr-sahawat kömegi hökmünde goşmaça tölege degişli harytlary bermek-almak boýunça amallar goşmaça tölegden boşadylýar.

## 3.5. Erkin ykdysady zolaklarda işi kadalaşdyrýan kanunçylyk namalary

Türkmenistan erkin ykdysady zolaklaryň ösüşinde täze tapgyra gadam basdy. 2017-nji ýylyň oktýabr aýynda «Erkin ykdysady zolaklar hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi hem muňa şaýatlyk edýär. Kanun Türkmenistanyň çäginde erkin ykdysady zolaklary döretmegiň, işletmegiň we ýatyrmagyň hukuk, guramaçylyk we ykdysady esaslaryny kesgitleýär.

Bu Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde söwda zolaklary, şol sanda erkin söwda zolaklary we eksport zolaklary, senagat-önümçilik zolaklary, eksport-import we senagat parklary, tehnologiýa-innowasiýa zolaklary, şol sanda tehnoparklar we tehnopolisler, maliýe we karz, bank, syýahatçylyk we dynç alyş, maglumat we beýleki hyzmatlarda ýöriteleşen hyzmat zolaklary, ulag-logistika, şol sanda port, obasenagat zolaklary, şeýle hem erkin ykdysady zolaklaryň birnäçe görnüşlerini özünde jemleýän toplumlaýyn zolaklar döredilip bilner.

Türkmenistanyň çäginde erkin ykdysady zolak, eger-de alyp barýan işleri ýurduň milli ykdysadyýetiniň bähbitlerine hem-de bu erkin ykdysady zolagy döretmegiň maksatlaryna laýyk gelýän ýagdaýynda möhleti uzaltmak şerti bilen, kyrk ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen döredilip bilner.

Erkin ykdysady zolagyň döredilýän tapgyrynda, onuň özbaşdak býujeti çekilen serişdeleriň, maýa goýum, maksatlaýyn we beýleki gaznalarynyň serişdeleriniň we Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki maliýe serişdeleriniň hasabyna döredilip bilner. Kanunyna laýyklykda, erkin ykdysady zolagyň döredilýän döwründe onuň işledilmegi bilen baglanyşykly mali-

ýeleşdirmek Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylyp bilner.

Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna görä, ýurtda erkin ykdysady zolaklaryň aýratyn hukuk tertibi hereket edýär. Onuň netijesinde erkin ykdysady zolaga gatnaşyjylara ýeri kärendä almagyň tölegi üçin 10 ýyllyk ýeňillik möhleti berilýär, ýagny olar şertnama baglaşylan pursadyndan 3 ýylyň dowamynda kärende töleginden boşadylýar. Soňraky 7 ýylda ýeriň kärende tölegi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen möçberiň 50 göterimi mukdarynda alynýar. Bu döwür gutarandan soňra bolsa kärende tölegi doly möçberinde alynýar.

Erkin ykdysady zolagyň çägindäki Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň maýadarlary, kärende şertnamasyna gol çeken taraplaryň ýa-da olaryň kanuny mirasdarlarynyň özara razyçylygy bilen ýer böleginiň kärendesinden daşary emläk, emläk hukuklaryny paýlaşmaga we peýdalanmak hukugyny bermäge haklydyr. Ýer bölegini ulanmak hukugy maýadar tarapyndan girew hökmünde ulanylyp bilner.

«Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, erkin ykdysady zolaklaryň çäginde iş alyp barýan daşary ýurt maýadarlary, daşary ýurt maýaly kärhanalar konsullyk we hasaba alyş ýygymlaryndan, şertnamalary hasaba almak üçin birža ýygymlaryndan, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde we şertlerde ýer bölegi üçin kärende töleginden, býujete degişli bolmadyk gaznalara gazanylan peýdadan geçirilýän töleglerden boşadylýar.

Türkmenistanda daşary ykdysady işi alyp barmak üçin aýratyn şertler hereket edýär. «Daşary ykdysady iş hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, Türkmenistanyň erkin ykdysady zolaklarynyň çäklerinde daşary ykdysady işiniň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak üçin aýratyn hukuk tertibi bellenilip bilner.

Erkin ykdysady zolagyň çäginde, «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, edara görnüşli taraplaryň alyp barýan işi zolagyň çäginden çykmaýan we (ýa-da) ýeňillik şertnamasynyň şertlerine laýyklykda alnyp barylýan bolsa,





onda olaryň öz işini ygtyýarnamasyz, bellenen tertipde alyp barmaga hukugy bar.

Erkin ykdysady zolagyň çäginde öndürilýän harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) ähli görnüşlerine erkin baha kesmek tertibi hereket edýär.

Erkin ykdysady zolaklara gatnaşyjylara we erkin ykdysady zolaklaryň çäginde maýa goýum we telekeçilik işini alyp barýan beýleki taraplara salgyt salmak, şol sanda olara salgyt ýeňilliklerini bermek Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Salgytlar hakyndaky bitewi Kanunyna laýyklykda, aýratyn ykdysady zolaklaryň subýektleri üçin aýratyn salgyt tertibi teklip edilýär, hususan-da, erkin ykdysady zolaklara gatnaşýan taraplara haryt ýerlenilende, işler ýerine ýetirilende ýa-da hyzmatlar amala aşyrylanda goşulan baha salynýan salgyt tölenilmeýär. Şeýle hem erkin ykdysady zolaklara gatnaşýan taraplaryň ýerleýän harytlary (goşmaça tölegli harytlardan başga), ýerine ýetirýän işleri we hyzmatlary boýunça goşulan baha üçin salgyt tölenilmeýär.

Işiň ilkinji on ýylynda erkin ykdysady zolaklara gatnaşýan edara görnüşli taraplar emläk salgydyndan we peýda salgydyndan boşadylýar. Mundan başga-da, ilkinji on ýylda erkin ykdysady zolaklara gatnaşýan hususy telekeçileriň girdejilerine salgyt salynmaýar.

«Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, kiçi we orta telekeçilere Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgüdi boýunça telekeçiligi ösdürmäge döwletiň hasabyna maliýe serişdeleri, täze we ekologiýa taýdan arassa tehnologiýalary we innowasiýalary ornaşdyrmaga, ýörite ykdysady, söwda we senagat zolaklaryny döretmek bilen baglanyşykly infrastrukturany gurmaga, şol sanda inženerçilik desgalarynyň gurluşygy, maýa goýum taslamalaryna paýnama esasynda gatnaşmak üçin grantlar berlip bilner.

Türkmenistanyň gümrük kanunçylygyna laýyklykda, erkin ykdysady zolagyň çägine getirilýän harytlara erkin gümrük zolagynyň (erkin ammar) gümrük düzgüni ulanylýar. Erkin gümrük zolagy daşary ýurt harytlarynyň gümrük paçlaryny tölemezden, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kesgitlenen ykdy-



sady çäklendirmeleri ulanmazdan, erkin ykdysady zolagyň çäginde ýerleşdirilmegini we ulanylmagyny göz öňünde tutýan gümrük tertibidir. Bu çäklerde içerki önümler eksport gümrük tertibine laýyklykda, ýurduň çäginden daşyna çykarmak üçin ulanylýan şertlerde ýerleşdirilýär we peýdalanylýar.

Erkin ykdysady zolagyň çäginde erkin gümrük zolagy tertibinde ýerleşdirilen daşary ýurt we ýerli harytlar Türkmenistanyň gümrük çäginiň daşyna çykarylanda gümrük paçlary alynmaýar we bu harytlara ykdysady häsiýetli çäklendirmeler ulanylmaýar.

Erkin ykdysady zolaklarda zähmet gatnaşyklary Türkmenistanyň zähmet kanunçylygy, zähmet we köpçülikleýin şertnamalar bilen düzgünleşdirilýär. Erkin ykdysady zolagynda işlemek üçin ýerli zähmet çeşmeleri, şeýle hem Türkmenistanyň beýleki sebitlerinde ýaşaýan adamlar, daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar çekilip bilner.

Erkin ykdysady zolaga daşary ýurtly gatnaşyjylaryny, bu çäkde işlemek isleýän daşary ýurtlaryň raýatlaryny we raýatlygy bolmadyk adamlary hasaba almak ýönekeýleşdirilen tertipde geçirilýär. «Migrasiýa hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ýönekeýleşdirilen hasaba alyş tertibi Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan kesgitlenýär.

Erkin ykdysady zolagyna gatnaşyja erkin ykdysady zolagyň çäginde maýa goýumlar we telekeçilik işini alyp barmak üçin durnukly şertler kepillendirilýär. Türkmenistan erkin ykdysady zolaga gatnaşyjylaryň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegini kepillendirýär.

Erkin ykdysady zolakdaky maýadarlar üçin, Türkmenistanyň kanunçylygynda maýa goýum işleri we daşary ýurt maýa goýumlary hakynda göz öňünde tutulan maýa goýum hukuklary we goragy kepillendirilýär.

